TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET
«MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# KÖROGLY

AŞGABAT «MIRAS» 2006

# GIRIŞ

Biziň işimizde gürrüň berilýän gahryman XVII asyryň ikinji ýarymynda Demirgazyk Horasanda ýaşan teke türkmenlerinden bolan Köroglудyr. Ol Eýrandan Türkiýä çenli söwda ýolunyň üsti bilen Hoý we Arzyrum şäherleriniň arasynda gatnaýan kerwenleri talapdyr hem-de özüniň gazallary bilen meşhur bolupdyr.

Türki ilatlar*, ýagny göçme taýpalar dürli döwürlerde Merkezi Aziýadan göçüp gaýdyp, Ýewropadan başlap, Merw derýasyna çenli ýaýylyp ýatan giň öri meýdanlarda ýerleşipdirler hem-de Köroglynyň eserlerini we ol baradaky ýatlamalary gorap saklapdyrlar. Körogly sözüň doly manysynda olaryň söweşjeň şahyry bolupdyr.

Azerbeýjan ülkesiniň çäklerine sepleşýän ajaýyp Saýmes jülgesinde ýerleşýän, Köroglynyň guran Çamlybil galasynyň galyndylary häzirki güne çenli

---

* Ilat – türki “il” sözüniň parsça köplügi bolup, taýpa, maşgala diýen manyny berýär. Bu at Eýran ülkesindäki göçme taýpalaryny aňladyp, esasan hem dürli döwürlerde dürli hökümdarlar tarapyndan Orta Aziýadan Demirgazyk Eýrana göçürilen türkmenlere berlipdir.

saklanyp galypdyr. Häzirki döwürde toýlaryň hiç biri-de onuň goşgularyna düzülen aýdymlar aýdylmazdan geçmeýär. Öňde ady agzalan ilatlar özbaşdaklyk ugrunda gozgalaň turuzypdyrlar we gaýduwsyz söweş alyp barypdyrlar. Şol söweşleriň dowamynda iki duşmançylykly goşun söweşe girmezden öň duşuşanlarynda biri-birlerine öýkünip, garşydaşlarynyň üstünden gülýärler. Eýranlylar "Şanamadan" bölekleri aýdýarlar, türki ilatlar bolsa Köroglynyň söweş aýdymlaryny aýdýarlar. Şa köşgüniň gapdalynda durup Nekkara hananyň[1] tüýdükleridir depreklerinde saz çalynýar. Sazandalar köplenç Köroglynyň söweşjeň heňlerini çalýarlar.

Şeýle meşhur adamyň adynyň şu wagta çenli ýewropaly syýahatçylaryň hiç biriniň ünsüni özüne çekmändigi geňdir. Eger-de şahyrlaryň meşhurlygy olaryň şygyrlarynyň aýdylyşy bilen ölçelende Körogly Firdöwsiden öňe geçmeli. Sowatsyz çarwanyň agzyndan çykan, taýýarlyksyz düzülen ýüzlerçe namasy eýranly şahyrlaryň kämil, gutarnykly epopeýasyndan ileridir diýjek bolmaýarys. Emma Köroglynyň şygyrlary hemme möhüm şertleri özünde jemläpdir. Hut şonuň üçin ol şygyrlar watandaşlarynyň aňynda, ruhunda mynasyp orun alypdyr.

Firdöwsi köne milli adatlary Eýranyň köne ýyl ýazgylaryndan alypdyr. Ol ony öz ajaýyp zehini bilen janlandyryp, oňa Eýranyň yslamdan öňki esasy taryhy

[1] Nekkara-hana – sazandalar topary.

wakalaryny goşupdyr.Çünki ol patyşanyň, köşk adamlarynyň we emeldarlarynyň arapça okaýan we gepleşýän ýeri bolan Gaznalylaryň köşgüne ýaranmak üçin ony gürrüň bermeli bolupdyr. Ol şol döwrüň zerurlyklaryna we adamlaryň yrym-ynançlaryna uýupdyr. Mundan başga-da, şol wagt pygamberiň ýurdunyň dili hem-de edebiýaty nusgalyk derejede ösüpdir we aňyýet kämilliginiň çür depesine ýetipdir.

Ýöne onuň daşary ýurt täsirlerinden, arapça degişli bolan ähli zatlardan daşda durandygy “Şanamanyň” her sahypasynda mese-mälim görnüp dur. Hatda şol wagt pars diline ornaşyp barýan ýek-tük arap sözlerindenem ol gaça durýar. Bu babatda ol başgalara garanda has üstünlikli hereket edýär.

Rudaki, Ensary we Eýranyň beýleki döwürdeş şahyrlary şan-şöhratda oňa birinjiligi berdiler. Onuň Rüstemi halk gahrymany adyna eýe bolupdyr. Ýöne Rüstem şol döwürdäki halkyň, ýagny parslaryň medenetiniň, hal-ýagdaýynyň we şahsyýetiniň hakyky şekilimikä? Biz bu soraga “Ýok” diýip jogap bermeli bolýarys.

Bu ýagdaý Körogluda tersinedir. Ol gazallaryny öňünden pikirlenmän düzüpdir, hiç hili taýýarlyksyz özi aýdypdyr. Ol gazallaryň gahrymany Köroglynyň özi bolup, onuň adatdan daşary dünýä bolan döwler, sumruglar we şeýtanlar bilen işi bolmandyr. Onuň özi hem-de töweregindäki ähli zat adam bolup, gündeki ynsandan nusga alnan keşplerdir. Has takygy, onuň häzirki döwre çenli talaňçylygy, öwünjeňligi, içmäni

we beýleki keýpi-sapalary gowy görýän watandaşlarynyň pikirlerinden we ýykgyn edýän zatlaryndan gelip çykýar.

Ulaltmak bütin Aziýa şygryýetine mahsus häsiýetdir. Pähimlilik, sabyrlylyk, hatda täsinliklere bolan güýçli söýgi gündogar halklaryndan alnandyr.

Rüstemiň düýp maksady özüniň şa hojaýynyna gullugy we wepalylygydyr. Köroglynyň düýp maksady söweşijiniň öz esger sözüne hem-de bar zatdan ýokarda-başyna giden we çäksiz erkinlige bolan söýgüsidir.

Bu onuň ahlak asmanynda görýän ýeke-täk ýyldyzydyr. Diňe şonuň yşygyna eýerip, ol bar wakalary başdan geçirýär. Hut şu häsiýetler bize Serwantesiň we Ariostonyň gahrymanlaryny ýatladýar. Ol özge haýra-şere düşünmändir. Has takygy ol bu zatlara özüniň çarwa pikir ediş usulyna we duýgularyna laýyklykda düşünipdir.

Demirgazyk Eýranyň türki halklarynyň arasyndaky Görogla bolan söýginiň gizlin syry hut şol pikir ediş usulynda ýatandyr. Olaryň pikirine görä, güýçlüleriň ejizleri talamagy we zulum etmegi tebigy zatdyr. Olaryň aýtmagyna görä, şeýle bolmadyk ýagdaýda birinjiler güýçli bolup bilmezdiler, ejizler bolsa öz hojaýynynyň beýikligini we hukugyny kabul etmezdiler. Baýlygyň güýç we hezillik serişdesi bolşy ýaly, güýçlüler özüniň bar oljasyny abraýyna we keýpine ýardam bermek serişdesine öwürýärler.

Ol şonuň üçin gaty howlukmaly. Sebäbi kysmat durnukly däldir, duşmanlar bolsa hüşgärdirler. Hemme zat bagty gelen hojaýyna rugsat edilýän hem bolsa, ol kabul edilen çarwa ahlaklylygynyň düzgünlerini bozmandyr.

Körogly şeýle pelsepä has berlen wekildir. Ol beýleki adamlara garanda özüniň has mekirdigini we has erjeldigini bilipdir. Şonuň üçin hem ol hüküm sürmäge we mekirlik bilen adamlara baha bermäge özüniň haky bar diýip hasap edipdir.

Ol keýpihon, duýgularyna hyjuwly, şöwketparaz ýa-da kerwenleri talaýan bolsa-da, onuň öz abraýyna degişli duýgusy güýçli bolupdyr. Ol özünden has baý we has güýçli adamlaryň duşmanydyr. Körogly teke türkmenleriniň garyp kişilerinden bolup, öz pikirdeşlerini halkyň iň az tanalýan böleklerinden toplapdyr. Onuň yzyna eýerijiler bir giden hyzmatkärlerden, ganhorlardan, demirçilerden we çopanlardan bolupdyr. Ol ýokary gatlak bilen diňe söýgüde gatnaşypdyr we öz söýgülilerini şa gyzlaryndan we emeldar adamlaryň gyzlaryndan saýlapdyr. Onuň kenizleriniň eşiklerine çenli hem ýeterlik puly bolansoň, gelýän myhmanlary we tanyşlaryny gowy garşy alyp, iň soňky köpügine çenli sowupdyr. Keýpisapa şeýle ýürekden we arkaýynlyk bilen gark bolup, onuň erteki gün barada pikir etmäge wagty hem bolmandyr. Ol ökde sazanda, aýdymçy, iň oňat şahyr we şerap içmegi gowy görýän adam bolupdyr. Myhmanlary onuň yzyna eýerip, keýp etmekde we

iýip-içmekde biri-biri bilen ýaryşypdyrlar. Ynha bir mysal, hemme zat gülala güllükdi, ýöne bir gün irden ol serhoşluk ukusyndan ýaňy bir gözüni açypdy. Düýnki agşamyň göçgünlüginden soň, kellesi güwläp durdy. Görogla agylda ýekeje goýunyň hem galmandygyny, ýerzeminde bolsa ýekeje çüýşäniň hem ýokdugyny habar berdiler. Näme etmeli? Howsala düşen talaňçy ýaltalyk düşeginden böküp turdy. Ol isleýän zatlarynyň hemmesini hökman alaýmaly, ala-ram. Şol gün Çamlybiliň ýanyndan geçýän betbagt täjirleriň we patyşalaryň dat gününe! Ýöne ony herekete getirýän zat hemişe garakçylyk etmek islegi däldir. Köplenç ol berjaý eden işlerini urşa berilmek, myhmanlara hyzmat etmek arzuwy ýa-da sözünde durmak maksady bilen ýerine ýetiripdir. Ol ýaraglanyp ata çykanda özüni keýp çekendäkisi ýaly ruhubelent alyp barypdyr. Aýdymlardyr dutar uruşda hem edil toýdaky ýaly onuň wepaly ýoldaşlary bolupdyr. Körogly hem-de onuň nökerleri Zaporoj we Don kazaklaryny ýadyňa salýar. Şeýle hem ony Eýranyň türki taýpalarynyň osmanly Mazepasyna[1] meňzedip bolar. Has takygy, Mazepa hem şahyr bolupdyr. Onuň şygyrlaryndaky zenanyň keşbi hiç hili ösdürilmän suratlandyrylýar. Munuň sebäbi onuň hakykata has ýakynlygydyr. Aziýanyň bir ujundan beýleki ujuna çenli gezip görseň ýekeje Züleýhany ýa-da ýekeje Leýli ruhy tapyp bilmersiňiz. Emma Eýran bilen

[1] Mazepa – (1687-1708) Ukrainanyň getmany (başlygy) bolupdyr.

Türkiýäniň her bir haremhanasynda Nigara, Perizat, Dünýä Paşa ýaly zenanlara duş gelmek mümkin. Gündogaryň zenanlary Injilde we orta asyrlarda suratlandyrylýan Ýewropa zenanlaryndan tapawutlydyrlar. Olar biziň nasrany ejelerimizde we uýalarymyzda görmek isleýän duýgularymyzyň diňe ýarsyna eýedir. Merhemet, oňat häsiýet, çäksiz geçirimlilik ol ýerde kem akyllyk hasaplanýar. Eýranda şeýle häsiýetli zenanlaryň üstünden gülýärler we ýurtdaş zenanlary olara “biçäre pahyrlar” diýip ýüzlenýärler. Keýpi joş urýan, gödek we hilegär gepçi aýallar hammamda ýa-da ikiçäk duşuşyklarynda gybat ýa-da hilegärlik barada boş gürrüňler edip bolanlaryndan soň, galan wagtlaryny aşhanada suw çilim çekip ýa-da akmak hyzmatkär gyzlar bilen gürrüň edip, galmagal edip geçirýärler. Haremhananyň töwereginde ýaşaýanlaryň bary içinde ýaşaýanlaryň wagşy gürrüňlerini, gödek degişmelerini hem-de öz aralarynda iň gelşiksiz lakamlary aýdyşmalaryny eşidendirler. Geçmiş taryhda, eýlede-beýlede olar barada gowy zatlar aýdylan bolmagy hem mümkin, ýöne biz olaryň häzirki ahlaky azgynçylygy barada gürrüň edýäris. Olaryň durmuşy iň oňat şekilde dowam etdirmegi güýç gazanmak arkaly bolup geçýär. Olar hemme taraplaýyn, şol sanda höküm sürmekde hem erkeklere öýkünjek bolýarlar. Haremhana bikesiniň hem öz ýanýoldaşynyňky ýaly näçe erkek hyzmatkäri bar bolsa, bikäniňem şonça aýal hyzmatçysy bolýar. Onuň ýanýoldaşy hyzmatkärlerine näçe jeza berýän

bolsa, bike hem özüniň kejir gyz hyzmatçylarynyň ökjesini gamçylap jeza berýär. Ýanýoldaşy erkekleriň dünýäsinde nähili orna eýe bolsa ol hem aýallaryň dünýäsinde şeýle orny hökman eýelemelidir. Körogly we Isa Bally bilen Ystambylda bolan hadysa meňzeş wakalar häzirki günde hem ýygy-ýygydan bolup geçýär. Köroglynyň aýallar bilen bolan gatnaşygy tüýs gündogara mahsus bolupdyr. Ol aýallary satyn alynýan ýa-da utup alynýan zat, ulanyp bolanyndan soň hoşa-maýlyk bilen ýüz öwrüp bolýan oýunjak hökmünde görüpdir.

Köroglynyň söýen durnukly ýekeje zady özüniň söýgüli aty Gyratdyr. Onuň öz söýgüli atyny ýitirende aýdan aýdymy gündogar edebiýatynyň öwünip biljek iň gowy elegiýalarynyň biri hasaplanylýar. Gyrat, hakykatdanam, möhümligi boýunça öz hojaýynyndan soňky şahs hasaplanylýar. Aslynda, Gyrat barada eýesi tarapyndan birinji we bäşinji bölümlerde berlen häsiýetler Eýranyň iň gowy atşynaslary üçin gönüden-göni abraý hasaplanylýar. Körogly oňa “Meniň gözüm, meniň ruhum” diýip ýüzlenipdir. Şeýlelikde, Gyratsyz ol hiç zat we atynyň ölüminden bir sagat soň Köroglynyň özi hem ölýär.

Köroglynyň tarapdarlarynyň we watandaşlarynyň pikirine görä, onuň uruş aýdymlary atlaryň terbiýesi bilen baglanşykly kesgitlemelerden soň uly ähmiýete eýedir. Hakykatda köçe şahyrynyň şygrynyň janly ritmi, güýçli we erkeklere mahsus dili hiç bir terjimede berip bolmajak sazlaşygy emele getirýär. Körogly ilki

bilen gazallaryny aýtman urşup bilmändir. Onuň aýdymlary hyžžyldawuk ýylanyň sesi ýaly, awuly ýylanyň sykylygy ýaly çakmazyndan öň hökman seslenäýmelidir.

Ol öz durmuşynyň her bir möhüm wakasy bilen baglanyşykly häzirki döwürde zakawkaz musulmanlary, şeýle hem Azerbeýjan hem-de demirgazyk Eýrandaky türki halklaryň çarwalary tarapyndan ulanylýan pars-türki dillerde düzen şygyrlaryny miras galdyrypdyr. Köroglynyň suratlandyrmalaryny gürrüňler bilen doldurmak, olaryň nirede, haçan we nähili ýagdaýda düzülendigini aýdyp bermek aşyklaryň* borjudyr. Şeýle şygyrlar we düzümler gaty köp bolanlygy sebäpli olar mejlislere (bölümlere) bölünýärler. Olar aýratyn, özara baglanşykly aýdymlar bolup, gürrüňçi diňleýjileriň ünsüni özüne näçe çekmek zerur diýip hasap etse, şonça wagtlap aýdyp biler.

Şeýle gürrüňçiler Eýranyň her bir obadyr şäherinde gabat gelýär. Ol aýdymlaryň ýazgy görnüşine geçirilmändigininiň bir sebäbi bolup biler. Men birnäçe mürzelerden Köroglynyň hekaýatlaryny sözme-söz, hiç hili zat özünden goşman ýazmaklaryny talap edemde,

---

* Awşek ýa-da aşyk sözi gönüden-göni “Aşyk bolan, söýgüli, söýen” manysyny berýär. Demirgazyk Eýranda bu söz ussat aýdymçylara aýdylýar. Olar ýekelikde ýa-da gözbagçylar, ýüpde oýnaýan tansçylar, käwagt maýmynlar bilen bilelikde şäherleri, obalary we çarwalaryň ýerleşen ýerlerine aýlanyp, öz aýdymlary, sazlary we ş.m. bilen adamlaryň göwnüni açyp, toýlara we ýaryşlara gatnaşypdyrlar.

olar gaty haýran galdylar. Köp wagta çeken we ýadadýan derňewleriň netijesinde, dürli aşyklaryň we Köroglyhonlaryň[1] gürrüňleriniň biri-birinden az-kem tapawutlydygyna garamazdan, hemmeler olaryň mazmuny bilen ylalaşdylar hem Köroglynyň goşgularynyň esasan hemme ýerde birmeňzeşdigini kabul etdiler. Şu ýagdaý, şeýle hem biziň gahrymanymyzyň oňat watandaşy, meniň ýüz tutan adamym, meniň häzirki gürrüň berýän zatlarymy diňe bir kanagatlanarly derejede dogry diýip däl-de, eýsem gutarnykly diýip kabul etmegime sebäp boldy. Gürrüňdeşleriň diňe biri däl-de, eýsem birnäçesi ony ýatdan bilýärdiler. Bu bolsa meni olaryň hemmesini tutuşlygyna gutartmaga mejbur etdi. Gürrüň beriji Mahmyt han Dumbulliniň bu mowzukda gazanan iň uly abraýy, gürrüňleri doly okap bolanyndan soň, “Bularyň hemmesi dogry, ýöne käbir türki sözleriň ýazylyşy düzedilmeli” diýen sözler bilen möhürini goýmagydyr.

[1] Köroglyhonlar – Köroglynyň gazallaryny aýdýançylar.

# BIRINJI BÖLÜM

Körogly türkmeniň teke taýpasyndan bolupdyr. Onuň hakyky ady Röwşen, atasy Mürze Şeripdir. Mürze Şerip Türküstanyň welaýatlarynyň biriniň häkiminiň gullugynda durup, hojaýynyň teblehanasynda seýis bolupdyr.

Günleriň birinde atlar Jeýhunyň (Oguz) boýundaky öri meýdanda otlap ýörkäler, bir aýgyr suwdan kenara böküp çykdy-da, sürä goşuldy. Ol iki baýtal bilen höwrügişip, jübütleşensoň, ýene-de derýa bökdi-de, gözden gaýyp boldy. Mürze Şerip bu baradaky habary eşidensoň, bu iki baýtala ýörite bellik goýduryp, ýylkyçylara olara aýratyn üns bermeklerini tabşyrdy. Öýüne gelip, ol täsin aýgyryň peýda bolşy barada kagyza hat ýazyp, bu hadysanyň anyk senesini belledi.

Baýtalyň hemişe dik duran ýerinde gulunlaýandygy belli. Haçan belli wagty gelip ýetensoň, ol iki baýtal gulunlan wagty, Mürze Şerip olaryň gulunyny ýere degip, şikes ýetmez ýaly çäkmeniniň etegine dolap aldy. Onuň özi iki ýyllap taýlary terbiýeläp seýislik etdi hem olaryň ösüşini synlady. Gynansa-da, olaryň tapsyz haly geljege gowy umyt baglamaga

mümkinçilik bermeýärdi. Olar betgelşik görünýärdiler, tüýlek derisi ýüňden däl-de gyldan ybarat ýalydy.

Mürze Şeripiň wezipeleriniň biri hem garamagyndaky teblehanalary gezekli gezegine aýlanyp, şazadanyň teblehanasy üçin iň gowy taýlary saýlamakdy. Ýaňky iki taýçanagam şu maksat bilen saýlanan taýlaryň arasyna goşdy. Şazada Mürze Şeripiň getiren taýlaryny synlanda, şol betgelşik görünýän iki taýdan başgasyna göwni ýetdi. Ol iki taýy näçe synladygyça, olar oňa has ýakymsyz bolup görünýärdiler. Şazada teblehananyň hojaýynyna ýüzlenip, gaharly ses bilen oňa:

— Deýýus, bu nähili bolýar! Sen meni nadan we düşünjesiz hasap edýärmiň? Ýa-da bolmasa erbet at bilen gowy atyň parhyny bilmez ýaly derejä ýetip garradyňmy? Şol iki betgelşik hor ýabylary bu ýere getirmek bilen näme diýjek bolduň? – diýip gygyrdy.

Şondan soň şazada Mürzäniň iki gözüni oýmaklygy buýurdy. Buýruk şol bada ýerine ýetirildi. Betbagt Mürze Şerifiň gözüne ot ýaly alawlaýan gyzgyn demri dürtdiler. Şeýdip, ol ömürlik ýagty jahany görmekden mahrum boldy. Ony kör we hasratly ýagdaýda öýüne getirdiler. Onuň on dokuz ýaşyndaky ýekeje ogly Röwşen oba medreseleriniň birinde okaýardy. Ol atasyna jeza berlenini eşiden badyna iki gözi ganly ýaş bolup ylgap geldi. Mürze Şerif döwrüň güýçli müneçjimidi. Ol:

— Oglum, gaýgy etme! Men seniň ýyldyzyňy synladym, barladym. Meniň ýalňyşmaýan ylmym seniň

meşhur gahryman boljakdygyňy aýtdy. Sen meniň çeken ejrim üçin şol ejir çekdiren zalymlardan öç alarsyň. Şu wagtyň özünde şazadanyň ýanyna bar-da oňa: “Tagsyr, siz taý üçin meniň kakamyň gözüni oýdyrypsyňyz. Indi, rehimlilik edip, oňa şol haýwany sowgat berseňiz-le. Ýogsam, meniň garry we kör atamyň siziň bilen salamlaşmak üçin köşgüňize gelmäge aty bolmaz” diýip aýt – diýdi.

Röwşen şazadanyň ýanyna baryp, şeýle diýip hem aýtdy:

Patyşa bir az wagtdan soň gahary sowaşyp, Röwşene teblehana girmäge rugsat berip, şondaky betgelşik taýlardan göwnüne ýaran birini almagyna ygtyýar berdi. Röwşeniň saýlap alan taýy çal reňkdedi, sebäbi atasy oňa şu çal taýyň enesiniň beýlekä garanda gowydygyny aýdypdy. Röwşen şazadanyň beren sowgady bilen gaýdyp gelenden atasy oňa küme gazmagy buýurdy, hem-de:

— Bu küme teblehana bolar. Onda kyrk sany atyň ýatagy bolsun, her iki ýatagyň arasynda suw howdanyny edip goý. Şol akar suwlary birikdirip, olary ulanmagy men saňa soň öwrederin, gerekli wagtynda taýyň öňünde arpa we saman peýda bolar. Şol tertipde taýyň öňünde gerek wagtynda, gerek ýerinde suw hem peýda bolar. Sen gapyny, aýnalary, teblehananyň bar deşiklerini bejermeli. Sebäbi taý hökman şol ýerde ýeke özi kyrk günläp bolmaly. Ony adamyň gözi-de, günüň şöhlesi-de bimaza etmeli däldir – diýip, atasy öwretdi.

Kakasynyň beren görkezmeleri birkemsiz dürs ýerine ýetirildi. Taýy derrew getirip, dölä salyp gulpladylar. Ol şol jaýynda görünmän otuz sekiz gün boldy. Otuz dokuzynjy gün Röwşen sabyryny aldyrdy. Ol teblehananyň ýanyna golaý baryp, gözüň ulu-lygynda deşik ýasady-da, içine seredip başlady. Taýyň tutuş endamy ýalpyldawuk bolup şem ýaly ýaldyrap göründi. Oňa görnen ýagtylyk şol bada öçüp, Röwşeniň gözi düşenden ýitdi. Röwşen gorkdy-da derrew kiçijik deşigi ýapyp, kakasynyň ýanyna gaýdyp bardy. Ol bolan waka barada kakasyna hiç zat aýtmady. Bir gün geçensoň, edil taýyň teblehanada gizlinlikde duranyna kyrk gün bolmaly pursatda Mürze Şerip ogluna:

— Bellenilen wagt ýetdi. Ýör, taýy alyp gelip, ony türgenleşdirip başlaly diýdi. Olaryň ikisem teblehana tarap ugradylar. Mürze Şerip taýyň derisini sypalap başlady. Ol elini taýyň kellesinden, boýnundan, öň we yzky aýaklaryndan bir zat gözleýän ýaly sypap geçirdi-de, birden gygyryp:

— Sen näme etdiň, eý betbagt oglan? Men seni çaga wagtyň öli gören bolsam, gowy bolardy! Düýnüň özünde sen taýa ýagtylyk düşüren bolmaly – diýdi. Oglan:

— Sen dogry bildiň, kaka sen ony neneňsi bildiň – diýip sorady.

— Nähili bildiň? Bu atyň ýelegi we ganatlary bolmaly. Meniň duýuşyma görä seniň seresapsyzlygyň sebäpli olar gyrylan bolmaly – diýdi. Bu sözlerden soň,

Röwşeniň ýüregi awap gaty gynandy. Mürze Şerip soň sözüni dowam edip:

— Gaýgy etme. Şu wagtky atlardan hiç haýsysy bu atyň toýnagynyň astyndan çykan tozuna hem golaýlaşyp bilmez! – diýdi.

Muny diýensoň, kör goja ogluna taýy keçe eýer bilen eýerlemegi buýurdy we türgenleşdirmäni öwretdi:

— Sen ony kyrk gijeläp gaýalarda, daşly düzlüklerde ýortdurmaly. Soň indiki kyrk gije batgalyk we suwly ýerlerde ýortdurmaly.

Bu buýruk hem ýerine ýetirilensoň, Mürze Şerip aty öňürdikledip çapdyrtdy. Bu çapuwda hem öňe hem yza ýöremede hem at özüni buýsançly alyp bardy. Şeýdip, tohum at bilen türgenleşigini tamamlap, ogluna şeýle diýdi:

— Ata mün, yzyňa meni-de mündürip, Oguz derýasyndan geçeli. Şeýlelikde, tejribeli garry ogluna at çapmagyň, söweş etmegiň tärlerini öwredýärdi.

Günleriň bir güni Mürze Şerip Röwşene:

— Örän gowy, men senden razy. Ýöne ýene bir iş edilmeli. Biziň patyşamyzyň Oguzyň boýlarynda käwagt aw awlamasy bar. Şol ýerde sen oňa garaş. Ony göreňden, sen ähli ýaraglaryňy dakynyp, ata münüp, ol zalymy haýbatly garşylamaly hem-de: “Adalatsyz hem zalym patyşa, meniň kakamyň gözüniň oýulmasynyň sebäpkäri bolan aty gör. Ol nähili at bolup ýetişendigine gowy seret-de göripçilikden öl” – diýen sözler bilen ýüzlenmeli – diýdi.

Röwşen ak ýürek bilen kakasynyň buýrugyna boýun boldy. Ol patyşanyň Oguzyň boýunda awuny yzarlap gelşini görenden, ýarag esbaplaryny dakyndy-da, atyny öňürdikledip göni öňünden çykdy. Patyşa atyň üýtgeşik owadanlygyna hem atlynyň asylly oturşyna haýran galyp, özüniň wezirinden:

— Bu ýaş ýigit kim? – diýip sorady. Röwşen patyşanyň ýanyna çagyrlansoň, kakasynyň öwreden sözlerini säginmän berk hem haýbatly ses bilen aýtmagy başardy. Soň ýene-de üstüni ýetirip:

— Akmak patyşa! Sen özüňe atlardan gowy baş çykarýan diýip, ynanýarsyň. Eý, aňsyz akmak! Maňa gulak as hem nähili alamatlary boýunça atyň aslyny bilip bolýandygyny öwren – diýdi. Ol bu sözleri diýip, bir gazal aýtdy:

***Men gelip men saňa diýmäge patyşa, diňle we öwren asylly aty nähili bilip bolýar.***

***Ýyndam we çus bolsun, burnuna, çalt dem alşyna seret. Aýaklary ylgap gitjek keýgiň aýaklary ýaly näzik bolsun.***

***Butlary aýragyňka meňzeş bolsun.***

***Agzy ýaş düýäňki ýaly uýanyň sähelçe gymyldysyna öwrülip duran bolsun.***

***Iým iýen wagty dişleri dänäni edil degirmen daş ýaly owradyp, aç gurt ýaly ýuwdup duran bolmaly.***

***Onuň sagrysy edil towşanyň arkasyna meňzäp duran bolmaly.***

***Ýaly ýumşak ýüpege meňzemeli, boýny beýik, tawusyň boýnuna meňzeş bolmaly.***

***Ony münmeli wagty dört bilen bäş ýaşyň aralygy bolmaly.***

***Onuň kellesi eýjejik, kiçijik, uly şamar ýylanyň kellesine meňzeş bolmaly.***

***Onuň gözleri iki alma ýaly balkyldap durmaly, dişleri göwher ýaly bolmaly.***

***Onuň agzynyň görnüşi erkek düýäniňkä meňzemeli.***

***Aýaklary gelşikli, sähelçe tegelenen bolmaly.***

***Tebleden çykarylanda ol oýnaklamaly.***

***Onuň gözleri bürgüdiň gözi ýaly bolmaly hem ol aç gurt ýaly sabyrsyz gezmelemeli.***

***Garny we gapyrgalary laýyk bolup dolup durmaly.***

***Gowy maşgaladan bolan ýaş ýigit ata-enesiniň sözlerine gulak asmaly.***

***Ol atyna uly üns berýär, onuň şejeresini we arassa ganyny ýatdan bilýär, ýygy-ýygydan onuň dyzynyň güýjüni synaýar.***

***Bir söz bilen aýdaňda ol Mürze Şeripiň ýaşlykdakysyna meňzemeli.***

Gazaly eşidenden, ol nökerlerine gygyrdy:

— Bu Mürze Şeripiň ogly. Ýetiň, tutuň, tussag ediň.

Röwşeniň töwerek daşyny gabap aldylar. Röwşen ýene Soltan Myrada ýüzlenip:

— Diňle patyşa. Men ýaňyja birnäçe bent goşgy goşdum. Şolary aýtmaga rugsat berermiň? – diýdi. Patyşa razylyk berdi we nökerlerine saklanmagy, Röwşene gazalyny aýdyp gutarýança degmezligi buýurdy.

Röwşen gazalyny aýtmaga başlady. Gazal:

***Patyşa maňa temmi berdirmek üçin buýruk beripdir.***

***Emma, Allanyň haky üçin, men özümi nähili goramagy bilýärin, men gaçaryn.***

***Edil doýmaz-dolmaz aç bürgüde iýmit hödürlän ýaly maňa baýlyk we hormat hödürlemegiňem biderek.***

***Men olary almaryn.***

Şu taýda patyşa onuň sözün bölüp:

— Öwünmäňi goý-da, gelip maňa wepaly hyzmat et ýa-da bolmasa men seni ölüme buýraryn – diýdi.

Şundan soň Röwşen şeýle gazal aýtdy:

***Maňa öz öýümde Soltan diýýärler. Hawa, men Soltan, her bir sen ýaly gorkaga boýun egmerin.***

***Saňa küýze bilen suw kän wagtlap çekildi. Indi ahyr şol küýze döwüldi.***

Patyşa soň şeýle diýdi:

— Seniň atań meniň hyzmatymda elli ýyllap boldy. Bir gaharym gelende men onuň gözüni oýdurdym. Emma, hojaýyna "Guluňa jeza berme" diýip, kim aýdyp biler? Düş yzyma. Seň maňa ýagşylyk edip bilseň, soň sylagyňy menden al.

Röwşen şeýle jogap berdi:

— Sen meniň atamyň gözüni oýdurdyň, şonuň bahasy bilen sen meni baýatjak bolýaňmy?. Eger Alla maňa ýeterlik ömür berse, men seniň özüňe hak tölederin. Emma bu gazala gulak as:

***Seniň özüň töhmetçilere gulak asyp,***

***Öz guranyňy ýumurdyň.***

***Men jan alaryn.***

***Seniň tagtyňy düňdererin.***

Bu sözlere patyşa güldi-de ýaňsylap:

— Meniň şäherimi ýumurar ýaly hem meniň tagtymy agdarar ýaly seniň şu wagt nähili güýjüň bar? – diýip sorady.

Röwşen soň şu gazaly aýdar boldy:

***"Öwünmäni bes etmeli.***

***Nämedir meniň gözümde seniň otuz, altmyş ýa-da ýüz esgeriň?***

***Meniň atymyň nalynyň aşagynda nämedir seniň gaýalaryň, uçutlaryň, çölleriň? Mende sen daglaryň we jülgeleriň gaplaňyny görýärsiň.***[1]

Patyşa:

— Gel golaýrak ýanyma. Seni goşunlarymyň serdary etjegime ilkinji dört halypaň adyndan ant bolsun – diýdi. Bu sözleri aýdyp durka, ol ýaş ýigidiň batyrlygyna haýran galýardy. Röwşen şeýle jogap berdi:

— Şu günden başlap meniň aýdanlarym we meniň beýik işlerim seniň buýrugyň boýunça gözi oýdurylan kör adamyň ogly Köroglynyň ady bilen belli bolar – diýdi.

***Gazal:***

***Köroglynyň sözlerine gulak as.***

---

[1] Türki halklar Köroglynyň bu gazalyny adatça duşmana topuljak bolanlarynda aýdýarlar.

***Durmuş meniň üçin ýük.***

***Şu günden başlap men öz kellämi şemala goýulan güýz ýapragy ýaly kysmata bagyşlaýaryn.***

***Allanyň kömegi bilen men Alynyň hormatlanýan ýurdy bolan Eýrana sežde etmäge gitjek.***

Bu sözleri aýdyp gutarandan soň, Röwşen patyşanyň nökerleriniň arasyna özüni oklady we şeýle bir gyrgynçylyk döretdi welin, Röwşeni dünýäniň goşuny gelende-de ýeňip bilmejekdigine patyşanyň özem göz ýetirdi. Şonuň üçin ol wezirine häzirlikçe bu bir biderek synanşyk bolar diýip ýaş ýigidi yzarlamagy bes etmegi buýurdy.

Röwşen Oguzyň aňyrsyna ýüzüp geçip, kakasynyň ýanyna howlukdy. Kakasy:

— Sen meniň öjümi aldyň, oglum. Munuň üçin seni Alla ýalkasyn. Şu wagt bu ýurdy terk edeli. Hyradyň golaýynda bir ýaýla[1] bar, meni şol ýere elt – diýdi.

Olar şol ýaýla ýetenlerinde Mürze Şerip goltugyndan müneçjimlik kitabyny çykardy-da şeýle diýdi:

— Oglum, şu kitabyň biri gündogardan, birem günbatardan birden peýda bolýan iki sany ýyldyz barada aýdylýan ýerine seret!

Röwşen:

— Men ony tapdym, kaka – diýdi. Kakasy:

— Hawa, biziň bolýan ýaýlamyzda suw çeşmesi bar. Anna agşamy bolanda, sen şu kitapdaky parçada

---

[1] Asyl nusgada jazira – ada.

berlen dogalary yzyny üzmän okap, seredip durmaly. Şol iki ýyldyz duşuşýança seniň gözleriň olara dikilgi bolmaly. Olar duşuşandan, suwuň ýüzi ak köpük bilen örtülmeli. Edil şol wagt usullyk bilen köpügi şu gaba ýygnap al-da, derrew maňa getirip ber – diýdi.

Bellenen gije gelip ýetensoň, Röwşen Mürze Şerifpiň aýdanlaryny kemsiz ýerine ýetirip, eli syrly köpükden doly gaby alyp gaýtdy. Köpügiň reňki şeýle bir akdy, şeýle bir näzikdi, şeýle bir täzedi welin, ýaş ýigit özüne erk edebilmän şol köpükden içdi.

Röwşen:

— Men siziň wesúetleriňiziň baryny ýerine ýetirdim – diýdi. Emma köpük suwuň üstünde görünmedi.

Kakasy:

— Men ony anyk bilýän. Dogryňy aýt, näme etdiň ol köpügi? – diýdi:

Röwşen çynyny aýdyp, günäsini boýun aldy. Garry iki eli bilen dyzyna urup, gygyrdy:

— Sen näme etdiň, betbagt diýse! Nälet degen, öýüň üstüňe ýumrulsyn! Sen meni ýene görmekden mahrum etdiň. Ol köpük maňa ýeke-täk dermandy. Şol meni körlükden bejerjek ýeke-täk tenekärdi. Bir bölegini özüm ulanyp, galanyny saňa içmäge berjekdim. Emma kysmatyň girdabyndan gutulma ýok. Sen ýeňilmezek esger bolarsyň, men bolsam körlügime galmaly.

Boljak zat boldy. Görgüli garry özüniň soňky islegini aýtdy:

— Meniň günüm sanalgy. Mundan beýläk seniň adyň körüň ogly, Körogly bolar. Bu ada seniň goşgularyň bilen hereketleriň hemişe bagly bolar. Indi meni Gyrata[1] mündürip Maşada elt. Gyrat seniň atyň ady bolar.

Körogly kör atasyny artlaşdyryp mündürip, mukaddes Maşat şäherine ugrady. At ýyndam bolansoň, olar gysga wagtyň içinde ol ýere baryp ýetdiler. Bu şäherde olar Alynyň mezhebine uýdular. Şeýdip olar sünnülerden şaýylara öwrüldiler. Mürze Şerip-de şol ýerde wepat boldy. Onuň iň soňky sözleri şeýledi: “Men ölemden soň Azerbaýjana git. Parsyň şasy onuň hökümdary. Ol seni köşgüne çagyrar. Sen ol ýere barma, oglum. Emma ikinji tarapdan, sen şanyň garşysyna gozgalaň turuzma”. Ol muny aýtdy-da, jan berdi.

[1] Gyrat – hoz reňkli at.

## IKINJI BÖLÜM

Körogly atasynyň isleglerniň hemmesini ýerine ýetirdi. Atasyny Maşadyň mukaddes topragynda jaýlandan soň, Azerbeýjana tarap ugrady. Ol ýekeje özi Goçantdan geçdi. Ýollar ady belli Däli Hasan başlyklaýyn garakçylardan doly diýip oňa biderek duýdurypdylar. Ýaş Körogly hiç hili howp etmän ýoluny dowam etdi. Birnäçe gün ýol ýöränsoň, atyna iým bermek üçin bir düşelgede durdy. Edil şol wagt garakçy Däli Hasan topary bilen şu ýere gelipdi. Körogly bir topar atlynyň özüne tarap gelýänini görüp, sowudyny geýip, ýaraglanyp, Gyrata münüp olaryň üstlerine topuldy. Däli Hasan bu hereketi görüp, uly ses bilen gülüp şeýle diýdi.

— Meniň şanym bütin dünýä ýaýrapdyr, indi bu betpäl deýýus meniň ýolumy kesmäge nähili milt edýärkä? Sen meniň adymy eşitmediňmi näme, meniň ýygy-ýygydan gelýän ýerlerime neneňsi batyrlyk edip, gelip bildiň?

Körogly:

— Betbagt, sen şu çaka çenli diňe ýönekeý guzular bilen urşup geldiň. Sen entek goç bilen uruşmagyň

nähilidigini bilmeýärsiň – diýip jogap berdi. Däli Hasan adamlaryna Köroglyny tutmagy buýurdy. Köroglу sözüni dowam edip:

— Gulak as maňa, eý towşan kelle. Meniň atam özüniň soňky pursatynda maňa türki usulda uruşmagy buýrupdy – diýdi.

— Ol nähili? – diýip, Däli Hasan sorady. Körogly onda şu gazaly aýdyp berdi:

***Seniň ak aýakly atyň maňa tölegiň bolar.***
***Ah, biz näme üçin şu gün söweşmeýäris?***

Däli Hasan ondan soň diýdi:

— Sen görmeýärsiňmi, işiň puçdygyny? Sen meniň kyrk ýigidimi görmeýärmiň? Olaryň hersi söweş güni köp duşmana garşy durup bilýän ýigitler. Sen ýeke bolup meniň bilen nähili uruşjak bolýaň?

Bu sözleri diýip, ol Köroglynyň atyny synlap, oňa höwes etdi:

—Maňa atyňy berseň, onda men seniň ganyňy dökmekden saklanaryn – diýdi. Onuň alan jogaby şeýle boldy:

— Diňle, sen kemakyl, meniň saňa aýtjak aýdymyma gulak as:

***— Seniň goşunyň gelsin, hatar-hatar bolup dursun.***
***Şonda-da sen onuň sanyna buýsanma.***
***Men ýekeje özüm seniň dört ýüz, hawa bäş ýüz esgeriňi öňe çykmaga çagyrýaryn.***
***Ah, şu gün näme üçin biz söweşmeýäris?***

Körogly aýdymyny aýdyp durka Däli Hasan gaharly ýylgyrdy.

Körogly:

Meniň sözlerim seniň göwnüňe degendir. Sen olaryň üstünden gülýärsiň, bigaýrat deýýus. Ýene-de maňa gulak as:

***Meniň ýaýymy egip biljek adamy görkez.***

***Edil goç ýaly kellesi bilen meniň galkanymy süsübiljek adamy görkez.***

***Men dişim bilen polat çeýnäp, ony göge tüýkürýärin!***

***Ah, näme üçin biz şu gün söweşmeýäris?***

Däli Hasan soň şeýle diýip gygyrdy:

— Bu ýalançy bihaýalyk edýärmi? Meniň adamlarymyň ikisini, üçüsini hasaba almazdan, bularyň bary bilen uruşjak bolýar ol. Ýaňra aldawçy!

Körogly şeýle jogap berdi.

***— Sen gorkak! Seniň damaryňda asylly gan akmaýar!***

***Muny aýdyp, ol üzeňňä galdy-da, şeýle gazal aýtdy:***

***Ýabydan dogan taý gowy at bolmaz.***

***Gorkaga gahrymançylygy ündeme, barybir ol ondan many almaz.***

***Köroglynyň şu sözlerini ýüregiňe ýazyp goý.***

Şeýle köp, bolsaňyzam, meniň ýaly edermen adamyň öňünde hiç zat edibilmersiňiz.

Däli Hasanyň yşarat etmegi bilen onuň tutuş topary Köroglynyň üstüne döküldi. Ol gylyjyny syryp

uruşmagy ýüregine düwdi. Soň uruş başlandy. Köroglynyň yzygiderli urgulary netijesinde eýýäm ýigrimi garakçynyň jany jähenneme iberildi. Galan on dokuzy çölüň içi bilen gaçyp gitdiler. Däli Hasanyň ýekeje özi galdy. Ol özüniň adamlarynyň ýeňlenini göreninde, gahardan doly Köroglynyň üstüne topuldy. Ol urgyny galkany bilen gaýtardy. Şol wagtyň özünde ol garşydaşynyň iki egniniň arasyndan urdy. Urgy ony atdan agdardy, ol ýere ýykyldy. Körogly soň bürgüdiň gykylygyny edip, atdan düşdi-de, Däli Hasanyň kükreginiň üstüne münüp otyrdy. Ol pyçagyny çykaryp, onuň kellesini kesjek bolanda, Däli Hasan aglap başlady.

— Betbagt nalajedeýin! – diýip, ýeňiji gygyrdy. Batyr adyny dakynyp ýedi ýyllap ýolagçylara azar baryny berip ýören däli aýalmy bu? Gorkak, bir çemçe ganyň üçin ýaş döküýäň!

Däli Hasan ýalbaryp başlady:

— Ýeňilmezek batyr! Ýedi ýyllap meniň çozuşlarym ýurdy eňňere edeni dogry. Meniň arkamy ýere degren adama wepaly gulluk ederin diýip, Allanyň we özümiň öňümde ant içdim. Indiden beýläk men gyzyla satyn alnan gul ýaly saňa boýun egerin.

Bu sözlerden soň Köroglynyň oňa nebsi agyrdy. Ol elini aýryp, ýokary turdy-da, ýazylyp ýatan duşmanyň üstüne abanyp durdy. Däli Hasan:

— Meniň täze begimiň ady kim? – diýip sorady. Ol:

— Körogly – diýip, jogap berdi. Onda Däli Hasan:

— Diňle, Körogly beg. Men ýedi ýylyň içinde garakçylyk edip, diňe patyşanyň hazynasynda tapyljak baýlyklary topladym. Şu günden beýläk olaryň bary seniňki bolar – diýdi. Körogly:

— Ýeriňden tur-da olaryň hemmesini maňa görkez. Nirede ol hazyna? – diýdi.

Däli Hasan ýol görkezip ony gaýanyň eňňidinde gazylan gowaga alyp boldy. Körogly ol ýere baryp, Gyratdan düşdi. Däli Hasan pespällilik bilen atyň uýanyndan tutup gowagyň içine alyp geldi. Aty Köroglynyň görkezen ýerinde daňdy.

Ol indi özüniň täze begine ýolbelet bolup, oňa bar emlägini görkezdi. Körogla ol ýer şeýle gowy ýarady, welin, ol gowakda birnäçe aýlap boldy. Ol Däli Hasan bilen bilelikde eslije kerwenleri talap, ammarlaryň baýlyklaryny ýene-de köpeltdiler. Köroglynyň ol adamyň wepalylygyny synamaga ýene-de mümkinçiligi boldy. Däli Hasan diňe oňa hyzmat etmekde uly yhlas etmek bilen çäklenmän, täze beginiň golastyna ýene-de ýetmiş ýedi adamy-da getirip goşdy. Soňra, Köroglynyň buýrugy boýunça bir topar düýäni we gatyry oljadan ýükläp, Azerbaýjana tarap ýola rowana boldular. Olar çalt ýöräp. Azerbaýjanyň araçägine – Gaplaňdaga baryp ýetdiler.

Şol ýerde Körogly ýanyndakylary goýup, diňe Däli Hasan bilen gaçybatalga bolar ýaly, gözlegine çykdy. Onuň göwnüne ýaran ýer Gökje çaý boldy. Ol owadan öri meýdanly ýer bolup, Garadaş etrabynda ýerleşýärdi. Ol şol ýerde uzak wagtlap boldy. Onuň habary çalt

töwerege ýaýrady. Her bir batyr adam, her bir bagtyny synajak bolýan adam täze geleniň baýdagynyň aşagyna goşulmaga howlugýardy. Körogly olara atasy ýaly garaýardy. Olara sahylyk bilen töleýän haky galkanyň içini doldurmaga-da ýeterlik bolýardy. Gysga wagtyň içinde ol ýedi ýüz ýetmiş ýedi adamyň baştutany boldy. Azerbaýjanyň hökümdary beýle güýçli duşmanyň golaýynda duranyndan howatyrlanýardy. Ol Körogla:

— Kim sen, näme üçin bu ýerlere geldiň? Eger seniň islegiň Eýran hökümdarynyň huzuryna barmak bolsa, ol ýere bar. Sen bu ýerde galmaly dälsiň. Eger seniň maňa aýtjak zadyň bolsa, men ony diňläýin – diýip hat ýollady.

Körogly häkimden gorkmady. Emma atasynyň Pars patyşasynyň garşysyna gozgalaň turuzmaly däldigi baradaky sözleri onuň ýadyndady. Şonuň üçin Körogly häkimiň ilçisini mylakatly kabul etdi. Ol onuň "Birnäçe günden soň, Türk ýerlerine geçip gitjek" diýip söz berip ugratdy. Bu waka bagyşlap, ol ýedi ýüz ýetmiş ýedi kellekeserini ýygnap, şeýle nama aýtdy:

***Gitmek pursady gelip ýetdi.***

***Eger kim meniň bilen Kürdüstana gitse, taýýar bolsun!***

***Edermenlik käsesinden içmek isleýänler yzyma düşüň!***

***Maňa gorkaklar gerek däl, olaryň aslyna nälet bolsun!***

***Ölümiň kepenini bölek-bölek ýyrtaryn diýenler, düşüň yzyma!***

Bu sözlere ýedi ýüz ýetmiş ýedi garakçy kemsinip gygyrdy:

— Eý Körogly, biz ölümden gorkmaýarys. Sen nirä gitseň biziň hemmämiz seniň yzyňa düşeris.

Körogly olara ýene şeýle gazal aýtdy:

***— Eý batyr agalar! Geliň, söweş meýdanynda eziz janymyzy gurban edeli.***

***Gylyjynyň tygyndan gany edil şerap ýaly içen, düşsün yzyma!***

***Köroglynyň sözüni ýatda saklaň. Wagt geldi, yslamyň goşuny kuwwatly.***

***Uruş biziň üçin toýdur. Kimiň ýüreginde gaýgy bolmasa, düşüň yzyma!***

Muny aýdyp, Körogly ýedi ýüz ýetmiş ýedi esgere baş bolup Gökje çaý ýaýlasyndan çykyp gitdi. Bir menzilden beýleki menzile geçip, Hoý şäheriniň golaýyndaky Gazly köl jülgesine baryp ýetdi.

Öňdäki garawullar golaý aralykda bir baý täjiriň köp sanly hyzmatkärleri bilen öýlänlik ukusyna gidendigini baştutana habar berdiler. Garawullaryň aýdyşyna görä, harytlardan doly sandyklar ýük haýwanlarynyň arkasyndan düşürilip bir ýere üýşürilip, uly dag ýaly bolup durdy. Körogly dessine buýruk berdi:

— Meniň batyr esgerlerim, dostlarym! Men patyşa däl, şonuň üçin mende hazyna ýok. Sizi gullugyma

çagyramsoň, men sizi iýmek, içmek ýaly zatlar bilen üpjün etmeli.

Az salymyň içinde täjiriň kerweniniň bar baýlyklary garakçylaryň eline düşdi.

Gysga wagtyň içinde gelip çykyşy gajar bolan Ýerewanyň häkimi Hüseýin Aly hana şeýle habar berdiler: “Hudaý bilsin, nireden gelen garakçy Pars bilen Türkiýäniň araçäginde ýerleşip, baý täjiriň kerwenini talady. Bu onuň päliniň ýamandygynyň alamatydyr”.

Bu han eglenmän bir müň bäş ýüz atla baş bolup Gazly köle geldi. Köroglynyň garawullary olary daşdan görüp, olary sanap, baştutana habar bermäge howlukdylar.

— Meniň dälilerim, janlarym! – diýip, Körogly gygyrdy.

— Hiç zatdan gorkmaň. Allanyň kömegi bilen Alynyň ruhunyň ýardam bermeginde, men olaryň hemmesini bir sagatda derbi-dagyn ederin – diýdi. Onuň topary bir kemsiz ýaraglandy. Körogly naýzasyna söýenip, batyr nökerlerine baş bolup, Hüseýin Aly hanyň golaýlaşmagyna parahatlyk bilen garaşyp durdy. Hüseýin Aly han golaýda aýak çekip, ilkinji bolup Körogla şeýle habar iberdi:

— Sen nireden geldiň, eý nadan? Sen iki hökümdarlygyň araçäginde ýerleşip, hormatly raýatlary saklamaga nähili het etdiň?

Körogly:

— Men seniň hazynaňa degmedim, serdar. Seniň obalaryňy-da talamadym – diýdi. Eý, oglanlar, tutuň ony – diýip, Hüseýin Aly han gygyrdy.

Körogly:

— Serdar, gulak as maňa, söweşi gyzyşdyrar ýaly men birnäçe nama aýdaýyn. Ilki diňle, ondan soň biz söweşeris.

— Aýt aýdymyňy, eger şeýle keýpiň bar bolsa – diýip, Hüseýin Aly han jogap berdi. Körogly ýaýyny aýlap zyňyp goýberip, şeýle gazal aýtdy:

***Indi diňle çynlaryň çynyny, serdar.***

***Men jan algyç perişde,***

***Seret, ine Ezraýyl.***[1]

***Meniň gözlerim jelladyň gözleri ýaly ganyň reňkini isleýär.***

***Hawa, men janlary tenden aýyrmaga geldim.***

***Ine, men hakyky Ezraýyl.***

***Hawa, biz basym göreris kimiň kellesini hanjar bile ilki kesmelidigini.***

***Edil şu gün sen bu dünýä bilen hoşlaşarsyň. Ine men, hakyky Ezraýyl.***

***Men janlary tenden aýyrmaga geldim.***

Aly hanyň weziri şol gödek sögünçleri üns berip diňläp durdy-da, hojaýynyna aýtdy:

— Men saňa bu däli bilen özüňi deňemegi maslahat bermezdim.

[1] Ezraýyl – ajal perişdesi.

Muny eşidip, Köroglynyň gahary gelip, aýdymyny dowam etdirdi:

***Eý agam, wezir! Men saňa näme etdim?***

***Bar eden zadym, dostlukdan edilmedimi näme? Men seni öz hojaýynyňyň jellady derejesine galdyraryn!***

***Men Ezraýyl, seret, men siziň janyňyzy tenden aýyrmak üçin geldim.***

Onda Aly han aýtdy:

— Eý, nadan! Seniň agzyňdan çykýan sözler näme. Mende seniň temmiňi berer ýaly serişde bar.

Han öz goşunyna Köroglyny tutup getirmegi buýurdy, Körogly bolsa, öz ýigitlerine:

— Ýigitlerim, bulara söweş görkezeli! – diýip, agyr goşunyň içine girdi-de, ortasyna tarap at sürüp gidiberdi. Köroglynyň gylyjyndan gan syrygyp akmaga başlady. Söweş atlarynyň kişňemesi, al asmana göterildi. Hanyň ýeňlişi gysga wagtda äşgär boldy. Körogly dagy goşuny gyryp dargadanlaryndan soň, oljalary çöplemäge başladylar. Onuň nökerleri örän köp olja eýe boldular. Gylyçdan halas bolanlar bolsa, çar tarapa gaçyberdiler, gaçyp gutulanlaryň käbiri bolsa şanyň hut özüniň ýanyna bardylar.

Körogly hem öz nökerleri bilen Gazly kölde uzak wagtlap durmady. Olar bu ýerden çykyp Çamlybile tarap ugradylar. Köroglynyň at-owazasy goňşy döwletlere hem baryp ýetdi. Çar tarapdan oňa sowgatdyr serpaýlar iberildi.

## ÜÇÜNJI BÖLÜM

Körogly Çamlybile ýüregi bilen baglanyp, ol ýerde uly gala gurdurdy. Onuň at owazasyny, jomartlygyny, mertligini eşidenler haýdan-haý onuň saýasyna ýygnandy. Gysga wagtyň içinde galanyň içinde sekiz müň maşgala öý gurdy. Körogly şol ýerde täjir Hoja Ýakup bilen tanşyp, onuň bilen dogan okaşdy. Bu täjir jahankeşte adam bolup, özüniň gören-eşiden zatlary barada Körogla habar berýärdi.

Günlerde bir gün täjir Hoja Ýakubyň ýoly Urfa şäherine düşýär, ol şäheriň bazaryna girende bir üýşmeleňiň üstünden barýar. Ol märekäniň bir çetinden baryp gazal aýdyp duran ýaş ýigidi synlamaga durdy. Gör, bak, ýigit nämeler diýýär:

***Göwnüm gitdi ýaý gaşly ýaş gözele.***

***Billeri inçe, dodaklary gyrmyzy, özi güler ýüzli bägül.***

***Ýaşlygym gurban bolsun bu gözele! Janymy gurban ederin saňa. Älem jahana keşt etseň, meniň ýaly ýigit tapmarsyň!***

***Onuň kakasy gassap täjir.***

***Men ogly bolsa, gymmat bahaly daşydyryn.***

Hoja Ýakup gyzyklanyp: “Bu haýsy bagyň güli bolar? Bu gül nirede önüp-ösdükä? diýdi. Halaýykdan biri:

— Onuň atasy bu şäheriň şasynyň gullugynda gassap bolup hyzmat edýär, ýigidiň adyna Öwez Bally diýerler – diýdi.

Şonda täjir içini gepledip: ”Köroglynyň ogly ýok, näme diýip, ol şu Öwez atly nowjuwan ýigidi özüne ogulluk edinmesin? Men näme etsemkäm? Eger men Çamlybile baryp, bu ýigidi taryp etsem, ol maňa ynanmaz” diýdi. Şondan soň ol Urfa şäherine aýlanyp bir suratkeş tapýar, oňa pul baryny berip, Öweziň suratyny çekdirýär.

Birnäçe gün ýol ýöräp, Hoja Ýakup Çamlybil galasyna baryp ýetýär. Körogla hem dogany Hoja Ýakubyň öýüne gelenligi barada habar berilýär. Körogly öz nökerlerine Hoja Ýakubyň öňünden çykyp, saz-söhbet bilen garşy almaklygy buýurýar. Az salymdan soň täjir gelip ýetýär. Atdan düşen badyna Körogly ony gujaklap, öz ýanynda oturdýar, Hoja Ýakup hem hormat edip, onuň ellerini öpýär. Körogly öz nökerlerine:

— A-haw ýigitler, bize şerap getiriň! Doganymyz gelipdir, şatlanyp onuň hormatyna şerap içeli – diýýär. Bular Hoja Ýakubyň beýnisine urýança şerap içdiler. Körogly Ýakubyň nireden gelenligi bilen gyzyklandy. Täjir hem:

— Urfadan – diýip jogap berdi. Körogly:

— Hany, sen aýt, Urfa şäherinde meniň Gyratymdan oňat at gördüňmi? – diýdi. Ýakup:

Ýok, göremok – diýip jogap berdi. Körogly ýenede:

— Meniň nökerlerimden batyr hem görmegeý ýigit gördüňmi? – diýip sorady. Ýakup hem jogap berdi:

— Ýok, göremok.

Körogly dowam etdi:

— Menden gowy şady-horramlyk edýän meýlis gurýan adam gördüňmi? Hoja Ýakup:

— Ýok, göremok – diýip aýtdy. Onda Körogly:

— Egin-eşigi, ýarag esbaplary meňkiden gelşikli adam gördüňmi? – diýdi. Hoja Ýakup hem:

— Eý, edermen doganym, men ol ýerde seniň ýigitleriň müňüsine degýän ýaş ýigit gördüm. Sen ony ogulluk edinip alsaň, ol hem seniň ýaly är ýigide hyzmat etse, ölensoň adyň ýitmez ýaly nesliňi dowam etse, diri wagtyň hem goldaw berip dursa ajap bolmazmy? – diýip jogap berdi-de, Öweziň keşbini taryp edip başlady. Körogly bolsa oňa:

— Sen gaty gowy zatlar aýdýarsyň, täjir, ýöne iki teňňäňden geçip, bir suratkeş tapyp maňa keşbiniň suratyny getirseň bolmaýarmydy? – diýdi. Täjir donunyň jübüsine elini sokup, onuň suratyny çykardyda, Körogla uzatdy. Körogly ony mazaly synlap bolanyndan soň dergazap boldy-da:

— Däli Hasan, derrew zynjyr bilen gandal getir – diýip gygyrdy. Täjir geňirgenip, näme üçin beýle buýruk berenini sorady.

— Sen deýýusy zynjyrlajak! – diýip Körogly jogap berdi. Näme üçin, meniň günäm näme? Saňa ogul tapyp berenim üçin maňa edýän serpaýyňmy şu? – diýip täjir sorady.

— Aýdan ýalan gepiň üçin. Meni diňle täjir, men häziriň özünde atlanyp, Urfa şäherine gitjek, sen hem dolanyp gelýänçäm daňylgy bolarsyň. Eger ol ýigit aýdyşyň ýaly bolsa, gaýdyp gelemde agramyňa görä altyn, boýuňa görä ýüpek mata bererin, beren wadamda tapylmasam meniň hem Körogly bolmadygym. Ýöne eger ol ýigit aýdyşyň ýaly öwgä laýyk bolmasa kelläňi biten ýerinden pyzlawuk kädi ýaly uçuraryn, saňa beren jezam bolsa, özüň ýaly ýalançylara sapak bolar. Serdar adamlary nädip aldamalydygyny şondan soň bilerler – diýip, Körogly jogap berdi.

Körogly sözüni gutaryp ýigitlerine täjiriň boýnundan hem aýagyndan zynjyr urup, zyndana taşlamagy buýurdy. Soňra bolsa:

— Däli Hasan, derrew Gyraty eýerle! – diýip gygyrdy. Däli Hasan aty eýer-esbaby bilen bezäp, gazykdan ýüpüni çözdi.

— Men Urfa şäherine gitjek. Men dolanyp gelýänçäm, hiç bir öýde dep çalyp, saz edip oturaýmaň. Meniň şu buýrugymy berk belläň, eger aýdanlarymy bitirmeseňiz, janyňyzy jähennem bazaryna ibererin – diýip, Körogly berk tabşyryk berdi.

— Men oglum Öwez jany alyp gelmek üçin ýeke özüm gitjek. Ölsem hem şonsuz dolanyp gelmerin –

diýip, bäş keleme söz aýdar boldy. Gör, bak, nämeler diýýär:

***Men Öwez Ballyny özüme ogulluk almaly.***

***Men ogullugym bilen dolanyp gelýänçäm garaşyň.***

***Men gelýänçäm ol hakda Türkiýeden we Siriýadan habar alyň.***

***Mert ýigit arap atyna atlanar, ýoldan geçenden paç alar.***

***Men gelýänçäm sürüdäki goýun guzulary soýup iýiň.***

***Körogly aýdar, duşmany şeýtan alar,***
***Mert ýigit arap atyna atlanar,***
***Men gelýänçäm meý içiň.***

Körogly sözüni gutaryp, Gyratyna atlandy-da ýeke özi gije-gündiz menzilme-menzil ýol geçip, Urfa şäherine at sürdi. Körogly şähere bir günlük ýol galanda meýdanda sürüsini bakyp ýören bir çopana gözi düşdi, şonda hem aç garny ýadyna düşdi. Ol içinden: Atalarymyz: "Aç bolsaň çopana git, ýadaw bolsaň kerwensaraýa" – diýip, dogry aýdypdyr. Indi bir zat edip ertirligiň aladasyny edeýin diýdi. Soň ol çopana ýakynlaşyp ses ýeter ýerden gygyrdy:

— Armaweri, çopan! Taňry myhmanyny kabul edýärmiň? Çopan onuň geýim gejimine, ýarag esbaplaryna syn etdi, görse onuň sowudynyň çopanyň özünem goşup, tutuş sürüsine degjekdigine göz ýetirdide, şeýle jogap berdi:

— Eý, ýaş ýigit, mende saňa berer ýaly naharym ýok, ýöne eger seni kanagatlandyrsa birnäçe goýun sagyp süýt bereýin.

— Bu çöl-beýewanlykda bir damja goýun süýdi altyna barabardyr, maňa şondan tapyp getirseňem bolar – diýip, Körogly aýtdy. Çopan daýaw eginlek kişidi, onuň elinde ujy diş-diş bolan äpet gürzüsi bardy, aýagynda bolsa könelip tozap giden köwşi bardy. Gürziniň agramy bir ýarym batman bolup, sapynyň deşik ýerinden deriden ýasalan kemer geçirilipdir. Çopan golunda sallanyp duran gürzini galdyrdy, bu yşarata goýunlaryň ählisi onuň daşynda jem boldy. Onuň ýanynda kürtleriň mondah diýip atlandyrýan agaç tabagy hem bardy, bu tabaga üç batman süýt guýup bolýardy. Çopan tabagy süýtden dolduryp, Köroglynyň öňüne getirip goýdy. Soňra bolsa içmek üçin uly agaç çemçesini berdi. Körogly zordan birnäçe çemçe süýdi agzyna eltip, ysgyndan gaçansoň:

— Çopan, seniň bir döwüm çöregiň ýokmy? – diýdi. Çopan:

— Mende çörek bar, ýöne ony hiç bir adam iýip bilmez – diýdi. Körogly bolsa jogap berdi:

— Daşdan sähelçe ýumşak bolsa-da, asly iýilýän zat bolsa äkeliber.

Çopan:

— Bu arpa bilen darydan bişirilen çörekdir. Men muny itlerim üçin bişirip goýupdym – diýip dowam etdi. Körogly:

— Onuň aladasyny etme, nähili hem bolsa äkel – diýdi. Çopan ýene-de:

— Çörek günüň aşagynda gurap gatandyr, üsti hem heňländir, sen ony iýjek bolup dişleriňi döwersiň – diýip, sözüniň üstüni ýetirdi. Körogly:

— Haý, zaňňaryň alada edýän zadyny, äkel bärik çaltrak – diýdi. Çopan arkasynda sallanyp duran deri torbasyndan çörek çykaryp, Köroglynyň öňünde goýdy. Körogly aç gurt ýaly iki elini hem torba urdy-da, eline ilen zady dograp, süýdüň içine oklaberdi. Çopan myhmanyň on bäş adamlyk nahar taýýarlan hem bolsa, iýjekdigini görüp, öz içinden: "Açlygyndan ýaňa munuň akyly çaşan bolmaly, munça zady hiç bir adam iýip bilmez, munuň üçin taýýarlan zadym bilen sürümi goraýan itleri bir hepdeläp naharlardym" diýdi. Körogly bolsa, oňa çenli ähli çörekleri dograp bolup, tabagy doldurdy-da içine çemçesini sokup goýdy, çemçe bolsa dikligine hiç ýana gyşarman dur, Körogly gözüni tegeläp, öňünde oýa batyp duran çopana seretdi-de:

— Hany çopan gel ikimiz garnymyzy doýraly – diýdi. Çopan:

— Beg, sen nahary özüň üçin taýýarladyň, ony ýeke özüň hem iýiber, men saňa kömek edip biljek däl – diýip jogap berdi.

Şondan soň Körogly çemçäni aldy-da naharyň başyna geçdi, onuň äpet, towlanyp duran murty hem agzy bilen bile hereket edip başlady, çörek ownuklary murtuna ilişip sallanyşmaga, süýt bolsa, durman dö-

şüne dammaga durdy. Gahary gelen Körogly çemçäni bir gapdala zyňdy-da, gulagyna ýetip duran murtuny towlady, soňra agzyny ojak kimin açyp, iki eli bilen tabagyň erňeginden tutdy-da agzyna eltdi, gulk-gulk edip içindäkileri düýbüne çenli ýuwdup goýberdi. Muny gören çopan içini gepledip: "Eý, Alla, bu zaňňar adam-a däl, sebäbi hiç bir adam munça zady iýip bilmez, ýöne men ýene-de garaşyp göreýin. Eger bu häzir ýerinden turup ötägitse ýa-ha çölüň arwahy, ýa-da şeýtanyň hut özi bolmaly. Açlyk belasynyň hut özi gelipdir, bu şol bolmaly, edil ýaňyja ol goýunlarymyň ähli süýdüni içdi, bir sagatdan bolsa ýene-de ajygyp meniň özümi hem iki üzüp, bir ýalmap goýberer" diýdi. Körogly bolsa öz içinden: "Indi men nädip Urfa şäherine düşüp, Öwezi görerkäm? Eger men egnimdäki bu şahana geýimlerim bilen, zer bilen bezelen bu atym bilen şähere barsam, at-owazamy eşidip ýören halk meni tanar. Gel, gowusy, men şähere şu çopanyň lybasyny geýip baraýyn" diýip, çopana:

— Hany, çopan, ýanyma gel, ikimiz geýimlerimizi çalşaly – diýdi. Çopan bolsa güldi-de şeýle diýdi:

— Şeýle gowy zatlary şu şylhama çalyşjakmy? Sen näme meniň garyplygymyň üstünden gülýärmiň? Seniň kelläňdäki telpegiň, egniňdäki donuň ýa bolmasa biliňdäki hanjaryň bir özi meniň janymy hem tutuş sürümi satyn almaga ýeterlikdir. Sen näme üçin meniň üstümden gülýärsiň?

Soňra çopan elleriniň aýalaryny biri-birine urup, gürzüsine ýapyşdy, ony haýbat bilen galgadyp, Körogla:

— Sen daýawlygyňa guwanýan bolsaň, ine, meniň golumyň güýji hem şudur – diýdi. Körogly hem güldi-de:

— Çopan, men seniň üstüňden gülmeýänligim barada Allanyň öňünde ant içýärin. Urfa şäherinde maňa bir müň bäş ýüz tümen bergili bir täjir bar. Eger men onuň ýanyna şu bezegli atym hem-de şahana geýimlerim bilen barsam, ol menden gaçyp gutular. Men bu şähere ýörite bir sebäp bilen geldim. Çaltrak bol, ikimiz geýimlerimizi çalşaly. Men şäherden gaýdyp gelemde, seniň lybasyňy gaýtaryp bererin-de, öz geýimlerimi alaryn, eger-de men şäherden gaýdyp gelmesem, sen bu aty bazara çykaryp sataý. Onuň bahasy 2000 tümen, pullary al-da sowuber, meni hem ýatdan çykarman dileg-doga et, beýleki zatlarymy hem özüňde saklaber – diýdi.

Çopan içinden: “Bu adam hakykatdanam däli bolmaly. Ýa-da men eşiden zatlaryma düşünip bilemok” diýdi-de:

— Bolýar, beg, gel eşikleriňi çykar – diýdi.

Körogly guşagyny çözüp, bar eşiklerini çykardy. Çopanam eşiklerini çykaryp, Köroglynyň eşiklerini geýdi. Oňa bolsa şylhasy çykan, ýaramaz keçeden edilen içmegi berdi. Körogly ony egnine atyp, çopanyň keçetelpegini başyna geýip:

— Indi bolsa, maňa öz taýagyňy ber, ony gerek wagty gylyjyň ýerine ulanyp bilerin – diýdi. Çopan:

— Allanyň ady bilen ant içýän arkaýyn bol sen maňa ynanyp bilersiň – diýdi, içinden bolsa “Alla onuň yzyna gaýdyp gelmegine ýol bermesin, hoş gal garyplyk, at, eşik ömrüm boýy maňa ýeter” diýdi. Körogly çopanyň ýanyndan aýrylyp, syýahatyny pyýada dowam etdi. Çopanyň içmegi egnindedi, telpegi bolsa elindedi. Ol Urfa şäheriniň derwezesine barýança ýöredi. “Bissimilla” diýip şähere girdi. Köçeleriň birinden geçip barýaka, elinde bir gadak et göterip, oňa guwanyp, Hudaýa alkyş okap, uludan dem alyp barýan bir türki gördi. Körogly ondan:

— Uludan dem alyp begenip barýaň weli, bu nämäniň eti? – diýip sorady. Türk bolsa:

— Jenap, sen ýat ýurtlymy, alys ýerden geldiňmi? – diýdi.

Körogly:

— Hawa men uzak ýerden geldim – diýip jogap berdi. Türk oňa:

— Sen bileňokmy, başga ýurtlarda çörek gymmat, bizde bolsa et? Meniň öýümde syrkawym ýatyr, tebip oňa et iýdirmeli diýdi. Men her gün bazara gelýän, ýöne iki elimi burnuma sokup gaýdýan. Ahyrsoňy bu gün gassap Ybraýymyň ogly Öweziň dükanyndan et tapdym. Bir gadak üçin iki teňňe bermeli boldum, şonuň üçin men uludan dem alýan – diýdi. Körogly:

— O nähili et gymmat bolýar? – diýip sorady. Türk bolsa:

— Görşüň ýaly, bir gadak üçin iki teňňe örän gymmat – diýip jogap berdi. Körogly içinden: “Çopanymyň eli geldi, zaňňar, azajyk garaş, şu günüň özünde bar goýunlaryňy sataryn” diýdi. Şondan soň Körogly Öweziň dükanyna barsa bala garynja üýşen ýaly hümerlenşip duran adamlary gördi. Erkekler ol ýere et almak üçin, aýallar bolsa, Öweziň owadanlygyna seretmäge barypdyr. Körogly hem ony görmek üçin ýüregi böküp duran halda öňünde duran erkekleriň egninden üstaşyry seretdi. Türkler onuň eşiklerine seredip, ony çopandyr öýdüp, arkaýyn kellesine kakdylar. Körogly egilip olaryň aýaklarynyň arasyndan seretjek bolsa-da başa barmady. Ol ýanynda duranlary tirsekläp, eliniň aýasyna tüýkürdi. Halk oňa ýol berip başlansoň, özüne ýol açjak bolup, taýagyny galdyrdy we çem geleni ýumruklap öňe omzady. Ol kimsiniň kellesine urup, beýnisini çym-pytrak etdi, aýaklaryna depenleriniň aýaklaryny omurdy, egnine uranlaryny duran ýerinde ýere ýatyrdy. Şeýde-şeýde tukat başyny aşak egip oturan Öweziň ýanyna barýança dükanyň öňünde duranlary çym-pytrak etdi. Körogly içinden “Hakyky jalataýyň alty pirimi bar, bäşisi hile, biri bolsa güýç. Men bu oglany gorkuzyp bilmerin” diýip, oýlandy. Soňra ol Öweziň ýanyna baryp, elini jübüsine sokup, bir teňňe çykaryp, Öweziň öňüne atýar we:

— Inim, maňa bir gadak et çek-de, gaýtargymy mis teňňe bilen ber, ýöne tiz bol, meniň ýoldaşlarym gitdiler. Olaryň yzyndan ýetjek bolsam, yglamaly –

diýdi. Öwez içinden: “Bu müşderi edil meniň üçin ýaradylan ýaly, men bir gadak eti iki teňňeden satýan, ol bolsa maňa bir teňňe berip gaýtargysyny mis puldan soraýar, dostlarym gitdi diýibem howlugyp dur” diýdi. Öwez görmegeý bolanlygy üçin örän ulumsydy. Ol gaharjaňlyk bilen:

— Eý, diwana, meniň ýanyma ýakynrak gel, sen maňa näme diýdiň? – diýip sorady. Körogly onuň ýanyna bardy, ol bolsa bir barmagyny epledi-de, galanlary bilen Köroglynyň ýüzüne mazalyja şapbat çaldy. Körogly:

— Ýaş ýigit meni näme üçin urduň? – diýdi.

Ol aslynda gaharlanmaýardy we Öweziň batyrlygy üçin begenýärdi. Öwez:

— Eý, nadan! Sen etimiň bahasyny bulaşdyrarsyň. Şunça alyjynyň ýanynda bir gadak eti bir teňňä, üstesine-de gaýtargysyny mis puldan aljak bolýaň. Men bolsa bir gadak eti iki teňňä satýan – diýip jogap berdi. Körogly:

— Çagajyk men bärik et satyn almak üçin däl, et satmak üçin geldim – diýdi.

— Sen näme diýjek bolýaň? – diýip, Öwez sorady. Körogly:

Meniň 900 sany goýnum bar we bu ýere et gymmatmy, arzanmy, hakyky bahany bilmäge geldim – diýip, jogap berdi.

“Süriniň sesini eşitse, gassabyň kellesi göçer” diýip, rast aýdypdyrlar Öwez 900 goýun barada eşidip-eşitmänkä:

— Agam, seniň çopandygyňy bilmeýädim. Seniň bilen gödek gepleşenim üçin meniň dilimi kesmäge-de hakyň bar, men seni urdum, elimi kes, ýöne günämi öt – diýdi. Körogly bolsa şu gazaly aýtdy:

***“Ýaragly duşmany öldürseňem oňa Gurhandan aýatlar ýazylan kepeni geýdirmeli”.***

***Meniň geljekki çagam, meniň görejim!***

***Men munuň ýaly oýunlara gaharym gelenok.***

Öwez:

— Beýik Allanyň haky üçin 900 goýun getireniňi hiç kim eşitmesin, şäherde elli gassap bar. Olaryň hemmesi seni aldarlar, süriňi olara deň paýlamaly bolarsyň, meniň paýyma ýigrimi goýundan köp düşmez. Sen gowusy şu ýerde garaş, azajyk otur, men gidip, kakama habar bereýin, biz özümiz süriňi satyn alyp puluny bereris – diýdi.

Körogly:

— Gidiber, men saňa bärde garaşaryn – diýip jogap berdi. Öwez diýdi:

— Onda garaş. Bärde on iki bölek et bar, eger müşderi gelip, maňa garaşyp bilmejek bolsa, sen bir gadagyny iki teňňeden satyber. Körogly:

— Arkaýyn bol-da gidiber. Men on ýedi ýyl gassap boldum, öz işimi gowy bilýän. Etleri seniň isleýşiň ýaly sataryn – diýdi.

Öwez dükany Körogla ynanyp, alňasap kakasynyň ýanyna gitdi. Az salymdan et üçin gelen türk Köroglyny görüp, içinden: “Nädip men bu äteňenäletden et satyn alaýyn? Onuň ýanyna barmaga

gorkýan” diýip pikir edip iki ýana gezmeledi. Körogly muny görüp:

— Sen ýüregiň agyrýan ýaly iki ýana gezmeläp ýörsiň-le, näme isleýäň? – diýdi. Türk jübüsinden bir teňňe çykaryp, ýarym gadak et sorady. Körogly oňa:

— Puly kapasanyň üstüne goýup, dükanyň içine gir – diýdi. Soň bolsa buduň gowsuny saýlap:

— Ine, şuň hemmesini al! – diýdi. Türk hilegärlik edilýändir ýa-da üstünden gülünýändir öýdüp:

— Meniň almalym ýarym gadak, ondan artykmaç aljak däl – diýdi. Körogly taýagyny galdyryp:

— Sen samsykmyň ýa kermiň! Saňa hemmesini al diýýän – diýdi. Türk içinden: “Eti aljak bolup göreýin, eger ol maňa hiç zat diýmese, ol anyk akylyny ýitirendir, eger tersine bolsa, eti taşlap gaçaryn” diýip pikir etdi. Ol seresaplyk bilen çekinip, dükanyň içine girdi, eti alyp egnine goýdy-da, dükandan çykyp gaçmaga başlady. Gaçyp barýarka-da garşy yzyna seredýärdi, emma ony hiç kim yzarlanokdy. Ýene-de şübhelenip, näçe gaty ylgap bilse ylgaýardy. Öýüniň ýanynda oňa duşan ýoldaşlary gyssanmaçlygynyň sebäbini soradylar. Ol:

— Öý içeriňiz abat bolsun! Öweziň dükanynda aňkasy aşan biri otyr, bir teňňä bitin but berdi, bagtym çüwdi! Häli o ýerde ýene bir bölek et dur. Ýetişseňiz size galanlaryny berer – diýdi. Körogly Öweziň şonça etini on iki teňňä satyp otyrka, Öwez kakasynyň öýüne uly begenç bilen geldi-de:

— Bir çopan kişiniň dokuz ýüz goýuny bar. Ony sakladym, biz onuň sürüsini satyn almaly – diýdi. Onuň kakasy Mir Ybraýym şolbada dükanyna ylgady. Köroglyny görüp gujagyny açyp gadyrly salamlaşdy, oňa Beg diýip ýüzlendi, şol bir wagtyň özünde oňa dost, dogan diýdi. Körogly içinden: “Men seni bilýän, zaňňar, sen meni aldajak bolýaň” diýip pikir etdi. Mir Ybraýym beg:

— Seniň adyňy unudaýdym, ýöne ýadyma düşýär, sen hemişe meniň ýanyma goýunlaryňy getirip, bizi begendirýärdiň. Görüşmänimize köp wagt boldy. Köp wagtlap saňa garaşdym – diýdi. Körogly içinden: “Kezzap! Sen çöreksizden çöregi satyn alyp, soň ýene-de özüne satjak bolýaň. Sen ýalan sözleýäň ýöne meni aldap bilmersiň” diýdi.

Soňra Körogly:

— Meniň adym Röwşen – diýdi. Ol ýalan sözlemedi, hakykatdanam onuň ady Röwşendi. Gassap bolsa gynanç bilen:

— Sen nädip bizi unudyp, şunça wagtlap dostuňy we doganyňy görmän oňup bildiň? – diýdi. Körogly:

— Goýunlarymyň barsyny Eýrandan sürüp getirdim. Şu wagt Körogly Çamlybilde – serhetde ýaşaýar. Şol ogrudan gorkyma gelip bilmedim. Hudaýa şükür, Körogly öldi. Indi men size näçe isleseňiz goýun getirerin – diýip jogap berdi. Gassap Mir Ybraýym:

— Körogly çyndanam öldümi? – diýip sorady. Körogly:

— Öldi we jaýlandy! Jaýlananda özüm hem gatnaşdym – diýdi. Gassap:

— Hudaýa şükür! Biziň patyşamyz bu ogry barada eşidip, Öwezi alyp gaçar, onuň abraýyna zeper ýeter öýdüp, Öweze şäheriň daşyna çykmagy gadagan etdi. Ýedi ýyl bäri Öwez galanyň daşyna çykanok – diýdi. Körogly içinden: "Seret-le bu nejise, eýýäm meni diriligime gömdi. Ýakynda men özüm ony gabryň içine dykaryn, ahyrzamana çenli her kim oň üstünden güler" diýdi.

Dükanyň içinde etiň galmandygyny gören Öwez başda et satylandyr öýtdi, ýöne pully haltajykdaky on iki teňňäni görüp: "Çopan, seniň ojagyň ýumrulsyn" diýip aglamaga başlady. Mir Ybraýym Öwezden näme üçin göz ýaş döküýändigini sorady. Ol:

— Kaka, men Röwşene on iki bölek et tabşyrdym, o bolsa her bölegi bir teňňä satypdyr – diýip jogap berdi. Körogly:

— Men gassap halkynyň harsydünýälik bilen tanalýandyklaryny eşidipdim. Şu gepiň dogrudygyna göz ýetirdim. Şäherdäki on iki dostumyň hersine bir bölek etden ugratdym. Näme bolanda-da ýitirýän zadyňyz ýok. On iki bölek alty goýun bolýa, meniň kiçi sürümi satyn almaga geleniňizde mugtjak on iki goýun alyp bilersiňiz – diýdi. Mir Ybraýym bu sözleri eşiden badyna Öweziň ýüzüne şapbat çalyp:

— Eý samsyk, diliňi sakla. Ýalan sözleme. Daýyň Röwşen beg näme etmelidigini bilýär, ol bize on dört goýun berer – diýdi.

Köroglynyň ýene-de iki goýuny elden gitdi, içinden: Agzyňyz açyk, içine armyt oklaýmaly bolupdyr. Diňe armytmyka? Mir Ybraýym:

— Gel, Röwşen beg, tur, öýümize gideli, biz pulumyzy taýynlaly we bahasyny ylalaşaly – diýdi. Öwez dükany ýapanyndan soň, hemmesi öýe gitdiler. Mir Ybraýym Körogla:

— Öwez bilen öýde gal – diýdi, özi bolsa pul almaga gitdi. Olar öýde ikiçäk galansoňlar, Öwez Köroglydan beýigiräk ýerde oturdy. Soňra turup, tekçeden çüýşe bilen pyýalany alyp öňüne goýdy. Soň ýeňini tirseklerine çenli çyzgap pyýalasyny dolduryp şerap içdi. Körogly esli wagt şerap içmändi, onuň şerap içesi gelip ýüregi ýarylyp barýardy. Ol açgözlük bilen şadyýan oturan Öweze tarap seredip dodagyny ýalaýardy. Öwez:

— Röwşen daýy! Sen näme dodaklaryňy ýalap dursuň? – diýdi. Körogly:

— Men seniň gurbanyň bolaýyn. Sen jennetiň guşy!

Içip oturan gyzyl zadyň näme? – diýdi Öwez:

— Daýy sen öň bu zady hiç görmediňmi? Muňa şerap diýýärler – diýdi. Körogly:

— Balam, agtygym, maňa bir käse guý-da içmäge rugsat et – diýdi. Öwez:

— Daýy bu içginiň örän erbet häsiýeti bardyr, muny içen adamyň kellesi göçýär – diýdi. Körogly:

— O nähili bolýar – diýdi. Öwez:

— Keýige mundan bir owurt berseň, keýik şahyny galdyryp möjek bilen urşar, balyga berseň, gämini

haryt bilen doldurar we olary arkasyna ýükläp, Hazar deňzine söwda çykar. Eger sen içseň, akylyň üýtgär we sen bazara çykyp, “Dokuz ýüz sany goýun getirdim” diýip, gygyryp başlarsyň – diýdi.

Körogly:

— Öwez jan, gözüňe gurban bolaýyn! Men bu zatdan köp içerdim. Bu zat bizde kän – diýdi.

— Siziň ýurduňyzda bu zat nähili taýýarlanylýar? – diýip, Öwez sorady. Körogly:

— Biziň ýurtda üzümi getirýärler-de, ony tä şiresi çykýança myňçgalaýarlar. Soň ol şireden gazanjygy dolduryp, oduň üstünde goýýarlar. Gaýnap-gaýnap, onuň diňe dörtden bir bölegi galýar. Oňa-da çörek dograp, elimiz bilen iýýäris – diýdi. Öwez:

— Ölgeý sen daýy! Ajap düşünipsiň maňa. Seniň ol aýdýan zadyňa toşap diýilýär – diýdi. Körogly:

— Eýse siziň içýän zadyňyz näme, oglanjygym? Şerap?! Men indi düşündim. Biziň ýurtda ol zat köp – diýdi. Öwez:

— Siz ol ýerde ony nähili taýýarlaýarsyňyz, daýy?

— Biz gaýmagy alýarys, ony deri meşige salyp ony ýaýýarys, ýaýýarys tä üstünde mesge ýagy görünýänçä ýaýýarys. Ýagyny palawa salýarys. Düýbünde galan suwy içmäge ýaraýar.

— Ölgeý sen, daýy. Ol ýagly süýt ahyry.

— Eger olar ýaly bolsa Allanyň haky üçin maňa datdyr ony.

— Men gorkýan, daýy sen muny içseň dälirärsiň.

Körogly haýyşyny tä Öweziň nebsi agyrýança gaýtalaberdi. Öwez oňa bir bulgur guýup berdi.

— Aý, Alla! Men bagtly bolup ölerin. Sebäbi Öwez özi eli bilen maňa içmäge şerap hödürledi – diýip, Körogly gygyrdy. Bulgury boşadyp, onuň diňe bir murtyny ölländigini aýtdy.

— Maňa ýene-de bir käse ber, ikinji murtumy hem ölläýin – diýdi. Şeýdip, ol tä çüýşäni boşadýança içdi.

Öwez oňa gaharly:

— Ýadyňdan çykarma, bu saňa ýagly süýt däldir. Çalt ukyň tutup ugrar – diýdi. Körogly:

— Meniň jennet guşum! Sen diňe özüňe seredýärsiň. Maňa-da seret ahyry – diýdi. Körogly ýerinden turdy, tekjede ýene-de alty çüýşe güýçli içginiň durandygyna gözi düşdi. Ol olary ýeke-ýekeden aldy-da hersini bir demde boşatdy.

— Bular saňa şerap däl, bu güýçli içgi, eý, nadan, näme üçin olary birden içýäň? – diýip Öwez gygyrdy.

— Sen jennetiň toty guşy! Men olaryň hemmesini içimde garjak.

Körogly serhoş boldy. Basym ol ýykylar-da uka gider. Onsoň biz nähili ondan goýun satyn alarys diýip, Öwez gaharlanýardy hem pikirlenýärdi. Körogly Öweze seredip, turup oturdy. Ol dutary eline alyp, çalyp başlady. Ol:

— Öwezjan, gurbanyň bolaýyn! Men ilki dutary düzeýin – diýdi.

Körogly ýene-de:

— Men entek çagakam, ýönekeý çopan oglankam, kakam maňa bir bölejik taýakdan dutar ýasady. Oňa atyň gylyndan kiriş çekip berdi. Men onda biraz çalmagy öwrendim – diýdi. Öwez oňa dutar alyp berdi. Körogly dutary sazlansoň, onuň elinde bilbil bolup saýrady. Oglan aňk bolup diňläp oturdy. Soň ol özüne gelip sorady:

— Daýy gowy çalşyň ýaly aýdymam aýdybilýäňmi?

— Men synanşaýyn eger senden rugsat bolsa. Men şu ýerde çalmasam, onda nirede çalaýyn? – diýip, Körogly şu gazaly aýtdy:

***“Bulgurlary dolduryň gassabyň ogly, gel içeli!***
***Emma sen meniň sözlerimi gaýtalamaly däl.***
***Bägülüň ýaňagyna gyraw degipdir.***
***Sen bulgury boşatdyň sen serhoş,***
***Sen şu gün gassabyň ogly.***
***Belki, tizden sen meniňki bolarsyň”.***

Öwez bu sözleri eşidenden sorady:

— Daýy, sen Köroglyny bir gezek bolsa-da görüpmidiň?

— Körogly muňa şu aýdymy aýdyp berdi:

***Bagda bägüller doly gülläpdir.***
***Yşka düşen bilbiller aýdym aýdýarlar.***
***Çamlybiliň jülgeleri çadyrdan doly.***
***Ol meniň ýaşaýan ýerim.***
***Eý gassabyň ogly...***

Körogly şu ýerde sakyndy-da: “Men bu aýdymy Köroglynyň adyna golaýlatsam, bu neresse çaga

gorkusyndan öläýmesin. Men entek biraz wagt çopan bolup galybereýin” diýip, oýlandy-da ýene soň şu gazaly aýtdy:

***Onda men saňa çynymy aýdaýynmy?***

***Ýok, men çopan.***

***Janly-jandarlaryň ýaşaýşynyň soňy bolmaly.***

***Haçan men ok-ýaý atamda meniň okum gaýadan geçýär.***

***Eý gassap ogly.***

Bu sözleriň üstüne Öweziň atasy gassap Mir Ybraýym gelip girdi. Onuň elinde goýun almaly puly bardy. Ol:

— Tur, Röwşen beg, goýun söwdasyny eder ýaly süriň ýanyna gideli – diýdi. Körogly Öweziň gymyldamaýanyny görüp:

— Mir Ybraýym, bu oglan biziň bilen gitmeýärmi? – diýip sorady.

Ol öýde galmaly. Patyşa oňa şäherden çykmagy gadagan etdi. Men ony öň saňa aýtdym-a – diýip, Öweziň atasy jogap berdi. Körogly:

— Köroglynyň jesedini görmäge gorkýandygyňa utanmaýaňmy? Sen her bir palça ynanýarsyň. Maňa näme üçin ynanmaly däl? Men saňa gaýtalaýaryn, Köroglynyň ölenine bir aý gowrak geçdi. Çynyňy aýt. Seniň gorkyň Körogly däl. Seniň gorkyň men Öweze otuz goýun sowgat berenimde “Maňa minnetdar bol” diýer diýip gorkýarsyň – diýdi.

Gassap otuz goýun sowgat barada eşidenden, kellesini ýitirdi. Ol oglunyň ýüzüne gaty şarpyk çaldy-da, oňa gygyrdy:

— Tur ýeriňden, samsyk. Röwşen bege tagzym et. Ol jomart adam, beýik adam, onuň sözi sözdür. Şerabyň güýji hem Öweziň bar eşiden, gören zatlary onuň endamyny titredip geçdi. Ol öz ýanyndan şeýle pikir etdi: "Bu adam ýa Köroglynyň özi bolmaly, ýa-da onuň ýaranlarynyň biri bolmaly". Ol dutary eline alyp:

— Kaka, men bir aýdym aýdaýyn. Soň, men seniň aýdymyň sazyny çalyp bererin – diýdi.

***Kaka! Meniň düşünşim dogry bolsa ynanaý.***

***Onuň ýaly adam çopan bolup bilmez.***

***Seniň ýeke ogluň bar. Üns ber!***

***Ýanyň bilen alyp gitme.***

***Çopanyň görnüşi olar ýaly bolmaýar.***

***Men onuň sözleri bilen hereketlerini ölçerip gördüm.***

***Ol täsin däli adam. Onuň dost hem duşman bolmagy bir pursat.***

***Ol ýa Köroglynyň özi ýa-da Däli Hasan bolmaly.***

***Ol çopan bolmaly däl, çopana meňzemeýär!***

Körogly muny eşidip ýylgyrdy-da: "Bu uzakdan görüji oglan! eken. Maňa edil şunuň ýaly ogul gerek" - diýip pikirlendi. Öwez aýdymyny dowam etdirdi:

***Kaka! Onuň täjirleri dünýäniň dört künjeginde söwda edýärler.***

***Müňlerçe erkek we aýal hyzmatkärler onuň puluna ýaşaýarlar.***

***Ol pikir etmegi halamaýar, sahylyk bilen sowgatlary bäşden, on bäşden paýlaberýär.***

***Ynan maňa, ol çopana meňzemeýär.***

Mir Ybraýym:

— Näme edeli oglum, dokuz ýüz goýny nädip goýaly – diýdi.

Öwez aýdymyny dowam etdi:

***Ugrat ony.***

***Goý, ol göze görünmeýän ýere gitsin.***

***Onuň gelenini myhmanam, goňşy-da görmesin.***

***Adamlar ony düýşünde-de görmesinler!***

***Bu görnüşdäki adam, gulak as maňa, çopan bolup bilmez.***

***Haç görnüşli tagma meniň kükregimde ýakylyp goýuldy.***

***Men bilýärin, eşit sözümi, men başyma düşjek söwdany gowy bilýärin.***

***Kaka, Öwez indi seniň ogluň bolmaz!***

Körogly Öweziň ony tanandygyny görüp, oňa tarap çalaja egilip pyşyrdady:

— Sen bezzat, näme üçin meniň bilen süriň ýanyna gitmejek bolýaň? Men saňa ol ýerde ýaş eşegiň arkasyna daňylan dört sany owadan kapasa görkezerin. Olaryň hersinde köp sanly torgaý, bedene, gyzyl ýaňakly käkilikler, bilbiller we başga-da aýdym aýdýan guşlaryň bir topary bar. Baran badymyza men şol dört kapasany saňa sowgat bererin. Sen olary dükanda asyp goýarsyň. Olar kapasda saňa aýdym aýdyp, jürküldäp bererler. Sen olaryň jürküldisini diňläp, lezzet alarsyň.

Soň Öwez aglap diýdi:

— Men durubilemok, ýör, kaka, gideli. Gassap:

— Hawa, oglum, ýör. Biziň dostumyz, Röwşen beg, seniň şäherde galmagyňa ýol bermez. Biz özümiz bilen hyzmatkärem alarys – diýdi.

Şeýlelikde, goýna tölär ýaly pul alyp, Öwez, gassap Mir Ybraýym, Körogly we bir hyzmatkär ýola düşdüler. Urfadan bir parsah[1] çykanlarynda olar häki çopanyň goýunlaryny bakýan dagyna gelip ýetdiler. Gassap daşdan sürini görenden içinden begenip:

— Bu seniň süriňmi, Röwşen beg? – diýip sorady.

— Hawa, gel onda söwda başlabereli. Ilki biz bahasyny ylalaşmaly. Soň semizini, sagdynyny we arrygyny, agsagyny barlarys.

— Bolýar, şeýle bolsun. Saňa näme gowy bolsa, şony et.

— Sende näçe goýun bar?

— Şu gün irden men saňa dokuz ýüz diýipdim.

— Şolaryň näçesi semiz, näçesi arryk?

— Men hiç-de arryk mal saklamok, erkek bolsun, urkaçy bolsun. Olaryň bary sagdyn we semiz. Olaryň hemmesi üç ýaşdan garry däl, bir goýnam entek guzlamadyk.

— Aýtsana, sen goýunlaryňy satyn aldyňmy ýa-da özüň ýetişdirdiňmi?

---

[1] Parsah – 7 km. aralyk.

— Ýalançy itden-de ýaman, men size dogrymy aýdaýyn, ýarysyny satyn aldym, beýleki ýarysyny bolsa özüm ýetişdirdim.

— Bir goýuny näçä bahalaýarsyň?

— Men olary lomaý söwda bilen – hemmesini birden satjak.

— Näçeden?

— Ýalançy ýarymaz. Men size hakyky dogrusyny aýtjak. Özüm olaryň hersini bäş piastrdan[1] aldym. Siz bolsa alty piastrdan alarsyňyz. Men söwdadan bir piastr peýda görmeli. Men sizden köp peýda görjek bolup duramok!

— Olar söwdalaşyp durkalar, Öwez kakasyna pyşyrdap şeýle diýdi:

— Men oňa şerap içirdim, ol serhoş, näme samraýanyny özi-de bilmeýär. Şu wagt goýnyň hersi bäş tümenden kem satylanok. Eglenmän puly sana, kaka. Ol puly bir alansoň, akylyna aýlananda-da yzyna gaýtarmaz”.

Mir Ybraýym pully haltany açyp, puly sanap Köroglynyň etegine saldy. Körogly puluň ýarysydygyny görüp, içinden diýdi: “Şu hilegär selleli kelleden nähili dynyp bilerkäm”. Köroglynyň elinde adatdan daşary güýç bardy welin, ol barmaklarynyň arasynda puly gysyp, ýüzündäki şekilleri ýok etdi.

[1] Piastr – Türkiýede, Müsürde we beýleki käbir ýurtlarda ulanylýan ownuk pul birligi.

Şeýdip, piastry tekizläp, ol puly gassabyň öňüne gaharly zyňyp:

— Bu ýasama teňňe! – diýip gygyrdy. Emma bu emel Öweziň gözünden sypmady. Ol:

— Röwşen beg! Biz baý däl. Biz puluň ýarysyny karz aldyk. Näme üçin oňa bilgeşleýin emel edýärsiň? – diýdi. Körogly oňa:

— Öwez, oglum! Meniň ýanymda ne çekiç, ne-de sandal bar. Zikgehananyň işgäri deýýuslar piastryň ýüzüne Soltanyň şekilini goýmagy ýadyndan çykarypdyr. Men ýitgä galýan – diýdi.

Bu sözleri aýdyp ol ýerinden turdy-da, puly ýere zyňyp, gaharly ses bilen:

Urfada ýüz gassap bar. Goýunyň bir bölegini men olara sataryn, beýleki böleginem saňa – diýdi. Muny diýip ol ötägitdi. Gassabyň ýalbarmasy netije bermedi. Körogly gitjek bolup duranda gassap aljyrap ogluna aýtdy: Öwez, oglum, gitde, yzyndan ýet-de, söwdany dowam etmegini haýyş et. Belki, saňa gulak asar – diýdi. Öwez:

— Men saňa ýalbarýaryn, daýy, gaharlanma-da yzyňa dolan – diýdi. Körogly öňküsinden ýumşap, yzyna dolanyp, öňki ýerinde oturdy. Haçan pul sanalandan soň, ýene otuz tümeniň gerekdigi belli boldy. Gassap:

— Röwşen beg, goý çopan goýunlary bu ýere getirsin. Biz olary şähere sürüp äkideris, şähere baranda men saňa galan pullary bererin. Sen meniň

öýümde ýatarsyň we ertir gaýdyp gidersiň – diýdi. Körogly:

— Men Urfa barmaryn. Sebäbi “Kim pully bolup, ol ýerde saklansa, ol öldürilýär” diýdiler. Sen puly maňa şu ýerde tölemeli – diýdi. Gassap:

— Men ogry däl Röwşen beg. Nähili-de bolsa men seniň aýdyşyň ýaly ederin. Sen bu ýerde Öwez bilen galarsyň. Sen, oglum, rahat bol, gürrüň bilen biziň daýymyzyň göwnüni aç. Men derrew şähere ylgap gidip, pul getireýin – diýdi.

Şeýdip, towşan kelle gassap ogluny Köroglynyň elinde goýup, arryk ýabysyny münüp Urfa tarap ýola rowana boldy. Körogly häki aýdan dört sany kapasasyny getirmek üçin gidýän ýaly bolup, Öwezi hyzmatkär bilen goýup ötägitdi. Özi bolsa çopanyň ýanyna baryp, sowutlaryny geýinip, on ýedi ýaragynam dakyndy. Soň ol çopandan:

— Meniň atym nirede? – diýip sorady.

— Eý seniň öýüň üstüňe ýumrulsyn! Seniň atyň özüň ýaly däli ekeni. Men ony ol jülgede dört aýagyny güýlüp gaýtdym, ölüligini, diriligini bilmeýän – diýip, çopan jogap berdi.

Körogly:

— Men seniň ataň gabryny tozduraryn! Sen meniň atymy helägledin, it ogly! – diýdi. Soň eglenmän jülgä barsa, aty berk, gymyldamaz ýaly daňylgy dur. Atyň daňysyny çözüşdirip, ony eýerläp, çekini berkidip, atyň iki gözünden öpüp, münüp, Öweze tarap öňürdikledip gitdi. Ilki bilen ol pully gapjygy alyp, eýeriň gapdalyna

daňyp, gaýyş tasmalar bilen berkitdi. Körogly Öweziň ýanyna gelip:

— Indi, Öwez jan, meniň bilen ata mün, gideli, diýdi. Öwez:

— Esger, sen meniň üstümden gülýäňmi? Röwşen daýym basym geler. Ol taýak bilen bir uranda seni atdan ýykar – diýdi.

— Öwez jan, gözüňi süpürip seret, sen daýyňy tanamaýaňmy?

— Öwez gowy seretse, ol Röwşen begiň özi, diňe geýimi öňki däl. Soň ol aglap gygyrdy:

— Waý eje, waý kaka! Siz nirede?

— Onuň gözýaşy we dogalary haýyr etmedi. Körogly ony eýere çekip alyp, yzyna artlaşdyryp mündürdi-de, şal bilen bilinden berk daňdy. Soň ol atyň böwrüne üzeňňi bilen bir depseledi-de, oljasyny alyp ötägitdi. Gassabyň samsyk hyzmatkäri şu çaka çenli muny oýunmyka diýip durupdy. Ol yzlaryndan ylgap:

— Bes et, oýnuňy, oýnuňy bes et oýunlaryňy – diýip gygyrýardy. Ahyr ol gahary gelip, hanjaryny çykardy-da, Körogla çenäp gygyrdy:

— Ýa sen ony goýberersiň, ýa-da men şu demri garnyňdan geçirýän. Körogly:

— Bu mahluga seret. Men oňa biraz gadyr edep görkezeýin – diýdi-de oňa taýagyny zyňyp goýberdi. Hyzmatkäriň kellesi edil gurjagyň kellesi ýaly pytrap gitdi.

Çopan bu ölümi görensoň, biraz pikirlendi we gorkudan sakawlap, ölýäniň dogasyny gaýtalap başlady. Körogly oňa golaýlaşyp etegini açmagy haýyş etdi. Ol soň pully gapjygy çözüp, ep-esli teňňäni onuň etegine oklady we:

— Çopan, sen ak düýäni gördüňmi? – diýdi.

— Ýok, men hatda goýny-da görmedim – diýip, çopan jogap berdi.

Körogly:

— Çopan! Sen derrew  men Öwezi alyp gidýänçäm sürini şähere tarap kowalap elt – diýdi.

Şeýdip, Körogly Öwezi Çamlybile tarap äkidýänçä çopan sürüsini şähere tarap kowalap alyp gaýtdy. Zor bilen alnyp gaýdylan oglan gynanyp aglaýardy: “Bagtygara men! Meniň daýzam galdy. Bagtygara olar, bagty gara men!”. Onuň gözleri aglamakdan alma ýaly gyp-gyzyl boldy. Körogly şeýle gazal aýtdy:

***Men saňa diýýän, Öwez jan, aglama.***

***Meniň ýüregimi gaýgy bilen gynama, aglama, gynanma, Öwez jan.***

***Öwez jan jogap edip şeýle gazal aýtdy:***

***Sen aglama diýýäň.***

***Eý, Körogly, men gözýaşymy nähili saklaýyn?***

***Sen diýýäň maňa gaýgy bilen özüňi gynama. Men neneň gaýgylanmaýyn?***

Körogly şeýle aýdym aýtdy:

***Men çölden, gumdan gaýdyp gelýärkäm, çopanlardan seni görmedilermi diýip soradym. Men seni garry ataňdan aýry saldym, aglama Öwezjan.***

***Öwez şeýle jogap berdi:***

***Sen haltalary puldan doldurdyň.***

***Sen ýüregimi üzdüň.***

***Sen meň atamyň bilini gaýgydan bükdüň.***

***Men neneň aglaman durup bileýin, Körogly?***

***Körogly aýdymyny dowam etdi:***

***Men han, beg dälmi näme?***

***Men saňa mährem ata bolup bilmenmi?***

***Aglama, Öwez jan.***

***Öwez şeýle gazal aýtdy:***

***Meniň güllerim, men sizi bagda goýup gitdim.***

***Men yzymda billerini gujaklamaly owadan gözelleri goýup gitdim!***

***Yzymda meniň adym we maşgalam galdy!***

***Men neneň aglamaýyn, eý Körogly!***

Onda Körogly şeýle gazal aýtdy:

***Gel, indi gözýaşy goýaly.***

***Sen indi meni samsygy ýa-da garry aýaly agladan ýaly aglatjak bolýaňmy. Sen söweşjeň ýigit bolarsyň. Sen Köroglynyň buýsanjy bolarsyň.***

***Indi aglama.***

Öwez:

Sen arasynda söweşjeň esger diýip aýdypdyň.

Onda sen maňa esgere garan ýaly garamaly.

Men bilip bilemok seniň asylly adamdygyňy ýa-da deýýusdygyňy.

Neneň men aglamaýyn?

Körogly Öweze ony özüne ogullyk etjekdigini, ony esger hökmünde türgenleşdirjekdigini aýtdy. Şeýdip, olar Çamlybile tarap ýoluny dowam etdirdiler.

Biraz wagt geçensoň, gassap Mir Ybraýym öýüne pul almaga geldi. Ol aýalyna:

— Men şu gün bir çopana duşdum. Ol örän sada. Onuň goýnuny tölemäge meniň biraz tümenim ýetmedi. Men ony saklap durmak üçin Öwezi goýdum. Bar, çaltrak pul getir! – diýdi. Onuň aýaly garyndaşlaryndan, tanyş-bilişlerinden gerek puly ýygnap, gassaba getirip berdi. Gassap howlugyp ýabysyna atlandy-da, sürä tarap çalt ugrady. Emma ol derwezeden çykyp ýetişmänkä şol öňki süri bilen girip gelýän çopana gabat geldi. Gassap:

— Çopan, sen ýalançy, ogry ekeniň. Kimiň rugsady bilen sen meniň goýunlarymy şähere kowalap alyp geldiň? Men olary satyn aldym. Men olar üçin pul töledim – diýdi. Onda çopan şeýle jogap berip:

— Men saňa düşünmeýärin. Mir Ybraýym sorady:

— Sen Röwşen begiň çopany dälmi näme?

Çopan:

— Sen gyzgynyň bar ýaly samraýarsyň. Men seniň kimdigiňem, Röwşen begiň kimdiginem bilmeýän – diýdi. Mir Ybraýym:

— Aldawçy! Sen dälmidiň maňa öňräk bu goýunlary satan? Sen puly aldyň dälmi?

— Goýunlar Reýhan Arabyňky. Men olary şähere sagdyrmak üçin alyp geldim. Bazar ýerde sagylan

goýunlar gowrak nyrhdan geçýärler – diýip, çopan jogap berdi.

Bu sözlerden soň Mir Ybraýymyň bütin endamyna titreme düşen ýaly bolup: “Bu goýunlaryň bary süýtli goýunlar eken. Ol deýýus Röwşen beg, goýunlary maňa satyp durka, “olaryň hemmesi entek guzlamadyk ýa-da erkekdir” diýip aýdypdy. Ol şübhesiz Körogly eken. Ol meni aldap Öwezi alyp gaçan eken diýip, oýlandy-da:

— Sen iki oglany görmediňmi? – diýip sorady.

Çopan:

— Hawa, gördüm, baýyryň üstünde oýnap, basalaşyp durdular – diýdi.

Mir Ybraýym howlugyp ýabysyna münüp, atyny öňürdikledip gitdi. Ol baýyrda hyzmatkäriniň jesedinden başga hiç zat görmedi. Onuň dili taňlaýyna[1] ýelmeşip, maňlaýyna gaty-gaty urup, ahyr atdan ýykyldy. Ol gamgyn ýagdaýda özüni ýere oklady. Kellesine toprak zyňyp: “Bagtym ýatdy! Ol meniň oglumy alyp gaçdy” diýip gygyrýardy:

Reýhan Arap Mir Ybraýymy örän göwnüçökgün ýagdaýda gördi. Reýhan Arap baý, meşhur adamdy. Ol ýüz altmyş atly nökerleri bilen aw etmäge geçip barýardy. Ol golaý gelip ýagdaýy görse bu aljyraňly adam özüniň giýewsi eken. Ol:

[1] Taňlaý – agyz boşlugynyň ýokarky bölegi

— Bu nä boluş! Bu senmidiň Mir Ybraýym? Bu gözýaş näme, bu gaýgy nämäni aňladýar? – diýip sorady. Ol diňe şu sözleri aýdybildi:

— Ol alyp gitdi... ol ony alyp gitdi.

Reýhan Arap gaharlanyp:

— Atasy ýanan kim, ýa kim ol alyp gidilen? – diýip sorady.

Mir Ybraýym özüne gelýänçe ýarym sagat geçdi. Soň ol:

Men ony Körogla satdym. Ol ony alyp gitdi – diýdi.

Reýhan Arap:

— Dürs geplesene. Eger sen oňa bir zat satan bolsaň, ol öz zadyny almaga haky bar ahyry – diýdi. Köp soraglar berenden soň Reýhan Arap hemme zady bildi. Ol içinden: "Sen deýus Körogly. Sen meni masgaraladyň. Sen meniň hazynamdan göwher daşymy alyp gitdiň" – diýdi. Soňra öz atlylaryna ýüzlenip:

— Oglanlar, gitdik, düşüň yzyma! – diýdi. Olar atyň yzyny alyp, Köroglynyň yzyndan atlaryny öňürdikledip, kowga başladylar.

Reýhan Arabyň müneni baýtaldy. Körogly hiç zatdan habarsyz gidip barýardy. Şol barşyna ol Gyratyň eşek ýaly gulagyny sallanyny gördi. Bu bolsa bir çakyrym aralykda baýtalyň bardygynyň alamatydy. Körogly öz içinden: "Meniň Gyratym Reýhan Arabyň baýtalyny syzan bolmaly. Ol bar zady bilip, şu wagt kowga başlan bolmaly" diýdi. Ol asmana bakyp, ýokarda birnäçe gazyň uçup barýanyny gördi. Körogly: "Men süriniň öňüni çekip barýan gaza ok ataýyn. Eger

gaz ýere gaçsa, men ýeňiji bolaryn. Eger ok yzyna gaçsa, onda Öwez meniňki bolmaz” diýip oýlandy. Ol sagdagyndan bir ok aldy-da, ýaýyna goýup atyp goýberdi. Az salym geçensoň, gaz edil atyň aýagynyň ýanyna gaçdy. Körogly örän begendi. Ol iki sany owadan ýelegi gazdan ýolup alyp, Öweziň börügine gysdyrdy. Öwez:

— Sen meniň börügimi ýelek bilen deşdiň. Meniň owadan uýam bar, ol maňa täzesini dikip beripdi – diýdi. Aý, oglum, sen meniň öýüme baraňda, seniň geýimleriň altyn bilen ýüpek bolar – diýip, Körogly jogap berdi. Muny eşidip Öwez gaty ses bilen aglady. Körogly ony köşeşdirjek bolup, şeýle gazal aýtdy:

***— Seniň jygaly kelläň nähili owadan görünýär.***

***Ol edil erkek durnaň kellesi ýaly.***

***Men ony goraryn, başyňdan aýlanaýyn[1].***

***Men seni gökden diledim, ýerden tapdym.***

***Aglama, meniň ýaş durnam. Seniň aýlanan gaşlaryň Ýaradanyň galamy bilen çekilendir.***

***Sen ýaňy men diýen ýaşyňa ýetdiň, sen on bäşiňdesiň.***

***Eý meniň ýigidim. Bu bezegleriň ýanyna ýene-de ol gahrymançylyklaryň gerek.***

---

[*] „Başyňdan aýlanaýyn – bu gündogar däplerinden alnan söz düzümi. Eger biri betbagtçylyga sezewar bolsa, ony aýyrmak üçin gara goýuny onuň daşyndan aýlap, soň ony garyplara berýärler ýa-da boşadyp goýberýärler. Eger-de Persiýanyň şasy oba gelse, daýhanlar ony garşylap, onuň donunyň etegini ýa-da üzeňnisini ogşaýarlar. Uly abraý hökmünde olar onuň atynyň daşyndan aýlanmaga rugsat soraýarlar. Bu söz şondan galypdyr.

***Sen mert ýigitleriň göreldesi bolarsyň.***

***Men seniň kelläňe altyndan jyga geýdirerin.***

***Eý meniň ýaş durnam, aglamaňy goý.***

***Öwez biraz dynansoň, Körogly ýene-de:***

***Men seni görenimden ýüregim aram tapdy.***

***Sen mende hakyky teke türkmeni görersiň.***

***Meniň adym goç Körogly. Meniň adym tutuş Türkiýä belli.***

***Durna başly Öwezjan, goý aglama – diýdi.***

Indi habary kimden al, Reýhan Arapdan al. Ol Urfa töwerekleriniň ýol-ýodalaryna diýseň beletdi. Körogly bu ýerlere ilkinji gezek gelipdi. Şu sebäplem ol ýurduň ýerleşişini gowy bilmeýärdi. Uçudyň aralygynda bir dar geçelge bolup, ondan köprä meňzeş bir zady keseligine taşlap geçmelidi. Körogly ol köprä ýetip gelende, Reýhan Arap onuň öňünden aýlanyp baryp, edil girelgede durdy. Körogly ýolunyň kesilenini gördi-de, köpriň üstünden abanyp duran dik gaýadan geçmekçi boldy. Ol Gyratyň böwrüne üzeňňi bilen debsiläp, bir gamçy urandan, Gyrat edil dag geçisi ýaly böküp, dagyň depesinde çykdy. Körogly töweregine seretse, diňe gaýalaryň dik diwarlary görünýärdi. Hiç hili geçelge görünmeýärdi. Diňe dagyň eteginde on iki ýard[1] inlilikde, ýüz ýard uzynlykda bir jülge bardy. Körogly durup, näme etmelidigini pikir etdi.

Reýhan Arap seslenip:

---

[1] Ýard – 914,4 mm. uzynlyk ölçegi.

Ogullarym, janlarym, bir ädimem gymyldamaň. Nirede duran bolsaňyz, şonda-da duruň. Biziň adamlarymyzyň hiç haýsysy Köroglynyň şu wagt duran ýerine çykybilmez. Ol ýa şol ýerde ölmeli, ýa-da düşmeli – diýdi. Körogly dagyň depesinde üç gün durdy. Emma, erbet ýeri, Gyrat syrkawlady. Körogly Mekge tarapa garap: "Eý Alla, meniň ajalym ýeten bolsa, men sünnileriň arasynda ölmäýin" diýdi. Soň Gyrata seredip, onuň otlap duranyny görüp begendi. Bu onuň sagalýandygynyň alamatydy. Ol Alynyň ruhunyň ýetişendigine şükür etdi. Ondan soň ol ini on iki ýard jülgäni barlamaga başlady. Körogly: "Soňy näme bolsa-da, synanşaýyn. Eger Gyrat jülgeden böküp geçibilse, biz halas bolarys. Eger-de ol geçibilmese, üçimizem – menem, Gyratam, Öwezem çym-pytrak bolup düýbüne gaçmaly. Men indi garaşybilmeýän" diýip, atyny münüp şaly bilen Öwezi özüne daňyp, Gyrata garap bir gazal aýtdy:

***Eý meniň atym, seniň ataň bedewdi, eneň gulandy.***
***Öňe, öňe, Gyrat meni Çamlybile ýetirgil!***
***Meni dinsizleriň we duşmanlaryň, boz dumanlaryň arasynda goýmagyl.***
***Öňe, öňe, janym Gyrat, meni Çamlybile ýetirgil!***

Köroglynyň sesini eşidip, Reýhan Arap gülüp başlady hem aşakdan gygyrdy:

— Eý deýýus! Ahyr geplediň. Sen aýdym aýdýaňmy, ýokmy, sen aşak biziň elimize düşmeli.

Körogly soň Gyrata garap ýene bir gazal aýtdy:

***Janym Gyratym! Men seniň utandyranyňy görmäýin.***

***Üstüňe, çepiňe, sagyňa mahmal ýapaýyn.***

***Seniň öňki we yzky aýaklaryňa sap altyndan nal kakdyraýyn.***

***Öňe, öňe, janym, Gyrat meni Çamlybile ýetirgil.***

***Seniň endamyň näzik, sümbül ýaly ýylmanak.***

***Görkez, näme edebilýäniňi atym.***

***Duşmanlar görsün hem göriplikden gözi çyksyn,***

***Sen gulanyň tohumyndan dälmi näme?***

***Düldüliň çowlugy dälmi sen?***

***Gyrat meni Çamlybile ýetirgil, meni batyrlaryma ýetir!***

***Seniň üçin ýüpekden jul dikdireýin.***

***Özümiz keýp ederis, şerap derýa bolup akar.***

***Eý Gyratym, meniň bäş ýüz atdan saýlanym.***

***Öňe, öňe, meni Çamlybile ýetirgil!***

Aýdymy aýdyp bolup, Körogly Gyraty gezmeledip ugrady. Reýhan Arap, aşakdan Gyratyň jülgeden bökmäge taýýarlanýandygyny görüp, adamlaryna aýtdy:

— Siz Körogly şu jülgeden böküp geçmäge milt eder diýip ynanýarsyňyzmy? Onuň batyrlygy maňa ýaraýar. Siz şaýat boluň, eger ol jülgeden böküp geçse, men bu batyry kowmagy goýjak. Men onuň günäsini geçjek hem Öwezi alyp gitmegine ýol berjek. Eger ol başarmasa, olaryň jesetlerini ýygnap, hormat bilen jaýlajak.

Muny aýdyp, ol dagdan gözüni aýyrman dürbi bilen seredip durdy. Körogly Gyraty tä onuň burnundan köpük görünýänçä gezmeletdi. Ahyrsoňy ol ugramak üçin bir ýeri saýlap aldy. Soň ol ata gamçy urup, öňe goýberdi. Gyrat öňe okdurylyp, uçudyň edil gyrasynda durdy. Ol aýaklaryny bägüliň gunçasy ýaly bir ýere ýygnap, güýjüni toplap, böküp, jülgäniň gerşinden iki ýard beýläk böküp düşdi.

Reýhan Arap:

— Muny süýtden doýran enä we bu ýigidi terbiýeläp ýetişdiren ata berekella – diýip gygyrdy. Köroglynyň bolsa kellesinde telpegem gymyldamady. Hiç zat bolmadyk ýaly, yzyna-da seretmedi. Ýuwaşlyk bilen Öwez ikisi ötägitdiler.

Reýhan Arap adamlaryna:

— Janlarym, ogullarym, möjek bir gezek günäsi geçilende, batyrlanyp öňküsindenem has açgöz bolýarmyş. Körogly bu gezek meniň giýewimiň ogluny alyp giden bolsa, ertir gelip, ol meniň aýalymy elimden aljak bolar. Oňa biziňem elimiziň güýjüni görkezmegimiz gerek! – diýdi.

Şeýlelikde olar ýene kowga başladylar. Reýhan Arap Köroglyny görenden:

— Sen haramzada, eger sen Çamlybile gaçyp girseňem men seni şol ýerden hem tutup alaryn – diýip, gygyrmaga başlady. Körogly:

— Bu deýus meni ýagşylyk bilen goýjak däl – diýdi.

Soňra Öwezi atdan düşürip, eýeri, üzeňňileri barlap, çekini çekdirip, Reýhan Araba tarap öwrülip:

— Saňa menden näme gerek, ganhor? – diýip sorady.

— Bu gowy soragy eşidiň! Maňa näme gerek? Sen meni masgara etdiň! Körogly! Sen meniň bilen erkek bolup söweşjekmi ýa-da aýal bolup?

— Ol näme diýdigiň?

— Eger sen atlylaryňa meniň üstüme dökülmäge buýursaň, seniň onda aýal bolup söweşjegiň. Eger-de sen meniň bilen ýüzbe-ýüz söweşi kabul etseň, onda ol erkeklerçe söweş bolar.

— Razy, gel erkeklerçe göreşeli.

Körogly atlylaryň yza çekilip hatarda duranlaryny görüp, içinden: "Bu söz berse-de, men sünnilere ynanybilmeýän. Gel, men ol atlylary bir çetinden aýryp başlaýyn" diýdi-de:

— Gulak as, Reýhan Arap, söweşden öň meniň aýdym aýtmak däbim bar. Gulak as:

***— Esger, Reýhan! Sen meniň ýeke özüme garşy goşun çekip gelipsiň.***

***Hany seniň namysyň, aryň?***

***Näme üçin sen meniň janymy aljak bolýarsyň?***

***Esger Reýhan, sen däli bolmaly!***

Onuň sesiniň gatylygy, aýdymy ýaly şeýle gorkunçdy. Ol Reýhan Arabyň atlylaryny gorkuzdy. Körogly aýdymyny dowam etdirdi:

***Meniň ýaýymy egibilýän adamy görkeziň maňa.***

***Edil süsegen goç ýaly kellesi bilen meniň galkanymy süsübiljek ýigidi görkeziň maňa.***

***Men dişim bilen polat çeýnäp, göge tüýkürip goýberýärin.***

***Eý näme üçin biz şu gün söweşmeýäris?***

Reýhan Arabyň atlylary gorkudan ýaňa biri birine pyşyrdap: “Osman soýunyň haky üçin, biziň hiç birimiz Köroglynyň gylyjyndan sypmaýas” diýdiler. Olaryň birnäçesi gaçyp ugradylar. Körogly bir gazal aýtdy:

***Ber buýrugy goşunyňa, goý, toparlara bölünsinler.***

***Aý, olaryň sanyna şeýle köp ynamy barmyka!***

***Men ýeke özüm, gel bäş ýüz ýa-da alty ýüzi öňe saýlansynlar!***

***Reýhan gelipdir, ol dogrudanam däli bolmaly.***

Aýdym Reýhan Arabyň atlylarynyň galanyny-da gaçyrdy. Reýhan Arap duran ýerinden gymyldaman ýeke özi galdy.

Körogly gazal aýtdy:

***Batyr beýleki ýoldaşlaryny awlamaýar.***

***Ol ýokary galdyrylan Müsür gylyjyny gezeýär.***

***Gaty giç bolmanka özüň hakda pikir et.***

***Reýhan ýa sen dälimi?***

***Goç Köroglynyň güýjüni sen entek hiç haçan synap gören dälsiň.***

***Şeýle güýçli eli sen entek gören dälsiň.***

***Sen gymyldaman dursuň, Reýhan, sen dälimi?***

Reýhan Arap örän güýçli adamdy. Onuň şöhraty we bitiren işleri barasynda tutuş Türkiýede köp aýdýardylar. Körogly gygyryp:

— Gaýt öýüňe, Reýhan! Atlylaryňyň gaçyp barşyna seret – diýdi. Ol:

— Bularyň bary gargalar, olar seniň ýaly baýguşa garşy durup bilmeýärler – diýdi.

Reýhan muny aýdyp, özüniň arap atyny Köroglynyň üstüne sürdi. Körogly hem öz gezeginde Gyratyň böwrüne debsiläp goýberdi. Ol ýanynda göterýän on ýedi ýaragyň hemmesinem gezekli gezegine ulandy. Emma hiç tarap üstünlik gazanybilmedi. Körogly Reýhan Arabyň örän batyrdygyny we ökdedigini gördi. Olar birnäçe gezek atyň üstünde kükrek kükrege berip garpyşdylar. Olaryň hersi guşakdan hem ýapyşyp gördi. Reýhan Köroglyny atdan düşürmek üçin çekip gygyrdy:

— Men saňa Öwezi bermerin.

Körogly hem ony atdan düşürjek bolup gygyryp:

— Men Öwezi alyp giderin – diýip çekýärdi. Olaryň ikisem bir wagtda atdan düşdüler-de, göreşip başladylar. Boýun boýna, el ele, aýak aýaga çyrmaşdy. Hamala aýdarsyň, iki iner uruşýan ýalydy. Gün eýýäm ýaşyp barýardy. Körogly garşydaşynyň güýçli garşylygyndan ýadap, içinden: “Eý Alla! Bu masgaraçylykdan gutar meni, eý Aly!” diýdi. Şeýdip, ol Reýhan Araby ýokary göterip, ýere zyňdy. Soň onuň kükreginiň üstüne münüp otyrdy-da, pyçagy çykaryp kellesini kesmäge taýýarlandy. Emma ol içinden:

“Eger ol aman soramasa, men ony öldürerin. Eger ol aman sorasa, şeýle sypaýy ýigidi öldürmek gynançly bolar” diýdi. Körogly onuň ýüzüne seretse, ol gyzarypdyr. Soň ol ýüpi eýerden çözüp aldy-da, Reýhanyň el-aýagyny güýlüp taşlady. Reýhan:

— Haçan-da sen jülgeden bökmek üçin atyňy goýbereňde, men saňa Öwezi sowgat beripdim. Men sözümde durubilmedim. Şol günäm üçin nälet meniň başyma ýagdy. Menden başga adam seniň yzyňdan kowmaga milt etmezdi - diýdi. Onda Körogly jogap berip:

— Dogrudanam, meniň saňa nebsim agyrýar, şonuň üçin men seni öldüresim gelmeýär. Men diňe seniň el-aýagyňy daňdym. Eger meniň yzymdan kowalan goşun bolsa, seniň el-aýagyňy daňylgy görüp olaryň kowalamaga hetdi bolmaz – diýdi.

Soň Körogly Reýhany ýüp bilen baýtalynyň üstüne daňyp, özi Gyrata münüp, Öwezi artlaşdyryp baýtaly idip gitdi. Olar şeýdip, Çamlybile geldiler. Köroglynyň garawullary ony uzakdan görüp, onuň ýigitlerine hojaýynlarynyň gelýändigini habar berdiler. Ýedi ýüz ýetmiş ýedi atly onuň öňünden garşylamaga çykdy. Körogly Öweze gymmat bahaly halat getirmeklerini buýurdy. Öwez ony geýdi. Körogly Hoja Ýakuby öz huzuryna getirmegi buýurdy. Hoja Ýakup Körogly ýok wagty zynjyrlanyp garaňky zyndanda saklanylypdy. Körogly ony hormat bilen kabul edip, gandallaryny aýyrdyp, hammama iberdi. Hoja Ýakup gaýdyp gelenden, ony gowy geýindirip, ýanynda törden ýer

berdi. Ýigitler Öweziň ele salynmagy barada jikme-jik soraşdylar. Körogly olary başdan aýak gürrüň berdi. Şol wagt ol Reýhanyň batyrlygy we güýji barada-da aýtmagy ýadyndan çykarmady. Ol gürrüňi hem gazalda hem söz bilen aýdyp berdi. Ol özüniň häsiýeti boýunça hakykaty bolşy ýaly aýdyp, gorkaga gorkak, batyra-da batyr diýip bilýän adamdy. Ine, onuň Reýhanyň şanyna aýdan gazaly:

***Eý agalar! Adam bolsa Reýhan ýaly bolsun.***
***Ol meniň buýsanç gözýaşyma mynasyp boldy.***
***Onuň galkany kümüşdendir.***
***Ol duşmanyň ganyny döküp bilýändir.***
***Ol meniň göwnümi öz göwni bilen birikdirdi.***
***Ol meniň ýüregimde oňa bolan sylagy we hormaty döretdi.***
***Dogruçyl adam Reýhan ýaly bolmaly.***
***Goý, islendik atanyň Reýhan ýaly bäş ogly bolsun.***
***Goý, onuň ýaly ýigitler biziň ýaranymyz bolsun. Ol Köroglynyň dogany bolmaga mynasypdyr.***
***Dogruçyl adam Reýhan ýaly bolmaly.***

Körogly iýmek-içmegi, şatlanmagy buýurdy. Öwez baş çaýçy bellendi. Şerap guýuldy, nygmat ýagyş ýaly ýagdy, bar ýigitler bile iýip içdiler.

## DÖRDÜNJI BÖLÜM

Nahçywan welaýatynda batyrlygy bilen belli bolan bir demirçi ýigit bardy. Onuň ady Demirçi ogludy. Ol günleriň bir güni bazaryň içinden geçip barýarka, iki sany adamyň gürrüňini diňlemäge durdy. Olar Köroglynyň jomartlygy, onuň gullugynda duran batyr ýigidiň sylagyny ýetirýändigi barada gürleşýärdiler. Ol özüne: “Bu şäherde işsiz ýüregim ýarylyp barýar. Men gideýin we ýigidiň gadryny bilýän ýigidiň gullugyny edeýin” diýip, ýerinden turdy-da, atyny eýerläp, sowutdyr ýaraglaryny dakynyp, niredesiň Çamlybil diýip, ýola rowana boldy.

Şol wagt Körogly ýigitleri bilen aw awlap ýördi. Körogly jerenmikä ýa-da başga bir awmyka diýip, uzakdan görünýän gara nokada tarap atyny öňürdikledip bardy. Bu Demirçi ogludy. Körogly ondan:

— Sen kim bolarsyň, ýaş ýigit, nirä barar sen? – diýip sorady.

— Men Çamlybile barýaryn. Ol ýerde Körogly diýen bir ýigit bar diýdiler. Ol jomart, adamyň gadyryny bilýän ýigit diýdiler – diýip Demirçi ogly

jogap berdi. Körogly içinden: “Bu gowy ýigit bolmaly!” diýdi. Soňra ol:

— Janym! Men Körogly. Sen meniň jomartlygymy we çörekli ýigitdigimi eşidipsiň. Emma sen bilip goý, men batyr ýigide çörek berýändirin, emma gorkaklara hiç zat berýän däldirin – diýdi.

Şol wagt Köroglynyň ýigitleri hem ýetip geldiler. Körogly:

— Oglanlar, janlarym! Ine, men awumy tutdum – diýdi. Ol jübüsinden bir alma aldy we barmagyndan ýüzügi çykardy. Ol ýüzügi almanyň içinde ýerleşdirdi-de Demirçi ogluna aýtdy:

Hany sen hol ýerde aýbogdaşyňy gurup – diýdi. Soň ol hyzmatkärine onuň telpegini çykarmagy buýurdy. Ol almany ýalaňaç kelläniň üstünde goýup gapdala çekildi.

Körogly ýaýyny çekip, yzly-yzyna altmyş ok atdy, hiç haýsy sowa geçmedi. Körogly Demirçi oglunyň ýekeje gezegem gözüni gyrpman, ýüzüni üýtgetmän oturandygyna begendi. Ol:

— Janlarym, ýigitlerim! Kim meni gowy görýän bolsa, Demirçi ogluna geýimdir we eýer eçilsin – diýdi. Gysga wagtyň içinde Demirçi ogluna köp zatlar berlip, ol çüýremez baý bolup galdy. Körogly:

— Beýdip gulluga ýygy-ýygydan alnyp durulmaýar. Şu ýagdaýa laýyk geljek bir gazal ýadyma düşdi, men size şony aýdyp bereýin – diýdi.

***Dünýäniň ähli baglaryndan men Çamlybil jülgesini gowy görýärin.***

***Onuň baglarynda gezelenç etmegi gowy görýärin.***

***Şol ýerde men ýaranlarym bilen çüýşeleri, bulgurlary uzyn hatar goýaryn.***

***Öwez doldur bulgurlary, doldur hem aýla.***

***Men bir topar patyşalary gaçyrdym.***

***Segsen oky ýüzükden geçirdim.***

***Ýer ýüzünde hiç hili ok-ýaý atýana gözüm gitmeýär.***

Ondan soň Körogly boýnuny burup duran Öweze tarap öwrüldi-de, şeýle gazal aýtdy:

***Eý, meniň gözüm! Şerap paýlaýan, getir maňa bulgur.***

***Öwez meniň gözümiň nury.***

***Men Çamlybilde ýaşaýarkam Gyratym barka meniň gözüm dünýäniň ähli täjirleriniň baýlygyna gitmeýär.***

***Körogly aýdar: eger men şu aýdymlarymy aýtmasam, Köroglynyň edermenligi hakda dünýäde hiç kim bilmez.***

***Hawa, men näme etsemem, dostlugyň hatyrasy üçin etdim.***

***Baýlyk gazanmak meýli meniň göwnümde hiç haçan döremedi.***

Şu gazallaryny aýdyp bolup, Körogly ýigitleri we Demirçi ogly bilen Çamlybile gitdi. On bäş günüň dowamynda Köroglynyň işi täze gelen ýigitlerini türgenleşdirmek boldy. Şeýlelikde, Öwez we Demirçi ogly örän gowy söweşjeň ýigitler bolup ýetişdiler. Toparyň içinde olar iň gowulary boldular.

Indi sözi türk soltany Myradyň gyzy Nigara hakda eşidiň. Ystambylyň golaýynda Belli Ahmet atly bir adam ýaşaýardy.

Günleriň bir güni şa gyzy Nigara Ystambylyň bazarynyň içinden geçip barýardy. Edil şol wagtlar Köroglynyň abraýy bütin Türkiýä ýaýrapdy. Hemmeler ol hakda gürrüň edýärdi. Hemmeler Körogla haýran galýardy. Şa gyzy Nigaranyň göwni şol üýtgeşik gahrymany görmek isleýärdi. Ol ýygy-ýygydan: Eý Alla, haçan sen maňa Köroglyny görmäge rugsat berersiň?” diýip, pikir edýärdi.

Şol wagtlar Belli Ahmet Ystambylyň bazarynda gezip ýördi. Ol seredip görse, jaýyň eýwanynda depçiler dep çalyp dur, bazaryň içindäkiler – täjirlerem, işgärlerem dükanlaryny açyp goýup, howlugyp ylgap barýardylar. Ahmet bir türkden sorady:

— Olar näme üçin ylgaýarlar?

Ol türk:

— Eger sen hiç zady bilmeýän bolsaň, diňle: «Biziň şamyz soltan Myrat Mekkä zyýarata gitdi. Onuň ogly Burjy Soltan wagtlaýynça kakasy gelýänçe onuň işini dolandyrýar. Onuň dogany şa gyzy Nigara her Anna güni uly metjide namaza barýar. Soltanyň buýrugyna görä, şazada gyz bazaryň içinden geçýänçä, ol ýerde hiç hili adam bolmaly däl, hemme dükanlaram açyk durmaly. Bu aljyraňňylygyň hem ylgaşygyň sebäbi şol. Nigara geçdigi täjirler hem işçiler dükanlaryna gaýdyp geler – diýdi.

Belli Ahmet içinden: “Seniň adyň Belli Ahmet bolup, owadan şa gyzy Nigarany görüp bilmezmiň? Eger görmeseň, sen Belli Ahmet adyna mynasyp dälsiň!” diýip, sagyna, soluna seredip, ogrynça birnäçe açar bilen ýapylan gök satylýan dükana girdi. Şa gyzynyň topary golaýlaşýardy. Ilkinji bolup, ýol açýan eli gamçyly hyzmatkärler we ýasawullar, olaryň yzyndan elleri taýakly haremhananyň hyzmatçylary geçdiler. Ahyry kenizleri bilen şa gyzy Nigara göründi.

Ol ýüzüni aşak salyp, adamlaryň öňünden barýardy. Ol aşak bakyp, öz özüne: “Eý meniň aýagym degip barýan ýer, men saňa ýalbarýaryn, meniň dilegimi kabul et” diýdi. Belli Ahmet gizlenip duran ýerinden, agajyň deşiginden Nigarany görüp hem onuň sözlerini eşidip durdy. Nigara gök önümli dükany görenden, başga dükanlar açyk durka bu dükanyň tagtalar bilen ýapylgy durşuna haýran galdy. Soň ol kenizlerine aýtdy:

— Ýüz müň tümen maýasy bolan zergärler dükanlaryny açyk goýupdyrlar. Bu betbagt gök satýanyň garyp dükany hemişe açyk durmaly welin, şu gün ýapyk. Şunda bir üýtgeşiklik bolmaly. Döwüp açyň, tagtalaryny gapdala zyňyň – diýdi.

Belli Ahmet muny eşidenden jany bokurdagyna geldi. Ol hamala agyr syrkaw ýaly ýüzin ýatyberdi. Buýrugy ýerine ýetirilensoň, Nigara dükana girdi. Ol ýigidiň uza boýuna iki eli bilen ýer gujaklap ýatyşyny görüp, gygyryp, ony depip goýberdi:

— Kim sen, hapanyň içinde ýatan?

Belli Ahmet aýagyna böküp galdy-da, şa gyzyna eglip:

— Hanym! Men bu ýerde keseki. Bir ýerde nätanyş keseki bolmakdan Alla sizi saklasyn. Men täjirleriň urlup, kowalanyp äkidilişini görüp gorkdum. Men näme etmelidim? Eger men baý dükanda gizlensem, meni ogrumyka diýjekler. Şonuň üçin men bu külbäni saýlap, şuňa girdim. Bärde gök önümden, sogandan we çüýrük kökelerden başga zat ýok. Eger bu ýerde birnäçe mis teňňe bolan bolsa-da, eýesi gaçyp barýarka alyp giden bolmaly. Bagyşlaň meni, şazada, meniň janym howp astynda bolansoň gizlendim – diýdi. Nigara:

— Eý nätanyş, sen niräň raýaty? – diýip sorady.

— Men Arzyrumly.

— Sen ol ýerlerde Çamlybil jülgesini gördüňmi?

— Hawa, hanym, gördüm.

— Ol ýerde Körogly atly adam ýaşaýar. Sen ony gördüňmi?

— Eý, meniň merhemetli, şazada hanym. Men onuň hyzmatkärleriniň biri. Men onuň zere alnan guly.

— Sen oňa menden hat gowşurybilermiň?

— Siz näme ýazsaňyz, eger maňa ynansaňyz gowşuraryn.

Şa gyzy Nigara şol pursatda öz eli bilen Körogla hat ýazdy. Ol näme ýazdyka? Ine onuň ýazany: “Eý Körogly diýip atlandyrylýan ýigit! Seniň dabaraň gysga wagtda Türkiýäniň bar ýerlerine ýaýrady. Sen Urfa şäherinden Öwezi alyp gaçypsyň diýip eşitdim. Meniň adym şa gyzy Nigara, Soltan Myradyň gyzy.

Men saňa diýýärin, eger bilmeýän bolsaň, bilip goý. Köp wagtlap men seni görmegiň arzuwynda. Eger sen batyrlykda tanalýan bolsaň, Ystambyla gelip, meni alyp gaç”.

Nigara haty ýelimläp, ony Belli Ahmede berdi. Ol ogrynça soňky diýlen “gelip meni alyp gaç” diýen sözleri görüp galdy. Belli Ahmet öňküsinden dogumlanyp:

— Eý şa gyzy! Eger sen Çamlybili görerin diýseň, men seniň gullugyňda, ýanyň bilen gideýin – diýdi. Nigara muňa öýkeläp:

— Sen biderek geplemeli däl. Meni Çamlybile alyp gitmäge sen mynasypmy näme? – diýdi. Belli Ahmet:

— Körogly bujagaz hata ynanmaz – diýdi.

— Onda näme etmeli?

— Eger sen çynyňy aýdýan bolsaň, onda ber maňa kiçijik suratyňy, men ony äkideýin.

Şa gyzy boýnundaky heýkeli aldy-da, oňa gowşuryp sorady:

— Seniň adyň kim?

— Seniň hyzmatkäriň Belli Ahmet.

— Ahmet adyna men gowy düşünýärin. Emma lakamyň Belli nämäni aňladýar?

— Siziň sahylygyňyz bilen, şazada, men bir jan, bir küýze sowuk suw, bir döwüm çörek bilen peýnir edindim. Meniň gylygym bar zadymy garyplar bilen paýlaşmakdyr, şonuň üçin-de maňa Belli Ahmet diýildi.

Nigara Belli Ahmede etegini tutmagyny buýrup, oňa bir goşa owuç altyn taşlady-da.

— Bu haty Çamlybile çalt ýetir – diýdi.

Belli Ahmet kerwensaraýa baryp, atyny eýerläp, oňa atlanyp durka: "Men Körogla şu haty gowşurmasam deýýus bolaryn" diýdi. Aýdyşy ýaly hem hereket etdi. Belli Ahmedi Köroglynyň garawullary görenden tutup, hojaýynlarynyň huzuryna alyp geldiler. Belli Ahmet egilip salam berdi. Körogla onuň görnüşi ýarady, ony ýanynda oturdyp, Öweze şerap getirmegi buýurdy. Belli Ahmet arkaýyn şerap içdi hem keýpi göterildi. Ol soň özüni tanyşdyryp Ystambyldan gelendigini aýtdy. Körogly Gyraty getirmeklerini buýurdy. Ony myhmana görkezip sorady:

— Belli Ahmet, eger Ystambylda mundan gowy at gören bolsaň aýt.

— Ýok, görmedim, beg Körogly.

— Sen Öwezden owadan esger gördüňmi?

— Ýok, görmedim, beg Körogly.

— Meniň meýlisimden şadyýan meýlis gördüňmi?

— Hiç haçan. Emma, eý, Körogly! Ystambylda şa gyzy Nigarany gördüm. Eger ol şu ýerde bolup, toýy bezese, onda Nowşirwanam[1] mundan gowy hezillik boldy diýip öwünibilmezdi.

Körogly mundan öň şa gyzy Nigara barada eşidipdi we ony görmegiň arzuwyndady. Nähili-de bolsa

[1] Anuşirwan, Nowşirwan – Eýran patyşalarynyň biri, ol „Adyl diýen lakama mynasyp bolupdyr.

aýtmaga utanyp, başyny aşak tutup çuňňur oýa batyp oturdy. Onuň bolşy Belli Ahmediň synçylygyndan sypmady. Belli Ahmet goýnundan Nigaranyň hatyny çykaryp, ony Körogla gowşurdy. Körogly ajaýyp haty üns bilen okap, gahary gelip gygyrdy:

— Eý, Belli Ahmet, suratça onuň suratyny çekdirmäge akylyň ýetmedimi?

Muňa jogap edip Belli Ahmet suratly heýkeli çykaryp berdi. Şa gyzyny bir görenden, Körogly oňa çyn ýürekden aşyk boldy.

— Däli Hasan! Getir bäri gulp bilen zynjyry! Belli Ahmet içinden: “Bu nämäniň alamaty? Eger men ýalňyşmasam ol meni gandallajak bolýan ýaly” – diýdi. Dogrudanam, ol ýalňyşmandy. Ol edil öň Hoja Ýakubyň bolşy ýaly bolupdy.

Gyraty eýerlemek, ýedi gat ýarag bilen ýaraglanmak Körogly üçin bir pursatdady. Ýigitlerini bir ýere jemläp, ol gelýänçe uruş-sögüşsiz, serhoş bolman wagt geçirmeklerini tabşyrdy. Öwezi özüniň ýerine belledi. Hemmeler bilen hoşlaşansoň, derrew ýola düşdi. Menzil menzil ýol aşyp, Ystambyla gelip ýetdi.

Körogly şäher derwezesinden girip, Gyratdan düşüp, ony köçe bilen idip gitdi. Ol ajaýyp atda bir täsinlik bardy. Ol nätanyş şähere gelende, gulaklaryny eşek ýaly sallap, tüýüni galdyryp, ýalyny aşak sallap, guýrugyny satanynyň arasyna gysyp, edil ýaby ýaly ýöreýärdi. Bu geçýän adamlar ony synlamaz ýaly hem göz degäýmesin diýip edilýärdi. Körogly seredip görse, bili täze dogan aý ýaly bükülen, bir garry kempir

agsaklap gelýär. Körogly bir görenden onuň jadygöýdigini, ýetmiş iki düwüni hem düwüp, hem çözüp, şonça-da şeýtanyň oýunlaryny çözüp biljekdigini aňdy. Körogly eglip salam berip:

— Geleweri, ene – diýdi.

— Taňry ýalkasyn, oglum.

— Ene, şu agşam myhman alarmyň?

— Oglum, ertirden dilenip ýörün, hiç kim ýekeje-de sadaka bermedi. Sen menden baýrak adamlara myhman bolsaň gowrak bolardy.

Körogly oňa birnäçe altyn we kümüş teňňe taşlady. Puly gören dessine garry aýalyň gözleri ýagtylyp gitdi.

— Gel, oglum, düş yzyma – diýdi.

Körogly onuň yzyna düşüp Gyratyny idip barýardy. Olar garry aýalyň öýüne geldiler. Emma howlynyň gapysy at sygardan kiçidi. Kempir:

— Garaş maňa şu ýerde, oglum, men pil alyp geleýin. Gapynyň aşagyny gazyp, at sygar ýaly giňelderis – diýdi. Körogly kän garaşdy. Ahyr garaşyp onuň sabyr käsesi doldy. Ol gylyjyny çykaryp, şeýle bir urdy welin, diwar ikä bölünip gitdi. Ol soň Gyraty howla girizdi. Garry aýal gelip:

— Oglum, seniň öz öýüň ýumrulsyn. Sen meniň bir diwarymy ýykypsyň, derwezäň gapysyny döwüp açypsyň – diýip, ses edip, kükregine, kellesine uruberdi.

— Ruhdan düşme ene, men agaç ussasyny çagyryp, giň owadan derweze ýasadaryn.

Körogly şeýdip garry aýaly köşeşdirdi-de aty atýataga saldy.

— Ene, sen özüňe garyp diýýädiň-le, atýatakda ahyr, agyl we gerek bolan otaglar bar ekeni. Bu ajaýyp otaglar barada näme diýjek?

— Eý oglum. Men dul aýal. Meniň adamym täjirdi. Ol ölenden soň, jaý boşap galdy.

— Bir dessejik bede ber, ene.

Garry aýal ondan-mundan bedemi, samanmy, gury böwürslenmi ýygyşdyryp getirip ahyra atdy.

Gyrat asyl ynjyk däldi. Hojaýyny ýaly hemme zady daşdan sähelçe ýumşagrak bolsa iýiberýärdi.

— Hawa, oglum, ýör içeri gireli.

Körogly hemme zady synlap gördi, otag arassa, gowy ýagtyldylan. Emma halylar örän könedi. Ol jübüsinden bir gysym pul çykardy-da gygyrdy:

— Bäri gel, ene. Bazara gidip birnäçe haly alyp gel. Keçe düşegi parsyň önümi bolsun. Ortadaky haly Horasanyň önümi bolsun. Baryp satyn alyp, çalt getir-de olary şu otaga düşe – diýdi. Garry aýal çalt yzyna gaýdyp geldi. Hammallar owadan halylar getirip, iki otagy myhman üçin bezäp goýdular. Kempir:

— Oglum, seniň sowut-ýaragyňy çykarara wagt boldy. Ýaraglaryňy gapdala goý, olar agyrdyr – diýdi.

Körogly ähli geýimlerini, ýaraglaryny çykaryp berdi. Garry kempir olary diwardan asdy.

— Enejan, seniň eşikleriň köne we hapa, men olara seredip bilemok. Ine, saňa bir owuç pul, git-de özüňe gowy geýner ýaly täze geýim al.

— Bu maňa örän ýaraýar, ogul – diýdi. Soňra içinden: “Eý Alla, maňa şunuň ýaly ýene-de on iki sany ogul beräý-dä” diýip, Soň ol geýim dikýäniň ýanyna baryp, taýýar geýimlerden saýlap geýindi. Agzyna al ýaglyk daňdy. Munuň sebäbi, onuň dişi ýokdy.

— Hawa, ene, agşamlyk nahar barada pikir etmägede wagt boldy. Meniň on iki hyzmatkärim bar, olar agşam geler. Siz olary ýatdan çykarmarsyňyz-da. Goý, hemme zat bol bolsun: tüwi, ýag, et we hoşboý ysly otlar bolsun. Garry aýal bazara gidip, on üç adam üçin tagam satyn alyp, öýe getirip, taýýar edip goýdy.

Köroglyň özi hem taýýarlanýardy. Ol Gyraty ýuwup-ardyp, suw, biraz arpa berip, atýatakda goýdy. Elini, aýagyny ýuwup namaza taýýarlandy.

Körogly:

— Eý, garry kempir! – diýip, gygyrdy. Kempir:

— Muňa seret. “Garry kempir” diýmäň näme? Men garry däl, betgelşik däl. Ugursyz adam ekeniň sen – diýdi.

Körogly güldi we ötünç sorap:

— Gaharyň gelmesin. Men saňa gelin, gyz hem diýerin, näme isleseň diýerin. Gel, ylalaşaly. Garaňky düşüp gelýär. Meniň hyzmatkärlerim gelmejek ýaly. Aşhanada bar zatlary bu ýere getirip goý. Tüwini bir uly tabaga sal, hem-de bar eti şol tüwiniň üstünde goý – diýdi.

Ol kempir içinden: “Oglumyň gurbany bolaýyn. Ol gaty baý ýaly. Ýeke bolsa-da on üç adamlyk nahar

çekdirjek bolýar. Birazajyk dadandan ol doýar, galanlary maňa iki günläp iýmit bolar” diýdi.

Garry aýal ep-esli tüwini uly tabaga üýşürip, üstüne-de ep-esli et goýdy. Köroglynyň öňünde saçak ýazdy. Nahar otaga getirilmeli bolanda garry kempir ony göterip bilmedi.

— Oglum, meniň munça nygmaty götermäge güýjüm ýetenok.

Körogly ýerinden turup, aşhana baryp nahary alyp geldi we kempiri nahara çagyrdy.

Kempir:

— Iý-de hezil et, söýgüli oglum. Men nahar bişirip durkam etiň ysy bilen doýup galdym. Sen özüň iýiber – diýdi.

— Meniňki duýdurmak, boljagy bolansoň ökünmeseň bolýar. Içiňde topalaň turarmyka diýip gorkýaryn. Günäsi maňa bolar, ahyret güni men pygamberimiziň öňünde jogap bermeli bolaryn.

Garry onuň sözlerini ýöne ýaňramadyr diýip pikir etdi. Körogly nahardan birnäçe bölek alyp galanyny özüme goýarmyka diýip pikir etdi.

Körogly elini edil ýolbarsyň penjesi ýaly açdy. Ol tabakdaky nahardan alyp, owuç yzyndan owuç atyberdi. Garry aýalyň gözleri Köroglynyň agzyndady. Bäş-alty gezek şeýle garbanmakdan soň, tabakda ýekeje-de däne galjak däl. Garry kempiriň bukulyp, pişik ýaly açgözlük bilen özüne seredip duranyny Körogly gördi. Garry kempir çakylygy kabul etmedigine ökünýän ýalydy. Garry kempir içinden:

“Alla jan, meni ýene-de agşamlyk naharyna çagyrmak pikirini kellesine guýawer” diýdi.

Körogly aýtdy:

— Otur, garry jan, nahar iý.

Bu gezek ol pursatdan wagtynda peýdalandy. Ol tabaga topulyp, golaýrak oturdy-da, iýip başlady. Garry Köroglynyň uly-uly bölekleri ýuwduşyna haýran galdy. Ol howlugyp, bir eline alyp bilen tüwisini aldy-da, agzyna dykdy. Tüwiniň bir dänesi onuň agzyndan burnuna düşdi. Üsgürip, asgyryp, düwünip başlady. Gysga wagtda Körogly galanyny gutardy. Ol:

— Garry-ýaş aýal, men diňe ýarty garnymy doldurdym. Ikinji ýarymy nahara garaşýar. Tabagy alyp git – diýdi. Garry aýal bir zat gözleýän ýaly, ýere elini süpürdi. Körogly:

— Garry aýal, sen eliňi näme üçin süpürýäň? – diýdi. Ol:

Ýaşkaň ölen bolsaň gowy bolardy, oglum. Ejemiň maňa ýadygärlik diýip goýup giden ýargak saçagyny seniň öňüňe ýazypdym. Emma ol ýok. Şony gözleýän.

— Onda ol seniň saçagyňdyr-ow? Men ony bilmän agzyma atypdyryn. Soňky bölek bir hili gaty hem ajy boldy diýýän-le. Ony ýuwutmasy-da kyn boldy. Näme üçin maňa duýdurmadyň?

Garry aýal içinden: “Meniň myhmanym adam keşbindäki açlyk ýaly. Eger ol ýene ajyksa meniň garyp janymy ýuwdar” diýdi.

Körogly az salym onuň bilen gümür-ýamyr edensoň, düşek ýazmagy yşarat etdi.

— Düşegiňiň nirede ýazylmagyny isleýäň, oglum?

— Meniň düşegimi eýwanda ýaz, gapa golaý. Sebäbi men gije turup atýataga seretmeli.

Garry aýal içinden: "Beýle köp zat iýensoň, ondan her zat çykar. Onuň gapynyň geçelgesinde ýatmagy mümkin. Ol geçelgede ýatjak bolýar" – diýdi. Soňra:

— Men garry, oglum, gözüm ukusyz, ýygy-ýygydan daşary çykmaly bolýan – diýdi.

— Zyýany ýok, meniň düşegimiň üstünden böküp geçmäge rugsat berýärin, hiç zatdan gorkma.

Ýary gije Körogly üsgürip oýandy. Ol garry aýalyň uklaman ýatanyny gördi. Ol:

— Seredip ýatyrmyň, ene? – diýip sorady.

— Men uklap bilemok.

Garry aýal täsin myhman barada oýlanýardy. Myhmanyň nähili adamdygy barada pikir edýärdi. Ahyr ol:

— Oglum, sen göçme, terjumanlar taýpasyndan bolan Nazar Jellaly dälmiň? Ýaradan Allanyň ady bilen soraýan, dogryňy aýt.

— Ýok.

— Sen Güriz oglumy?

— Ýok.

— Urfa şäherinden Reýhan Arap dälsiň-dä?

— Ol däl.

— Sen onda ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýigidiň baştutany meşhur Körogly bolmaly. Çamlybilden geldiňmi?

— Şu gezek dogry tapdyň, ene. Ertir irden bazara bar-da, bogazyňa sygdygyndan gygyryp: "Çamlybilden

Körogly Türk şasy Soltan Myradyň gyzy Nigarany alyp gaçmaga gelipdir”, diýip aýt.

Bu sözleri eşidenden biçäre garry aýalyň dili damagyna giden ýaly boldy. Ol gaty gorkdy.

— Gorkma, garry jan.

— Men nähili gorkmaýyn. Sen hakda bärde ýaýraýan habarlar şeýle gorkunç. Eger çaga aglasa, ejesem ony köşeşdirjek bolsa, “Ýuwaş bol, möjek gelipdir, eger agyňy goýmasaň seni iýer” diýse çaga diňmeýär. “Gaplaň gelipdir” diýse-de, çaga diňmeýär. Eger “Çamlybilden seni alyp gitmäge Körogly gelipdir” diýse çaga şolbada aglamasyny goýýar. Ol gorkup, ýüzüni ýassyga berip, uklap galýar. Gör, oglum, geň zat, sen çynyňy aýdaňda, meniň jaýdan gaçyp gitmedigimi geň görmeli.

Körogly:

— Meniň saňa öz ejem ýaly garandygymy ýeri-gögi Ýaradanyň ruhundan ant içýärin. Emma eger sen şu syry birine açsaň, nälet saňa. Sen eger ýedi asmana çyksaňam, syrtmak zyňyp, çekip alaryn. Eger jyna öwrülip, ýeriň aşagynda gizlenseňem, ýaramaz göwräňi bölek-bölek etmek üçin gysgyç bilen çekip çykararyn.

Garry aýal:

— Maňa ynanaý, men dirikäm men agzymy açmaryn – diýdi. Körogly:

— Aýtsana, garry, Soltan Myrat şu wagt nirede? Men şonuň gyzynyň ugruna çykyp geldim – diýdi. Onda kempir:

— Eý, oglum, Soltan Mekkä zyýarata gitdi. Ogly Burjy Soltan häzir onuň ýerinde soltan bolup otyr – diýdi.

— Şa gyzy Nigaranyň ýaşaýan ýeri nirde?

— Daşdan gurlan ýedi diwaryň aňrysyndaky köşkde. Her diwaryň sakçylary bar.

Ertir bolanda Körogly namaz okap, atýatakdaky Gyraty görüp geldi. Soň ertirlik naharyny iýip bolansoň garry kempire garap:

— Men bazara gidýän, gapyny bekläň-de, öýe hiç kimi salmaň – diýdi.

Körogly bazara baryp, özi üçin mollalaryň geýýän köýnegini taýýarlamagy buýurdy. Soň birnäçe metr ak biz satyn aldy. Mermer daşyna Soltan Myradyň adyny ýazdyrdy. Ol içinden: "Şa gyzy Nigara menden dutar bermegimi sorar, men dutar alyp gelmändirin. Bu ýerde dutarçy ussa Ýakup bar. Her ýyl maňa dutar iberýär. Şonuň üçin hem oňa ýylda bir ýüz tümen iberýärin" diýip, oýlanandan soň ussa Ýakubyň dükanyny tapyp, daýhan eşiginde onuň ýanyna baryp:

— Ussa, maňa dutar ber – diýdi. Ýakup oglanlaryň birine dutar getirmegini yşarat etdi. Körogly ol dutary halamady. Ol dutaryň gymmadragyny, bezeglisini görkezmegini talap etdi. Dutaryň tutawaç bejerilip, gerek wagty oturdyp hem aýryp bolar ýalysyny sorady. Ussa Ýakup biraz gaharlanyp:

— Git, betbagt, sen Körogly dälsiň, dutary ýüz tümene bahalandyrar ýaly – diýdi. Körogly onuň ýüzüne seredip güldi.

Ussa ýene-de:

— Men saňa diýýän, edepsiz, ýok bol! Ýogsam şu buraw bilen samsyk kelläňe bererin – diýdi. Körogly: “Muňa barmaklarymyň näme bitirýänini görkezmesem, bu meni tanaman maňa gowy dutar bermez” diýip oýlandy. Soň ol bir dutary alyp kükreginde goýup, ussa Ýakuba garap şu gazaly aýtdy:

***Men Çamlybilden ýol boýy aýdym aýdyp geldim.***

***Eý ussa, guluň bolaýyn, goýber meni, gideýin.***

***Meniň dutarym döwüldi, men aljyraňňy ýagdaýda.***

***Ussa, men seniň guluň, goýber meni. Meniň dutarym diwarda asylyp galdy.***

***Men ýerimden turup ony kükregimde goýdum.***

***Öwez serhoş boldy, dutar döwüldi.***

***Ussa, guluň bolaýyn, goýber meni gideýin.***

Ussa Ýakubyň bir hyzmatkäri bardy. Ol adam Öweziň ady tutulanda Köroglyny synlap, ony tanady. Ol hojaýynynyň gulagyna pyşyrdap:

— Ussa, öýüň üstüňe ýykylsyn. Bu Körogly – diýdi.

— Diliňi sakla samsyk – diýip Ýakup, onuň gulagyna ýumruklap goýberdi.

— Hiç hili güýç Köroglyny Ystambyla getirip bilmez.

Soň Körogly ýene-de bir gazal aýtdy.

Eý! Näme üçin men şu wagt Çamlybiliň jülgelerinde gezip ýöremok.

Owadan gözleriň gurbany bolsam.

Meniň kiçijik söýgüli Hurde hanym dutarymyň owazyna tans ederdi.

Ussa, guluň bolaýyn goýber meni, ýoluma gideýin.

Emma samsyk ussa üme düşünmän, ýene Körogla käýäp başlady:

— Gödek ýalançy! Men ýylda Körogla bir dutar iberýärin. Şonuň üçin ol maňa bir ýüz tümen berýär. Şu wagt seniň hamyňdan ýüz tasma çykaýmasa.

Körogly bir gazal aýtdy:

***Eý, meniň egri gylyjym, hany sen.***

***Men şu öwünjeň kişini ikä böleýin.***

***Ussa, dutary ber maňa, men gideýin.***

Mundan soň, onuň gahary geldi. Pyçagynyň sapyna ýapyşmakçy boldy. Emma içinden: “Eger bu it ogluny öldürsem, munuň ýaly ussa hiç ýerde tapdyrmaz” diýdi. Ol ýene-de gazal aýtdy.

***Çamlybilde: “Bege ýol beriň” diýýärler.***

***Men şol beg.***

***Men ussanyň günäsini geçerin, oňa degmerin.***

***Men bäş ýüz tümene boýun egmerin.***

***Ussa, men seniň guluň, çalt meni ýola gönderiň.***

Ahyr Ýakup Köroglyny tanap, aýagyna ýykylyp:

— Günämi geç, agam. Men paňkelle seni tanamadym – diýdi. Körogly:

— Tur ýeriňden. Eger sen tutawajy aýrylýan dutar bejerip berseň men seniň günäňi geçýän – diýdi.

Ussanyň özi ylgap gidip, ady tutulýan dutary getirip berdi. Körogly ony synlap gördi. Göwnüne ýarady. Ol soň tutawajyny aýyryp, dutary jübüsine saldy. Ussa elli

tümen, özüni tanan oglana-da ýigrimi bäş tümen berdi. Körogly Ýakuba:

— Sen menden ýylda ýüz müň tümen alyp ýördüň, emma meni tanamadyň. Bu oglan meniň çöregimi hiç haçan iýmese-de meni tanady. Eger sen ondan men gidemsoň bir teňňe alsaň, men saňa berk temmi bererin. Sen ak düýäni gördüňmi? – diýdi. Ussa:

— Men onuň yzlarynam görmedim – diýdi.

Körogly garry kempiriň öýüne gaýdyp gelýärkä, türki fakyha[1] gabat geldi. Onuň bilen mylaýym salamlaşyp:

— Meniň enem agyr ýatyr. Sen şol garry kempiriň başujynda oturyp Gurhandan bir süre okap ber – diýdi. Ol:

— Ilki maňa hakymy töle – diýdi.

Körogly oňa bir dukat berdi we olar ýoluny bile dowam etdiler. Olar howla girip gelýärkäler, Körogly fakyhy öňürti girizdi-de, yzyndan gapyny ýapdy. Fakyh garry kempiriň howluda gezip ýörenini görüp sorady:

— Sen maňa eneň agyr ýatyr diýmediňmi? Men onuň gowudygyny hem ýöräp bilýändigini görýärin.

Körogly jogap berdi:

— Bu salgym-la! Men öýden çykamda ol ölümiň bäri ýanyndady. Indi oňa ýaňadan jan gelipdir.

— Men onda yzyma gideýinmi?

---

[1] Fakyh – şerigat meselelerini bilýän adam.

— Dur, fakyh, bir bölek kagyz alyp meniň aýdanymy ýaz.

Fakyh guşagynyň aşagyndan syýadan çykaryp, bir tagta kagyz aldy-da, taýýar bolup oturdy. Körogly:

— Sen Soltan Myratdan şa gyzy Nigara hat ýazmaly – diýdi.

— Gowusy öldür meni, men olar ýaly zat ýazmaryn.

— Ol nähili? Sen onda ýazyp bilmeýäň-dä.

— Ýok, men ýazyp bilmeýän.

Körogly onuň bokurdagyndan tutup, ony şeýle bir gysdy welin, fakyhyň gözleri hanasyndan çykara geldi, onuň garalan dili agzyndan sallandy. Ol zordan sakawlap:

— Agam bogma meni, näme isleseň ýazaýyn – diýdi.

— Bu başga gürrüň. Indi ýaz fakyh! “Gyzym, men seniň ýanyňa Mekkeden hajylaryň Röwşen atly ýolbaşçysyny ugradýaryn. Maňa etjek hormat-hezzetiňi oňa et. Bu adam hudaýhondyr, din ugrundan ökdedir, onuň ýaly Alla berlen adam ýeriň ýüzünde ýokdur...”

— Fakyh içinden: “Bu adam eşekdir, okap bilmeýär. Men başga bir zatlar ýazmaly” diýip, şeýle zatlary ýazdy: “Nigara hanym, şu haty görkezjek Röwşen atly dünýäde görülmedik deýýusdyr, ýalançydyr, garakçydyr! Ony gowy gamçyla-da, şäherden kow, ol hazyna zyýan getirer”.

— Men ýazdym, agam, maňa ýelim berseň, ony ýelmäýin.

Körogly:

— Näme ýazandygyňy getir göreýin – diýdi.

Fakyh içinden: “Nälet başyma, bu adam okap bilýän ekeni” diýdi. Soň:

— Men ýene bir iki söz goşmaly. Rugsat berseň, gutaraýyn – diýdi. Körogly onuň elinden kagyzy kakyp aldy. Ol ýalançy bir giden biderek zatlar ýazyşdyran ekeni.

— Bu nämäni aňladýar?

Fakyh:

— Sen bokurdagymy şeýle bir gaty gysdyň welin. Ganym beýnime urdy. Men gaty gorkdum, näme ýazanymy bilmeýän. Agam, howandarym, gurbanyň bolaýyn. Bagyşla meni. Men häzir şeýle gowy ýazaryn, seniň-de göwnüňe ýarar – diýip jogap berdi. Körogly ony silkeläp:

— Onda ýaz-da, nejis – diýdi. Oýun edesi zat ýokdy, fakyh hojaýynyň aýdyşy ýaly ýazmaly boldy.

Körogly haty üns berip okady hem ony ýüzüne Soltan Myradyň ady ýazylan möhür bilen ýelimledi.

Indi, fakyh, sen şa gyzynyň köşgüniň bäş geçelgesiniň garawullary üçin aýratyn buýruk ýazmaly diýip, Körogly fakyha şu sözleri ýazdyrdy: “Men saňa çawuşym Röwşeni iberýän, oňa men tarapdan doly ynanç bildirilýär. Şa gyzy Nigaranyň huzuryna barmaga oňa päsgelçilik bermäň. Onuň ýanynda näme bolsa, bolubersin”. Körogly haty okap hemme zadyň dogry ýazylandygyny gördi. Ol haty Soltan Myradyň möhüri bilen ýelimledi. Ýene-de fakyha soltanyň

möhüri bilen birnäçe kagyzy taýýarladyp, jübüsine salmagy buýurdy.

— Indi, aga, maňa gitmäge rugsat ber – diýdi.

— Meniň saňa azajyk nebsim agyrýar. Sen haty gowy ýazdyň. Emma meniň saňa beren dukatym ýasamady. Ony maňa ber, men gowy dukata çalşyp bereýin.

Körogly fakyhyň gaýtaryp beren dukatyny gapjygyna salyp içinden şeýle diýdi: “Kesilen kelle geplemez”. Ol fakyhy gapdala çekdi-de, taýagy bilen kellesinden bir urdy. Neresse ýigidiň kellesi edil ýapylan kitap ýaly ýepbeşdi. Fakyhyň jany jähenneme gitdi. Körogly meýdi diwaryň düýbüne zyňdy. Soň ol aýagy bilen diwary şeýle bir gaty depdi welin, diwar ýykylyp, ölen fakyhyň üstüni gömdi.

Garry kempir bu zatlary daşdan görüp, aglap başlady. Ol kükregine urup gygyrýardy:

— Seniň atаň ýansyn, oglum, hiç haçan meniň öýümde nähak gan dökülen däldir. Näme üçin beýle iş etdiň? Körogly:

— Sen özüňi hem şeýle öldürlip, diwaryň galan bölegінem gatan göwräňe ýykdyrasyň gelýämi? – diýdi.

— Men günäkär, oglum, bagyşla meni, isläniňi et – diýip, garry aglady: Körogly öz geýiminiň üstünden bazardan alan mollanyň ak geýimini geýdi. Soň ak balak geýdi. Hemmesiniň üstünden hajynyň hyrkasyny atdy. Kellesine selle dolady. Hanjaryny goýnunda gizledi. Bir elinde hasasy, beýleki elinde tesbisi bardy.

Gözleri çala açyk, kellesi takwalarça aşak, ýuwaş, gaýgyly halda şa gyzy Nigaranyň köşgüne tarap ýöredi.

Derwezäniň ýanynda ony garawullar sakladylar. Olar:

— Hajy nirä barýaň? Bu soltanyň haremhanasy. Muňa hiç hili adama girmek bolanok – diýdiler.

— Men giribilýän, nälet siňen kapyrlar!

— Seniň hajylygyňy Alla kabul etsin. Emma bizde tertip gaty berkdir. Hatda sizem biz içeri goýberip bilmeýäs.

Körogly:

— Meniň adym Çawuş Röwşen. Men Mekkeden gelýärin. Meni Soltan iberdi. Dogry, Nigara daşa çyksa üşemegi mümkin. Meni özi kabul etse dogry bolar.

— Eliňde Soltandan ygtyýarnama barmy?

Körogly köşgüň sakçylaryna niýetlenip ýazylan ygtyýarnamany berdi. Olar buýrugy üns berip okanlaryndan soň, onuň hyrkasynyň etegini ogşadylar. Oňa:

— Hajyňy Alla kabul etsin. Bizi bagyşlaň, biz bilmändiris. Mekgä zyýarat edeniňiz üçin sizi Alla ýalkasyn – diýdiler.

Şeýdip, çagasyny emdirip oturan aýalyň göwsüni kesäýjek haramzadalaryň haramzadasyna haremhana girmäge ygtyýar berildi.

Ýedi diwaryň derwezelerinden geçip, Körogly Nigaranyň jaýlaryna baryp ýetdi. Onuň hemme tarapy gülden doludy. Ol ýerde dört sany akyp duran suw howzy bardy, çüwdürimler işläp durdy. Körogly

hyrkasyny dört epläp, howuzlaryň biriniň gyrasynda goýdy. Körogly ol ýerde oturyp baglara seredýärdi. Baglaryň ortarasynda Nigaranyň daş töweregi dükan bilen gurşalan köşgi bardy. Şolaryň birinde şa gyzynyň özüni gördi. Ol aýnalary açyk köşkde birnäçe owadan gyzlaryň arasynda şerap içip otyrdy. Hyzmatkär gyzlaryň biri howzuň gyrasyna suw almaga gelipdi. Gyz görse, ol ýerde gözleri çala açyk ak selleli molla otyr. Ol tesbi sanap, daşyndanam doga okaýardy.

— Sen näme işleýäň bu ýerde, eý adam – diýip hyzmatkär sorady. — Bu soltanyň haremhanasy ahyry.

— Adam? Bu nähili at? Ýaramaz gyz diýse. Näme “hajy” diýip aýtmaga diliň öwrülenokmy. Sen meni Mekgä gidip gelmegim bilen gutlap bilmediňmi? Siziň bikäňiz aýaklaryna çepegini geýip, meni garşylamaga çykyp bilmedimi?

— Sen onda kim bolarsyň?

— Men patyşanyň çawuşy Röwşen. Men Mekgeden geldim. Meni bu ýere soltan iberdi.

Ol bu sözleri eşidip, begenjine küýzesini suwdan doldurmagy ýadyndan çykardy. Bu habary tizräk bikesine ýetirmäge gitdi. Otaga girip, şa gyzynyň şaly bilen haly üstünde ýatan göwherlerine ýapyşdy.

Nigara:

— Näme boldy? Sen içgilimi? Beýdip meniň şalym bilen göwherlerime ýapyşyberdiň? – diýip sorady.

— Men däl, sen içgili. Gowy habar getirenim üçin indi alanlarymyň bary meniňki. Soltanyň iberen çawuşy Mekgeden gelipdir.

— Şeýle çaltmy. Mümkin däl.

— Men kelläm bilen ant içýärin, bikäm. Ol şeýle hudaýhon adam, gözlerinde ot uçganaklaýar. Onuň ýüz-keşbi güne şöhle salýar.

— Turuň, gyzlar, ýörüň çawuşy garşylamaga gideli. Mukaddes däplerden bellidir, kimde-kim Mekgeden gelýänleri görmäge howluksa, eger olaryň atynyň tozy üstüne düşäýse, şol adamlara dowzahyň ody kär edip bilmez.

Şa gyzynyň otagyna seredip oturan Körogly ol ýerde bir gozgalaň gördi. Hemme aýallar çykyp, ony görmäge taýýarlanýardylar. Ol kellesindäki telpegini çalt aýryp, jübüsinden başga ýurtlarda geýýän gajar telpegini çykaryp geýdi. Mollanyň ak eşigini-de çykaryp, goýy zeýtun reňkli geýimini taşlady. Ol guşak deregine biline ak şal daňdy. Onuň aňyrsyndan göwher daşlar bilen bezelen dört tümen bahasy bolan hanjaryň sapy görünýärdi. Ol jübüsinden dutary çykaryp, oňa tutawajyny dakyp, taryny çekdirip, sazlap, dyzynyň üstünde goýup, kirişine kakyp başlady. Dutar edil bilbil ýaly seslendi.

Şa gyzy Nigara çalt geldi, yzyndan hyzmatkärleri hem geldiler. Hiç hili hajy görünmeýärdi. Oňa derek ol merdemsi ýüzli, murtlary ýeňsesinden çatybermeli bir adamyň durandygyny gördi. Onsoň:

— Sen ýalançy, ertekiçi, hany çawuş? – diýip, gyz hyzmatkärinden sorady.

— Allanyň adyndan ant içýärin. Şu adam hajydy, kellesinde-de telpek bardy.

— Sen onda sora bu sazandadan, haja näme bolduka?

Hyzmatkär gyz Köroglynyň ýanyna ylgap baryp:

— Seniň ýanyňda hajy bardy-la, ol nirede şu wagt? – diýip sorady.

— Aýryl şu taýdan, ýok bol, ýakymsyz gyz. Menden başga bu ýerde hiç kim ýokdy – diýip, Körogly gaharly jogap berdi. Biçäre gyz şa gyzynyň ýanyna bardy. Ol ähli zatdan ant içip: ol adam keşbini üýtgedipdir – diýdi.

— Git bezzat, sen hakykatda maňa görmegeý hajyny görkezdiň. Gyzlar, çalt taýak getiriň.

Göz açyp ýumasy salymda günäsiz gyzyň aýagyny daňyp, dabanyna sansyz taýak urdular. Köroglynyň nähak urlan gyza nebsi agyrdy. Ol aýagyna galdy-da, Nigaranyň öňünde durup, oňa salam berjek boldy. Emma içinden: “Bu Soltanyň gyzy. Has beteri, bu gizlin oýun biz tarapdan tapylan zat diýdi. Şonuň üçin ol bar sesine:

— Salam aleýkum – diýdi. Şa gyzy Nigaranyň gaty gahary gelipdi, şonuň üçin ol hiç hili jogap bermedi. Edil kükregine pyçak sokulan ýaly Körogly hem öz ýanyndan: “Bu gyz maňa jogap bermedi” diýip, gaty öýkeledi.

Körogly gaty ses bilen:

— Şa gyzy, hyzmatkär gyzyň urulmagyny bes etmeklerine buýruk ber. Biçäre gyz günäsiz – diýdi. Soň ol eline dutaryny alyp, bir gazal aýtdy:

***Men oňa salam berdim, ol bolsa ony almady.***

***Men garyp aşyk. Mende teňňe ýok.***

***Seniň ýaly göwheri satyn almaga mende baýlyk ýok.***

Nigara oňa golaýrak gelip:

— Sen ykmanda deýýus. Eger sende ýüz müň tümen bolanda-da, kim seniň egniňe meniň göwrämi goýjak bolup duran? – diýdi. Muny aýdyp, gyz aýagy bilen onuň döşünden depip goýberdi.

Hyzmatkär gyzlaryň biri şeýle diýdi:

— Bikäm, haýp boldy. Seniň näzik aýagyň hapa kişiniň döşüne degdi. Körogly:

— Samsyk gyz, meniň döşümiň seniň bikäň aýagyndan has arassa däldigini sen nireden bilýäň? – diýdi.

Soň ol şa gyzyna tarap öwrülip bir gazal aýtdy:

***Seniň demiňde bägüliň we sünbüliň ysy bar.***

***Şol güller ýaly sen ýekelikde gülleýäň.***

***Sen meniň ýüregimdäki oksuň.***

***Asman senden ar alar.***

***Sebäbi sen meniň arzyma gulak asmaýarsyň.***

Nigara bu jogaby gaharly diňledi. Onuň pyrtykaldan uly bolmadyk göwüsleri bir galyp, bir düşýärdi. Olaryň aklygy Sawalan dagynyň depesindäki garynyň aklygy-nam utandyryp biljekdi. Körogly içinden: "Näme bolsa-da, gel, dowam edeli. Onuň döşüniň aklygyny kümüşe deňeseň, bärden gaýdar. Kümüş hem ýeňles aýallar ýaly elden ele geçip basym sandan çykýar. Men ony gara hem deňäp biljek däl. Sebäbi gar günüň ilkinji şöhlesinden eräp ýok bolup gidýär. Gowusy, men ony

ak kagyza deňäýin. Kagyz uzaga gidýär. Ony döşüňe goýaňda-da, öz aklygyny ýitirmeýär”. Körogly Nigara garap:

***Sen bägül bilen sünbülden doly bagsyň.***

***Näme üçin meniň kükregimi ýaralaýarsyň?***

***Seniň göwsüň ak kagyz ýalydyr.***

***Näme üçin maňa onuň üstünde söýgi hekaýatyny ýazdyrmaýarlar.***

Şa gyzy Nigara nama gulak asyp, hiç gymyldaman durdy. Körogly içinden: “Gel, dowam edeýin we oňa öz adymy aýdaýyn” diýdi. Soň ol şeýle gazal aýtdy:

***Sen ýaz bagynyň ter miwesi. Sen ysly behi we narsyň.***

***Eý Nigara! Sen Köroglynyň söýgülisi.***

***Dünýä seniň gadyr-gymmatyňy bilmeýändir öýtme.***

Körogly Belli Ahmetden Nigaranyň hatyny we suratyny alanda serhoşdy. Olar onuň ýadynda ýok. Şeýle hem şa gyzy Nigara bilen Belli Ahmediň arasynda gök dükanda bolan wakadan hem habary ýokdy. “Bu Nigara akylsyz ýigidi uruň” diýip, hyzmatkär gyzlary iberdi (gaharly aýallaryň barmaklarynyň we dyrnaklarynyň aşagynda galmakdan Alla saklasyn!). Gyzlar Köroglyny orta alyp şeýle bir urdular welin, onuň üstündäki zeýtun reňkli köýnegi bölek-bölek boldy. Körogly ýalbardy:

— Eý, şa gyzy, eger seniň maňa janyň agyrmasa, hyzmatkär gyzlaryňa janyň agyrsyn. Meni urmakdan olaryň elleri gabarçaklap gitdi.

Şa gyzy:

Geliň, gyzlar, biraz şerap içeliň. Ondan soň biz ýene bu murtly nejisi urarys – diýdi. Olar gitdiler. Nigara geçip barýarka birnäçe gezek Köroglynyň uzyn boýuna we onuň syratly, owadan keşbine ser saldy. Muny görenden Körogly agyrylary ýadyndan çykardy. Ol dutaryny eline alyp, Nigaranyň gözlerini taryplap, bir gazal aýtdy:

***Eý, Nigara, sen jeren gözli şa gyzy.***

***Men seniň daşa öwürlen döşüňi görermikäm?***

***Sen meniň ýüzümi aşak saldyň, gözleriň ýaşa dolgaý.***

Şa gyzy diňleýärdi. Ol Köroglyny barha artýan üns bilen synlaýardy. Körogly muny görüp, ýene-de bir gazal aýtdy:

***Buýur, jeza berijilere ber meni.***

***Emma bigänelere syr berme.***

***Eger sen ata münmeli bolsaň, gulandan başga ata münme.***

***Kimde kim oňa atlansa, ol lezzet alar.***

Nigara gygyrdy:

— Gyzlar, maňa şu ýere şerap getiriň.

Ol içip duran wagty, Körogly ony synlaýardy. Ol bir gazal aýtdy:

***Buýur, meni öldürsinler.***

***Goý, meniň gözýaşym gurasyn.***

***Bulgurlar doldurylsyn.***

***Meniň ganymy içiň.***

***Ol seniň saglygyň üçin gowy bada bolar!***

Körogly içinden: “Sen şeýle kän azap çekip Ystambyla geldiň. Indi näme? Eger bolmanda mümkin bolsa, munuň öwezine şunuň ýaly owadan gyzlardan on dört, on bäş sanysyny tapyp bolsa, Çamlybile alyp giderdim. Şu günki şowsuzlygymyň deregine özümi köşeşdirerdim” – diýdi. Soň ol ýene-de bir gazal aýtdy:

***Men hemme ýeri aýlandym.***
***Ony tapjak boldum.***
***Men baglary, bazarlary aýlandym.***
***Nigara ýaly owadan on bäş gyz gelsin Köroglynyň gaşyna!***

Nigara dükana baryp biraz şerap içdi. Çamlybilden çykyp gaýdaly bäri Körogla içmäge maý bolmandy. Onuň ýüregi şerap küýseýärdi. Ol Nigaranyň özüne dikelip seredýändigini görüp, dodaklaryny ýalap hem dişläp başlady. Şa gyzy:

— Gyzlar! Gidiň-de mumyýany ýaga garyň-da oňa getirip beriň, içsin. Ýogsam, ol gorkudan ölýär. Soň oňa: “Şa gyzy seniň ölmegiňi islemeýär” diýip aýdyň. Goý, içsin-de, soň gitsin. Ýogsam men ony öldürerin.

Körogly gyzlaryň piti bilen içgi getirýändigini görüp begendi. Ol ony şerapmyka öýtdi. Bu näme? – diýip sorady.

— Bu mumyýanyň ergini. Bikäm saňa diňe bir bulgur bermegi buýurdy. Men tutuş pitini doldurdym. Bikäm saňa şuny içip gitsin. Ýogsam, öldürerin diýdi.

Körogly öýkeläp, ol gyzy kowup goýberdi. Ol oňa Nigaranyň özüniň içip oturan içgisinden ibermegini buýurdy.

— Ol nähili? Dindar hajy gadagan içgi içýärmi? Berekella! – diýip, şa gyzy haýran galdy. Onuň buýrugy bilen howzuň ýakasyna haly düşelip, üstüne çüýşeler, nygmatlar goýuldy. Ondan soň bar gyzlar şa gyzyna eýerip, meýdançada oturdylar. Şa gyzy:

– Hajy aganyň haýyşy boýunça biz oňa şerap bereris. Emma ol bize tans edip bermeli. Şondan soň ol nejisi gamçylap haremhanadan kowarys – diýdi.

Körogly ýetip gelýän topary synlap durdy. Şa gyzynyň ýöreýşi ajaýypdy. Wagtal-wagtal ol saklanyp, hyzmatkär gyzlaryndan gowurlan et ýa-da şoňa meňzeş nygmatlar alýardy.

Köroglynyň öňüne saçak ýazyldy. Ol içinden: "Şa gyzynyň şanyna hiç hili heň çalmasam, meniň ol zehinim ýekeje teňňä-de degmeýär" diýdi. Ol saz çalyp, şeýle nama aýtdy:

***Eý agalar! Nigara ýene geldi.***

***Meniň gözümden begenç gözýaşy akýar.***

***Şa gyzy Nigara ýene geldi.***

***Pygambere ol sebäpli jeza berilse-de, ermeni öz hajyny gowy görýär.***

***Men onuň ak ýüzünden posany gaňryp alaryn.***

***Gör, gara saçyny nähili owadanlapdyr.***

***Ol gara saçyny näzik boýna düşüripdir. Ol gelipdir!.***

Nigaranyň göwresi ýörän wagty ajaýyp çaýkanýardy, gözleri bolsa, Körogla garaýardy. Muňa Köroglynyň göwni göterilip, bir gazal aýtdy:

***Men entegem umyt baglap bilerinmi?***

***Sen hakdaky pikir ýüregimde dag goýdy.***

***Men Nigarama seredýärin.***

***Ol bir eli bilen nygmatlary alyp iýýär. Beýleki elinde içi doly şeraply käse.***

***Ol maňa owadanlygyny görkezmäge gelipdir.***

***Ol meniň gözýaşlarymy dökmäge, ony soňuna çenli içmäge gelipdir.***

***Şa gyzy Nigara ýene gelipdir. Ol Köroglyny öldürer.***

Körogly aýdymyny aýdyp gutarandan, Nigara hyzmatkär aýallary çagyrdy-da:

— Indi ýenjiň deýýusy – diýdi. Yzy-üzülmeýän urgular ýene onuň üstüne ýagyberdi. Körogly ýerde agyrydan ýaňa çyrpynyp ýatdy. Soň, ýuwaşlyk bilen suwly howzuň ýanyna bardy. Soň ol suwa bökdi-de, bir eli bilen dutary kellesinden ýokary göterip, mermerli çüwdürimiň ýanyna bardy. Ol sütüniň üstünde ýerleşip şol ýerde oturdy.

Gyzlar bikeleriniň buýrugy bilen oňa daş atyp başladylar. Körogly içinden şeýle pikirlendi: “Eger Allanyň emri bilen men şu ýerden sag sypsam, eý, Belli Ahmet, men seniň dädeňi ýakaryn. Ol gyz meni hiç haçan söýmändir. Sen bolsa meni aldapsyň”. Ondan soň ol şa gyzyna ýüzlenip, şeýle diýdi:

— A, gyz! Meniň ýadyma bir gazal düşüp dur, men şony aýdaýyn. Soň ýene-de meni urdurmak üçin buýruk beriber.

***Eý agalar! Men bir ýaş owadan gyza aşyk boldum.***

***Men diwana boldum, samraýan diwana.***

***Birden meni hyjuw gurşap aldy. Şol hyjuw meni jeren gözli gyza tarap çekdi gitdi.***

***Eger men onuň zalymdygyny bilen bolsam, men söýgüden daş bolardym.***

***Men şu wagtky ýaly gaýgy-hasratdan doýgun bolup oturmazdym.***

***Men zalym kysmata ýalbarmaly däl.***

***Azat et meni. Azat et, zalymlygyňdan, haýpyň gelsin maňa!***

Bu ýerde Nigaranyň ýüregi galpyldap gitdi. Körogly tolgunyp, ýene-de bir gazal aýtdy.

***Gündogardaky baýryň üstünden gün dogdy.***

***Ol gülden doly bagdyr.***

***Onuň ýaňagynda bägüller gunçasy açylýar. Hiç bir duşman söýgüliniň bagyna seretmäge milt etmesin.***

***Bu bägülleri ýolmaga kimiň kysmaty bolar?***

Nigara muny diňläp, hyjuwy artyberdi. Körogly aýdymyny dowam etdirdi:

***Körogla ter dodaklaryňdan emmäge ygtyýar ber. Seniň biliňden bir guçan ýigit hiç ölmez.***

***Eý, Nigara! Ýagşy we ýaman kysmatda men seniň guluňdyryn.***

## BÄŞINJI BÖLÜM

Agşam golaýlaýardy. Suwuň salkynlygy, gaharly hyzmatkär gyrnaklaryň urgulary Köroglyny biraz janlandyrdy. Ol Nigara Belli Ahmede ýatlatmagyň zerurlygyny duýýardy. Şa gyzy Nigara hem pikirlenýärdi. Ol içinden: “Aýdymlarynda yzygiderli Köroglynyň adyny gaýtalaýar-la. Bu Köroglynyň özi bolaýmasyn?” Ol:

Gulak as maňa, ýaş ýigit, dogryňy aýt, sen Köroglymy? – diýdi.

— Seni Alla ýalkasyn! Seniň hyzmatkärleriň meni edil öküziň hamyny ýenjen ýaly pugta ýençdiler. Sen bolsaň hiç meniň Köroglydygymy soramadyň. Eger meni göresiň gelmedik bolsa, onda näme üçin Belli Ahmetden hat ýazyp ýolladyň?

— Onda sen şol ekeniň, bagyşla meni, Köroglym! Eger seniň göwnüňe degen bolsam, ol diňe meniň bilmezligimdendir. Eger men saňa käýän bolsam, dilimi kesmäge seniň hakyň bar. Eger men uran bolsam, meniň elimi kesmäge saňa ygtyýar berýärin. Diňe meni bagyşla.

— Men seni öň bagyşladym.

— Meniň kakam Soltan Myrat edil seniň ýaly uzyn boýly. Häzir men onuň şa donuny getireýin. Eger ol saňa uzyn bolsa, men öz dyrnaklarymy dabanyňa çümdürip, seni öser ýaly ederin. Eger ol gysga bolsa, men donuň ýetýän ýerinden aýaklaryňy kesdirerin. Eger ol giň bolsa, men seniň garnyňy ýardyryp, deriňi soýdurup, içiňe saman dykyp, dona sygar ýaly ederin. Ýöne sen çaltrak suwdan çyksaň, iş çaltyrak biter.

Körogly:

— Sen Abu Hüreýranyň düzgüni boýunça maňa jeza berýäň. Men saňa hemme zatda boýun egerin – diýdi. Emma ol öz içinden: “Bu aýaly aňsat aldaryn. Eger don maňa juda uzyn bolsa, men daraklygyma basyp duraryn. Eger juda gysga bolsa, men dyzymy eperin. Eger juda giň bolsa, çişip duraryn, dar bolsa, içimi çekerin” diýip, pikir etdi. Soňra ol:

— Şa gyzy, dony getirdiň.

Ol suwdan çykýarka, Nigaranyň hut özi oňa kömek etdi. Dony derrew getirdiler. Don Körogla ylaýyk bolup, ol oňa gowy gelişýärdi. Şa gyzy bilen Körogly ellerini biri-biriniň boýnuna atyp, dükana tarap ýörediler. Türki däbe görä, olar bir bulgurdan şerap içdiler. Ilki Körogly içdi, ondan soň Nigara öz gezeginde şol bulgurdan içdi.

— Körogly, sen maňa aýt, ýanyňda meşhur Gyratyň hem barmy? – diýip, şa gyzy sorady.

— Hawa, bar.

— Sen şoňa meňzeş başga bir at tapyp, meniň üçin satyn algyl.

— Şa gyzy, onuň ýaly at üçin azyndan bäş müň tümen tölemeli. Mende onça pul ýok.

Nigara gerek puly derrew getirdip, sanap berdi. Körogly şerabyň we şa gyzyna bolan söýgüsiniň täsirinden göwni göterilip, gyzyň şanyna bir gazal aýtdy:

***Beýik daglaryň depesindäki gar, ere, ere.***

***Seniň uçganaklaýan gözleriňden meniň däli ýüregim aram tapýar.***

***Meniň mähriban söýgilim, ol ýaşyl geýinipdir.***

***Ol durşy bilen al öwsüp dur.***

***Onuň içýän suwy asman howasyndan hem arassa.***

***Onuň gözleri söýgüden we şerapdan serhoş bolupdyr.***

Nigarany ýassyga ýaplanyp ýatyşyna, owadan we ýaşly gözleri bilen ony synlady. Onuň göwsi owadan geýiminiň aňyrsyndan edil Arabystanyň nary ýaly, Eýranyň limony ýaly görnüp durdy. Muňa Köroglynyň aram-karary gidip, dutaryň taryna kakyp, bir gazal aýtdy.

***Men söýgülimiň dogduk obasyny görýärin.***

***Onuň dodaklary emmek üçin döredilipdir.***

***Onuň göwüsleri geýimine baş bermän ondan çykyp dur.***

***Onuň göwüsleri edil nar ýaly!***

Körogly az-kem özüni dürsäp, içinden: “Sen Ystambylyň edil ýüreginde dälmidiň? Sen Soltanyň ýedi diwarly haremhanasynyň edil ortarasynda dälmidiň? Sen tüýs ýüregiňden aýdym aýtmaga nädip

milt edip bilýäň? Türkiýäniň ýaşaýjylarynyň ählisi saňa öler ýaly duşman. Tamda gulak bar, şonuň üçin hem sen has hüşgär bolmalysyň” diýip oýlandy. Ondan soň ol dutarda has ýuwaşyrajykdan saz çalmaga we pesräk ses bilen gazal aýtmaga başlady:

***Men Köroglydyryn.***

***Men näme bu bagda erkin, arkaýyn öz eşigimde görnüp bilýärinmi?***

***Men bu giň dünýäde hezil edip gezip bilmedim.***

***Dünýä maňa dar görünýär.***

Şa gyzy Nigara bu sözleri eşidip, munuň hakyky Köroglydygyna doly göz ýetirip:

— Ruhdan düşme. Öňkiň ýaly mollanyň geýimini geýip, git-de maňa at satyn al. Ondan soň başky gelişiň ýaly, bu ýere gaýdyp gelmeli. Ertir şäherden bir adam hem çykmaz ýaly men berk buýruk bererin. Men ýeke özüm çykaryn. Eger sen ýaş we sypaýy bolsaň, özüňi görkezmäge mümkinçilik gazanarsyň – diýdi.

Şol zatlary gepleşip, Körogly şa gyzynyň ýanyndan gidip, howzuň ýanyna geldi. Ol şol ýerde goýup gaýdan molla eşiklerini ýygnap alyp, sellesini, çäkmenini, donuny geýip, tesbini eline alyp haremhanadan çykyp gitdi. Derwezäniň ýanyndaky garawullar onuň daşyna üýşdüler. Olar ondan:

— Soltandan habar getireniň üçin şa gyzyndan näçe pul aldyň – diýip soradylar. Körogly olara jogap hökmünde hersine bir dukat berdi.

Hawa, hajy, yzyňa Mekgä gitjekmi?

Hawa, men her ýyl Mekgä zyýarat edäýmeli.

— Soltana aýtmagy ýadyňdan çykarma. Ol gideli bäri biz şa gyzy Nigaradan ýekeje teňňe-de almadyk.

Körogly haýran galyp:

— Dogrudanam, siz özüňize degişli hakyňyzy almadyňyzmy? Eger şeýle bolsa men ertir hem şu wagtlar yzyma gelerin we şa gyzyna size töleg bermegi buýraryn – diýdi. Emma ol öz içinden:

“Men ertir şu ýere şa gyzy Nigarany alyp gaçmak üçin gelerin”- diýip, pikir etdi. Ondan soň:

— Siz öz nägileligiňizi bildirmek üçin duran ýeriňizden gitmeli – diýdi.

Olar:

— Biz seniň gurbanyň bolaly, hajy aga! – diýdiler. Körogly soň garry kempiriň ýanyna gitdi. Ol şol ýerde gizläp goýan bäş müň tümenini alyp, at bazaryna bardy. Ol ýerden üç ýaşar at satyn alyp, ony getirip, athanada daňyp goýdy. Ol eýeri we sapara gerek boljak beýleki zatlary hem taýýarlady. Körogly şeýle kän hysyrdylardan soň, öli ýaly ýatdy. Ol oýananda gün eýýäm dogupdy. Ol bazarda deprek kakylýanyny eşitdi. Körogly sorady:

— Ene, deprek kakylmagy nämäni aňladýar.

— Oglum, Soltanyň gyzy hepdede bir gezek gezelenje çykýar. Bu depregleriň sesi şa gyzy gezelenje çykan wagty hiç kim köçede gezip ýörmeli däldigini we hiç kimiň onuň ýüzüni görmeli däldigini aňladýar – diýip, garry jogap berdi.

Körogly namazyny okady. Ondan soň ýaraglaryny dakynyp, iki aty hem teblehanadan çykaranyndan soň,

garry kempire şeýle, kän altyn berdi welin, onuň ýüzi ýagtylyp gitdi. Ol:

— Indi, ene, sen öýüňde gizlenip, ümsüm oturmaly. Men şäherde şeýle bir galmagal turuzaryn. Olar, belki, meni şu jaýdan gözlärler. Bu harasat köşeşýänçä gowy gizlenmeseň heläk bolaýmagyň mümkin – diýdi.

— Taňryýalkasyn, oglum. Ýoluň ak bolsun! – diýip, ony ugratdy.

Tiz wagtdan Körogly Eýýäm Ystambyldan bir parsah aralykdady. Ol Gyratyň üstündedi, beýleki aty hem idip alyp barýardy. Ahyry ol durup, ýola seretdi. Ýoldan şa gyzy Nigara görünmelidi. Diň salyp görse, şa gyzynyň paýtunynyň sesi eşidildi. Ol Gyraty bilen onuň öňünden çykdy. Nigara begenip paýtundan düşüp, ýoluň üstünde durdy. Körogly çapyp barşyna durman Nigarany hyzmatkär aýallaryň arasyndan alyp, özüniň yzyna mündürdi. Ol şaly bilen şa gyzyny biline berk daňdy. Nigara:

— Körogly serdar näme üçin sen maňa aýratyn at bermeýäň – diýdi.

— Hiç zatdan gorkma, seniň atyň uýany meniň eýerime daňylgy. Arkaýyn bol, Çamlybile baryp ýeteris. Iki eliň bilen meni berk gujakla – diýip, Körogly yz galdyrmaz ýaly we yzçylary azaşdyrar ýaly ýoluň gyrasy bilen atyny çapdyrdy. Ol Ystambyldan on iki parsah daşlaşýança dynç alman ýöredi. Indi habary Nigaranyň hyzmatkär kenizlerinden alaly. Olar aglap, eňräp, saçlaryny ýolup, şazada Burjy soltanyň köşgüne gaýdyp bardylar.

— Sen näme üçin bärde otyrsyň. Seniň gyz doganyňy sergezdan biri alyp gaçdy. Ol biçäre gitmek islemeýärdi. Bikämiz zaryn-zaryn aglady, emma garşylyk görkezip bilmedi. Ol ony yzyna mündirip alyp gaçdy.

Burjy soltan tisginip gitdi. Ol atyna böküp münüp kowga başlady. Bu adatdan daşary habary eşiden her bir türk şazadanyň yzyna düşüberdi.

Şol wagt Körogly dag etegindäki owadan öri meýdanynda atdan düşüp:

— Otur, hanym, dynç alaly. Gysga wagtyň içinde biziň atlarymyz hem doýar. Men uzakly gije ýatmadym. Atlary gözden salma. Men birazajyk irkiljek – diýdi. Nigara:

— Sen uzak ýa-da gysga wagt ýatjak bolýaňmy? – diýdi. Körogly ýüzüni Nigaranyň ýaňagyna golaýlaşdyryp:

— Meniň juwan söýgülim, meniň iki hili ukym bar. Olaryň biri üç gün, ikinjisi bolsa ýedi gün dowam edýär – diýdi. Nigara içinden:

“Ine, saňa söýgüli! Seniň üstüňe öýüň ýykylsyn! Ystambyldan meni şu çöle getirenini az görüp, ol indi meni uzak uky bilen gorkuzmak isleýär” – diýdi. Körogly:

— Şäherden goşun gelmegi mümkin. Bu ýer oýun eder ýaly ýer däl. Hanym, eger kowguçy goşun bizi şu ýerde görse, şol gowy. Öri meýdan tekiz bolup ol, edil söweş meýdany üçin laýyk ýer. Meniň Gyratymyň şeýle gowy häsiýetleri bar. Eger meniň duşmanlarym

islendik ýerden maňa garşy çykyp ugranda, ol kişňeýär. Duşman ýarym aralygy geçende Gyrat ynjalyksyzlanýar we pyşgyrýar. Duşmanyň görünmeginiň öň ýanynda bolsa, Gyrat toýnagy bilen ýer peşäp, agzyndan ak köpük saçýar. Bu alamatlaryň baryny belläp al. Soňky alamat bolan wagty sen meni oýarmalysyň – diýdi. Muny aýdyp ýaňagyny gyzyň ýaňagyna berip, uka gitdi.

Nigara Gyraty uly üns bilen synlady. Köp wagt geçmänkä at kişňedi.

Birnäçe sagatdan soň, ol ynjalyksyzlanyp o ýana, bu ýana gezmeläberdi. Şol wagtyň özünde ol pyşgyrdy. Ahyrsoňy ol Gyraty synlap onuň toýnagy bilen ýer peşäp, agzyndan ak köpük saçyp duranyny gördi. Gyz Köroglyny oýardy.

Ol:

— Näme boldy? – diýip sorady.

— Tur, tur, Gyrat ýer peşeýär, ynjalyksyzlanýar.

Körogly ýerinden turup, Nigarany beýleki ata mündürip Gyratyň eýeriniň çekilerini çekdirip, atlandy. Ol atynyň üstünde naýzasyna häzirläp, parahat duruberdi.

Nigara:

— Näme üçin sen gaçmaýarsyň? Kowujy goşun basym bäri ýeter –diýdi.

Körogly:

— Eger olar bizi tapmasalar, olar bizi, hakykatdanam, Çamlybiliň derwezesine çenli yzarlarlar we bizi bimaza ederler. Gowusy, men olaryň

şu ýerde almytyny bereýin. Olara näme başarýandygymy görkezeýin. Ýogsam, olar bize dynçlyk bermezler – diýdi.

Körogly şähere tarap seredip, özüne tarap ýel ýaly çaltlykda çapyp gelýän atlyny gördi. “Bu kim bolup biler?” – diýip oýlandy.

Gaharyna ilkinji bolup Burju Soltan ýeke özi gyz doganyny halas etmäge çykypdy. Goşun onuň yzyndan gelýärdi. Şazada çapyp gelşine daşdan naýzasyna söýenip duran döw ýaly atlyny gördi. Onuň ýanynda şa gyzy Nigara başga atyň üstünde otyrdy. Burjy Soltan içinden: “Munuň ýaly esger bilen men ýeke urşup bilmerin. Ystambylyň ýüreginden Soltanyň gyzyny alyp gaçmaga milt etjek gaplaň diňe Köroglynyň özi bolmaly. Men gowusy ýanyna baryp, ony goşun gelip ýetýänçe güýmejek bolaýyn” diýdi. Ol daşdan:

— Eý esger! Men seniň bilen pars däbi boýunça ikiçäk söweşjek bolýaryn. Men Köroglynyň özünden sapak aldym – diýdi. Körogly:

— Ilki sen takat edip, meniň gazalymy diňle. Men gutaramsoň biz söweşeris diýip, söze başlady:

Sen deýýus we nejis.

Sen menden alanyň ýene-de maňa satjak bolýaň!

Sen bolsa şa gyzy gorkma.

Bu ýigit aldaw bilen beýleki goşunlar gelýänçe güýmejek bolýar.

Men bir urguda munuň bile meseläni çözüp biljek.

Emma şa gyzy men seniň ýüregiňi ýaralamaryn.

Ol seniň doganyň. Diňe şonuň üçin men kowujy goşuna garaşaryn.

Ondan soň ol şazada ýüzlenip:

— Hawa, han, sen indi aýdym aýdyp bilersiň. Göreli seniň aýdybilýäniňi – diýdi.

Burjy Soltan jogap berip aýdym aýtdy:

— Sen nirä uçup barýaň, Körogly?

Göreli, Nigara seniňki bolarmy ýa-da meniňki.

Ondan soň ol gyz doganyna seretdi. Görse Nigaranyň reňki öçüp, olary synlap dur. Burjy Soltanyň gözleri hanjaryň ýüzi ýaly ýalpyldap gitdi. Ol şeýle gazal aýtdy:

***Ol nähili owadan görünýär! Onuň döşi ýarym açyk geýimden çala görnüp dur.***

***Onuň köşgi dürli al-elwan güllerden doly, baglaryň ortarasynda dur.***

***Gözleriniň dury aklarynyň merkezinde iki sany garaja göreç ýagty saçyp dur.***

***Ol ýa seniňki ýa-da meniňki bolar.***

Körogly gygyryp goýberdi:

— Atasy ýananyň ogly! Bu gara saçly, gaşlary ýaý ýaly aýal meniňki. Ol saňa nämä gerek? Her hili ýagdaýda siz ony birine bermeli bolarsyňyz – diýdi.

Körogly kowujy goşunyň golaýlaşýandygyny görüp, Nigara diýdi:

— Gör, seniň doganyň nähili ähtiýalan adam. Onuň goşuny gelip ýetdi. Burjy Soltan Köroglynyň düzen aýdymyny aýtdy:

***Haçan hanlar söweş meýdanynda golaýlaşanda şirin janlar saňa gurban bolsun.***

***Gyzyl ganlar sil bolup ýerden akýar.***

***Nigara ýa seniňki ýa-da meniňki bolmaly.***

***Körogly gygyrdy:***

***— Ol seniňki, diňe gelip alaýmaly.***

***Burjy Soltan bir gazal aýtdy:***

***Men Soltanyň ogly.***

***Meniň adym Burjy. Men duşmanlaryň kellesini alýaryn. Gel, gylyçlaşaly.***

***Gyz ýa seniňki, ýa-da meniňki bolar.***

Körogly:

Gulak as maňa, sen, eý, soltanyň güjügi. Uruş-tälimleri menden geljege miras galmaly. Meniň aýdymlarym seniňkiden owadan, diňläp öwren – diýdi. Muny aýdyp, ol dutaryny eline aldy-da, taryny sazlap, aýagyny üzeňňisine diräp, bir heň çalyp, aýdym aýtdy:

***— Men saňa öz diýjegimi diýdim.***

***Meniň adym Körogly.***

***Meniň atym däli, menem şonuň ýaly däli.***

***Men goç we adam sürüsiniň baştutany.***

Şazadanyň yzynda duran atly goşunyň serkerdesi özüniň atlylaryna ýüzlenip:

— Oglanlar, janlarym, bu Köroglynyň özi! Garly daglarda onuň sesi eşidilende, dag onuň sesinden gorkup, titräp, depesindäki gary silkip düşürýär. Göwreli aýal onuň owazyny eşidende çagasyny düşürýär. Men ilkinji dört halypanyň adyndan ant içýän. Ol biziň hemmämizi iň soňkymyza çenli gyrar.

Men-ä yzyma dolanýaryn, kim samsyk däl bolsa, yzyma düşsün – diýdi.

Körogly bar atly goşunyň gaçanyny görüp, Nigara ýüzlendi:

— Şa gyzy, keýpiň kök bolsun. Meniň pikirimçe, seniň agaňyň bar goşuny gylyç syrman yzyna dolanaýjak ýaly. Ol içinden: Berekella Körogly! Sen ýene-de olara bir aýdym aýdyp bermeli. Soň olaryň hemmesi urşup başlarlar diýip pikir etdi.

Ol şeýle bir gazal aýtdy:

***Men hakyky adamyň janyny gowy bilýärin.***

***Men asly gorkak nejisiň ýüzüne seredip gülýärin.***

***Men polat çeýnäp, ony göge tüýkürýärin. Men Körogly, eşidiň nejisler, men Körogly!***

Türki atly goşunyň beýleki esgerleri hem biri-birine pyşyrdap başladylar: “Polat çeýnäp, ony göge tüýkürýän adama kim garşy durýar?” Olar hem gaçyp ugradylar. Ýöne goşunyň bir bölegi batyrlarça Burjy Soltanyň yzynda durdular. Körogly içinden: “Men siziň kelleleriňizi aýyrsam gerek. Siz gaçmaň” diýip, bir gazal aýtdy:

***Meniň dutarym gowy sesli.***

***Men Nigaranyň dodagyndan sormaly.***

***Meniň gylyjym Müsürde ýasalan.***

***Meniň naýzam bambukdan ýasalan.***

***Körogly, hawa, men Körogly.***

***Burjy Soltanyň özi hem yzynda duranlara seretdi. Emma olar öz ýerlerinden butnaman durdular.***

***Körogly ýene-de gazal aýtdy:***

***Men Körogly! Men goşunlary gumda kowalaýan.***
***Men siziň duran ýeriňizde arpa ekerin.***
***Men siziň üstüňize goşun sürerin.***
***Men Körogly, goç Körogly!***

Ol şu sözleri aýdansoň, öz atyny Burjy soltanyň goşunynyň üstüne sürdi. Ýekeje aç möjek birtopar goýunyň sürüsiniň içine atylyp giren ýaly boldy. On ýedi sany türk esgeri atlaryndan ýykyldy. Galany bolsa ürken jeren ýaly bolup düzlüge gaçyp gitdi. Şazadanyň ýeke özi heniz hem durdy. Ol atyny Körogla tarap öwürdi. Körogly “Indi näme etsemkäm?! Eger men ony öldürsem, uýasy meni hiç haçan bagyşlamaz. Ol meniň süýji günlerimi aja öwrer” diýip pikir etdi. Körogly oňa seredende onuň aglaýandygyny gördi.

— Sen näme üçin aglaýarsyň?

— Eý, Körogly, meniň ýekeje agam bar ahyryn. Ony öldürme

— Gorkma, janym.

Onýança eli gylyçly şazada onuň üstüne topuldy hemde:

— Ine meniň sowgadym, alyň hany – diýip, gygyrdy-da gylyç saldy.

Körogly urga galkan tutdy we:

— Seniň atlaryň seýisi iýýän çöregini ödänok. Ol atyň çekisini gowy çekdirmändir. Netijede sen eýeriň üstünde çaýkanýarsyň. Men saňa atdan düşüp, çekileri çekdirmegi maslahat berýärin. Ondan soň gel söweşeli – diýdi.

Akmak şazada bu sözlere ynanyp, çekilerini çekdirmek üçin egildi. Körogly derrew oňa hüjüm etdi we ony ýuwaşjadan itip ýere ýykdy. Soň ol Gyratdan böküp düşdi-de, ýykylyp ýatan şazadanyň üstüne oturdy we pyçagyny çykaryp, hamala kellesini kesjek ýaly etdi. Şazada aglap, uýasyndan kömek sorady. Körogly:

— Nätdim? Sen “ýa seniňki, ýa-da meniňki bolar” diýip aýtmadyňmy. Indi näme sen gözýaşyňy dökýäň? – diýdi. Burjy Soltan:

—Soltan Myradyň dünýäde ýekeje ogly we ýekeje gyzy bar. Birini sen öldürjek bolýaň, beýlekisini hem alyp gitjek bolýaň. Tutuş maşgala dargaýar – diýdi.

— Sen maňa uýaňy durmuşa çykarjakmy? Eger hawa diýseň, men seniň janyňy almaýyn.

— Men molla ýaly okymyş, men Gurhanyň ýedi jiltlik teswirini okadym. Men toýda okalýan aýatlaryň hemmesini ýatdan bilýärin.

Şeýdip, şazada ölümden gorkusyna Gurhandaky nika aýatlaryny okady we Nigarany Körogla aýal edip bagyşlady. Körogly ony ýerden galdyryp, maňlaýyndan ogşady. Körogly:

— Indiden beýläk sen meni soltanyň iň wepaly hyzmatkärleriniň biri hasap edip bilersiň. Soltan Myradyň ady bilen men Çamlybili dolandyraryn. Soltan öz gyzy üçin menden gowy är nireden tapar? – diýdi.

Soň Körogly şa gyzyny hem alyp gitdi. Biçäre Burjy soltan uýasynyň yzyndan tä gözden ýitýänçe

seredip durdy. Diňe şondan soň ol atynyň jylawyny Ystambyla tarap öwürdi.

Indi habary Köroglydan alaly. Ol birnäçe menzil geçip, ahyr kyrk çadyr gurlan öri meýdanyň golaýyna geldi. Bu çadyrlar Ýewropa hökümdarynyň birinji weziriniň oglunyňkydy hem-de onuň nökerleriniňkidi. Weziriň ogly sebäp bilen bir ýerde şa gyzy Nigaranyň suratyny görüp, oňa aşyk bolupdy. Ol türk soltanynyň gyzydygy barada eşidende ol musulman dinine geçmek maksady bilen sapara çykýar. Onuň maksady ol hökümdaryň gullugynda durup, giýewlige mynasyp bolmakdy.

Nigara ýaýlada leşgergähi göreninden:

— Körogly serdar, men saňa ýalbarýaryn, gel, şu leşgergähiň daşyndan aýlanyp geçeli, ýör başga ýoldan gideli – diýdi.

— Şa gyzy eger sen maňa ygtyýar berseň, men derrew şu çadyrlary başaşak düňdererin. Meniň bu ýerden gazanjak birnäçe ýüz müň tümenim toý harajaty we saňa toý sowgady bolar. Men ne daýhan, ne-de söwdagär. Men pul gazanmak üçin pursatdan peýdalanmaly.

— Maňa uludan tutulan toý hem gymmat baha toý sowgady hem gerek däl. Bar islegim seniň meni Çamlybile sag-aman ýetirmegiň. Özümiziň ýolda täze howplara duçar bolmagymyzyň näme geregi bar?! Sen eýýäm batyrlygyň bilen saýlanmaga mynasypdygyňy subut etdiň. Men kanagatlandym.

Soň Körogly leşgergähiň daşyndan aýlanyp başlady. Ýewropa hökümdarynyň ogly çadyryň gapysynda durdy. Ol geçip barýan bir atlynyň yzynda bir zenanyň bardygyny gördi. Ol erkek edil dagyň üstünde dag duran ýaly bolup atyň üstünde otyrdy. Ol bularyň kimdigini bilmek isledi. Hökümdaryň ogly nökerine iki sany aty eýerlemegi buýurdy. Ýene ol hyzmatkärine bir uly tabagy iýlip-içilýän nygmatlardan dolduryp, şa gyzyna eltip bermegi buýurdy. Şeýle hem ýadan atlaryny goýup, iki sany täze at almagy teklip etdi.

Nigara hyzmatkäriň eli nygmatly gelşini görüp:

— Gör, meniň Köroglym. Bu mylakatly ýigide seniň taýarlanyşyň ýaly şeýle gödek darap bolarmy? – diýdi.

Körogly örän mekirdi we nygmatlaryň näme üçin getirilýändigini bilýärdi. Ol:

— Şu getirilýän doly bulgurlaryň düýbünde näme barlygyny bilsediň, sen ony agzyňa golaýladyp bilmezdiň – diýdi.

Şu ýerde eli tabakly hyzmatkär şeýle diýdi.

— Ýigit, ýewropaly adam saňa şu nygmatly tabagy iberýär diýdi.

Körogly Nigara bakyp, şeýle diýdi:

— Atyňdan düş.

Soň olaryň ikisi hem ýerde oturyp, iberilen nygmatlary iýip başladylar. Basym olar tabagy boşatdylar. Hyzmatkär tabagy aljak bolanda, Köroglynyň murtlaryny görüp gorkdy.

Körogly: “Bu oglan geplejege meňzemeýär. Munuň bilen gepleşip bolmazmyka” diýip pikir etdi.

— Hyzmatkär, biz häzir gitjek bolýarys, eger aýtjak zadyň bolsa aýt.

— Ýok, ýigit. Meniň hiç zat aýdasym gelenok.

Körogly ilki Nigarany ata mündürip, soň özi ata mündi. Hyzmatkär gapdalda durup, ahyr şeýle diýdi:

— Ýigit meniň bir haýyşym bar.

— Aýt, näme haýyşyň bar?

— Ýewropaly size salam iberip, siziň atlaryňyza derek şu iki aty kabul etmegiňizi haýyş edýär.

— Seniň ýewropalyň kim?

— Ýewropaly hökümdaryň birinji weziriniň ogly.

— Onda men seniň hojaýynyň atlaryny kabul etmerin. Emma men oňa öz minnetdarlygymy bildirýärin. Biz çarwa, biziň düşelgämiz hol dagyň aňyrsynda. Biz oňa pyýada-da baryp bilýäris.

Muny aýdyp, Körogly Gyraty çadyra tarap öwürdi.

Nigara:

— Men ol ýere gitjek däl – diýdi.

Körogly gaharlanyp, oňa gygyrdy:

— Atasy ýananyň gyzy, “Gitjek däl diýmegiň näme. Bu ýerde boýun egmezlik bolmaýar.

Körogly ýewropalynyň çadyrynyň ýanyna baryp, içerä seretmek üçin egildi. Ol seredip, ýewropalynyň ýaş ýigitdigini, onda-da nähili ýaş ýigitdigini gördi. Ol gün ýaly ýalpyldaýardy. Körogly: Salam – diýdi. Salamy mylakatlyk bilen alyndy. Ýewropaly:

— Ýigit, seniň käriň näme? – diýip sorady.

— Men aşyk.

Nigara onuň yzynda durdy.

— Onda maňa bir aýdym aýdyp berjekmi? – diýip, ýewropaly sorady.

Körogly dutaryny alyp, ýagdaýa görä bir gazal aýtdy.

***Tur ýeriňden ýewropalynyň ogly.***

***Ýaş ýigit, gel, söweşeli.***

***Sen nähili dili ulansaň hem, meniň gylyjym saňa açyk jogap berer, ýewropaly ýigit!***

Ýaş ýigidiň gözleri şa gyzy Nigara düşdi.

Ol onuň hanjar ýaly kirpikleriniň bürençeginiň aňyrsyndan dürtülip duranyny gördi. Ol gözleri ýakyndan synlap, gören suratyna meňzeşdigini gördi. Ýewropaly sabyr-takadyny ýitirdi. Ol oňa seretmän durup bilmeýärdi. Körogly ýewropalynyň özüni diňlemeýändigine we öz sözleriniň onuň gulagynyň ýanyndan şemal ýaly bolup geçýändigine üns beren. Körogly: "Haramzada Nigara seredýär" diýip içini gepletdi we bir gazal aýtdy.

***Tiken bägüli goramak üçin niýetlenendir.***

***Ol onuň ýüregini parçalaýardy.***

***Ýewropaly ýigit, näme üçin sen Nigara beýle seredýäň?***

Ýaş ýigit:

— Sen haýsy Nigara hakda soraýaň?

— Türk Soltanynyň gyzy Nigara hakda.

Ýewropaly içinden: "Eý, Alla, ahyr sen ol gyzy meniň

ýolumda goýduň! Men ony bu gedaýyň elinden almaly we şu gün agşam oňa öýlenmeli – diýdi.

Ol hyzmatkärlerine Köroglynyň we Nigaranyň daşyny gurşap almagy yşarat etdi. Nökerler köpdi, emma ejizdi. Iň uzyn boýlusy hojaýynlarynyň boýy ýalydy. Körogly: “Kapyrlaryň tilkisi! Sen, şujagaz güjükleriň bilen kyrk ýaşly köpegi awlajak bolýaňmy?” diýip, içini gepletdi.

Mundan soň, ol şeýle gazal aýtdy:

***Men oda ýakmaly adamy bilýärin.***

***Men seniň ejeňiň gözýaşyna galaryn.***

***Tur ýewropaly ýigit, sen öz zatlaryňy gatyrlara ýüklemegi buýur.***

***Olaryň hemmesi Çamlybile gitmeli.***

***Ýe***wropaly ýigit seslenip:

— Sen kim bolupsyň, nejis, meniň emlägimi gatyrlara ýüklemekligi buýrarça? – diýdi.

— Ha, ha, men kim? Diňle! Soň ol şeýle gazal aýtdy:

***Ýolagçy üçin men ýolagçynyň ogly.***

***Batyr üçin men gul, ýok tagzym ediji.***

***Çynym aýtsam, ýewropaly ýigit men Körogly.***

***Akylly bol, ýaş ýigit.***

***Ýe***wropaly:

— Körogly, eşit meni, sen bu wagta çenli diňe guzular bilen urşansyň. Şu wagta çenli hiç goça duşmansyň – diýdi.

Soň ol gylyjjyny syryp, Köroglynyň üstüne topuldy. Körogly taýagy bilen bir uranda, ýewropalynyň elinden

gylyjjyny kakyp düşürdi. Şol wagtyň özünde beýleki eli bilen onuň gulagynyň düýbüne şeýle bir gaty urdy welin, ýaş ýigit beýhuş bolup, çadyryň ortarasyna ýykyldy. Ol edil üç ýyllap ýatan öli ýaly bolup ýatyrdy. Onuň hyzmatkärleri ýeňijiniň üstüne topuldylar. Körogly olaryň birnäçesini öldürdi. Galanlary gaçyp gutuldylar.

Körogly ýewropalynyň elini zynjyrlap, ony birinji gabat gelen ata daňdy. Galan hyzmatkärlere çadyrlaryny ýygnamagy buýurdy. Gysga wagtyň içinde leşgergähi ýygnap, ony rejeläp daňyp, gatyrlara ýüklediler. Körogly syrylgy gylyjy bilen olary öňüne salyp, sürüp gitdi. Birnäçe parsah ýol geçensoň, ýewropaly huşuna geldi. Ol Nigara ýüzlenip, özüniň tarapyny tutmagyny haýyş etdi:

— Hanym, siz bar hakykaty bilmeli. Siziň suratyňyz meniň elime düşdi. Men Ýewropadan diňe siziň üçin geldim. Men siziň bular ýaly aždarhanyň eline düşendigiňizi bilmändirin. Meni onuň elinden azat etmegiňizi Allanyň adyny tutup, size ýalbarýaryn. Meniň aýaklarymdan gandallary aýryň.

— Eger men Körogla haýynlyk edip seni boşatsam, sen gaçybiljekmi?

— Hawa, men gaçaryn. Sen onuň ünsüni sowup, meni kowalamaz ýaly etseň boldy.

— Gepleşdik. Men ony her hili ýagdaýda goýbermerin.

Nigara Köroglynyň ýanyna bardy.

Serdar, meniň bir ýönekeýje haýyşym bar.

— Näme ol, ezizim?

— Ýewropalynyň daňylaryny aýyrmaga buýruk ber. Ol şeýle betbagt görünýär.

— Men seniň soraýşyň ýaly ederin, söýgülim.

Ol baryp ýigidiň elini çözdi-de, ata münmäge oňa ygtyýar berdi.

Nigara:

— Ezizim, sen meniň atym üçin näçe töläpdiň?

Ol:

— Bir ýa-da iki ýüz tümen.

Menem seniň ýaly at çapmaga ökde. Gel, ýaryşaly, haýsymyz gowy çapýas.

Nigara ýewropala özüni dürsäp, gaçmagy yşarat etdi.

Körogly etjek bolýan zatlaryna düşünýärdi. Ol:

— Dogrymy aýtsam, meniň Nigaram, şeýle ýadawlykdan soň meniň at çapasym gelenok – diýdi.

— Ezizim, haýyş edýärin, eger sen meni söýýän bolsaň çapaý.

Körogly onuň göwnüni ýykmajak bolup aty bar güýjüne goýberdi. Olar basym uzaga gitdiler.
Ýewropaly bolsa başga tarapa gaçmaga başlady. Körogly gaýdyp gelip, ýewropalynyň gaçandygyny gördi.

— Hawa, Nigara, ol gaçypdyr. Emma men ony ýene-de tutaryn.

— Ýok, ezizim, beýtme. Men ony bilgeşleýin gaçyrdym.

— O nähili! Men elimden öz awumy gaçyrarynmy?

— Gulak as, Körogly. Sen meniň barmagymdaky ýüzügi görýäňmi? Şu gymmat bahaly daşyň aşagynda zäher bar. Eger sen ýewropalyny yzarlasaň, sen gelip meniň ölimi taparsyň. Men Allanyň adyndan ant içýärin.

Körogly ikirjiňlenmän yza çekildi. Ondan soň olar menzillerden menziller aşyp gidiberdiler. Olar Çamlybiliň golaýragyna baranlarynda, Körogly ajaýyp ýaýlada bir baý täjiriň kerweni bilen goş ýazdyryp oturandygyny gördi. Olar şerapdan keýpini kökläp, kebap iýip, nard oýnap oturan ekenler.

Körogly Nigara ýüzlenip:

— Eger şu kerweni ele salyp bilsek, men saňa gowy toý köýnegini alyp biler ýaly pul gazanaryn – diýdi.

— Ýok, serdarym. Bizde bar zat ýeterlik. Şundan beýläk Çamlybile çenli sen aýagyň aşagyndaky garynjany hem ynjytma – diýip, Nigara ýalbardy.

Şeýdip, olar kerwene golaý bardylar. Şa gyzynyň Körogly bilen gelýändigini görüp, täjir şa gyzyny ele salmagy hyýal etdi. Onuň aýallarynyň hiç biri ýanynda ýokdy. Täjir hyzmatkärini çagyryp, oňa on tümen berip:

— Çalt ylgap baryp şol bürençekli aýalyň ýanyndaky erkege ber. Kerweniň eýesi ol aýaly özüne aýal edinjek bolýar diýip aýt. “Seni hem toý agşamyna çagyrýaryn” diýdi diý. Ertir irden ol gidip biler. Mundan başga-da men oňa elli tümen, üstesine eger islese aýal hem bererin” diýdi diý.

Körogly hyzmatkäriň aýdanyny eşidip, ýüzi üýtgäp, Nigara pyşyrdady:

— Gör, ony. Sen maňa ol kerweni talama diýdiň. Netijede, bu nejis meniň aýalyma el urjak bolýar. Baý adamlaryň bary birmeňzeş bolýar – diýdi. Ol dutaryny eline alyp, ony sazlap, bir gazal aýtdy:

***Beýik daglaryň depesine duman düşüpdir.***

***Garaňkylyk, duman, çyglyk onda höküm sürýär. Gar dagdan aşak gaçyp, jülgeleriň we daglaryň geçelgelerini kerwen geçip bilmez ýaly ýapypdyr.***

***Ajy, sowuk ýeller ösýär.***

Körogly Nigara ýanyndan aýrylmazlygyny yşarat edip, aýdymyny dowam etdirýär:

***Gyş, gyş düşdi.***

***Ýabany ördekler köllerde ýygnanyşýarlar.***

***Keýikler süri-süri jülgelere inýärler.***

***Keseki ýurtly ýigit, ýat adamlaryň arasynda sen ýeke.***

***Seniň ýagdaýyň hakykatdanam gözgyny.***

Täjirler Köroglynyň sesini eşidenden olar kerweniň eýesine aýtdylar:

— Eý seniň öýüň ýumrulmasyn! Bu adam garakçy Körogly. Sen oňa hyraç bermejek bolduň. Has beteri sen onuň aýalyny aljak bolýaň. Gel, ýalňyşy düzetmäge howlugaly. Pul ýygnap oňa sowgat bereli. Eger ol ony alsa, onuň bize eden ýagşylygy üçin minnetdar bolarys. Eger almasa, ol bizi öldürmäge haky bar.

Olaryň hemmesi düşelgeden çykyp, Köroglynyň aýagyna ýykyldylar.

— Ady arşa çykan serdar, biz özümiziň nadanlygymyz sebäpli eden günämizi geçmegiňi haýyş edýäris.

Körogly gygyrdy:

— Goý, kerweniň eýesini bäri getirsinler.

— Eý serdar! Kerweniň eýesi öldi.

— Onda harytlar düýelere ýüklenip, kerwen meniň yzyma düşsün.

Täjirler haltaly pullary bilen oňa ýalbarmaklaryny dowam etdirdiler. Körogly şeýle gazal aýtdy:

Goç Körogly, sen öwünme. Sen meniň ýüregime düwün saldyň.

Sen güýçli, seniň atyň ýyndam. Hany seniň eliňden güýçli el?

Täjirler şa gyzyna ýalbarmaga başladylar:

— Allanyň haky üçin biz ýalbarýarys. Biziň haýrymyza geple.

Nigara diýdi:

— Olar ýalňyşdylar. Sen olaryň günälerini geçip, maňa sowgat etmegiňi senden haýyş edýärin.

Körogly olara hyraç hökmünde bir müň bäş ýüz tümen bermegi buýurdy. Ol puly jübüsine salyp, Nigara bilen ýola rowana boldy. Çamlybiliň garawullary öz hojaýynyny uzakdan tanadylar. Öwez ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýigide baş bolup, ony garşylamaga çykdy. Biri aty bar güýjüne öňürdikledip geçdi. Başga biri saz çaldy. Ýene biri atyny öňür-

dikledip aýlanyp gelip, üstünden aşyryp ok atdy. Şeýdip olar begençli gykylyklar, gülki, ok atmak bilen dabaraly ýagdaýda Çamlybile girdiler. Nigaranyň wagty hoş bolup:

— Serdar bularyň haýsysy Öwez, hany men ony göreýin – diýip sorady.

Körogly şeýle gazal aýtdy:

***Bäriňe bak, ezizim!***
***Ol atly Öwezdir.***
***Oňa seret-de, meniň janymy gabanç oduna ýak.***
***Seret, bu Öwez. Emma sen oňa aşyk bolaýma.***
***Hazara galkany elinde, bally şekerler dilinde.***
***Ýaradan özi galam bilen onuň gaşlaryny çekipdir.***
***Atly ýigitler onuň sagynda we çepinde.***
***Seret, emma sen oňa aşyk bolmaly däl.***
***Ol entek on dört ýaşynda, durna täji bar başynda.***
***Bu atly Öwezjan, hawa, Öwezjanyň özüdir.***

Körogly atdan düşüp ýetişmänkä onuň ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýigidi hatara durup, baş egip salam berip durdular.

Körogly:

— Baryň-da şa gyzy Nigara baş egip salam beriň. Biz ony hormatlamaly. Ol Türk soltanynyň gyzy.

Körogly özüniň ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýaragly ýigidiniň Çamlybiliň derwezesinde oturan Nigaranyň öňünde durup salamlaşanyny görüp, ýüregi joşdy. Ol:

— Eý, Alla! Biz saňa minnetdar we seniň adyňa alkyşlar aýdýarys. Seniň ýardamyň bilen men myrat-

maksadyma ýetdim – diýdi. Ol dutaryny çalyp, bir gazal aýtdy:

***Köroglynyň ynamy bilen belaly dumanlar sowuldy.***
***Diňe onuň Alla ynanjy bilen.***
***Olar ertiriň ümüri ýaly geçdiler.***
***Ine-de, Öwezjan! Öwejan, gulak as maňa!***

Ol Öweze gaýra goýman kejebe getirdip, şa gyzyny gala ugratmagy buýurdy. Az wagtdan Köroglynyň aýallary kenizleri bilen galadan çykdylar. Nigarany owadan bezelen kejebä mündürp, şatlyk hormat bilen onuň üçin haremhanada taýýarlanylyp goýlan otaglara eltdiler.

Belli Ahmet zyndandan boşadyldy. Körogly oňa ajaýyp halat ýapdy. Köp sylag-hormatlar edilensoň, ony goşunyň esasy serkerdeleriniň biri edip belledi. Ol serkerdelerine ýüzlenip:

— Bu gün men toý tutýaryn. Men şu gün şatlyga şatlyk goşup, Öwez jany hem öýlendirmek isleýärin – diýdi.

Kyrk gije gündizläp toý tutuldy. Köp ýerlerden ýygnanan sazandalar, aýdymçylar, tansçylar myhmanlara hezil berdiler. Şerap sil bolup akdy, ol şu wagtlar hem akyp dur!

# ALTYNJY BÖLÜM

Anadolynyň etraplarynyň birinde göçüp-gonup ýören hanys atly bir uly taýpa ýaşaýardy. Ol owadan tebigatly ýerlerde ýaşaýan taýpa otuz müň maşgaladan ybaratdy. Hökümdarlaryň her biri öz ömrüni bir gowy görýän zadyna bagyşlaýar. Biri owadan eşikleri gowy görýär, başga biri aýallary gowy görýär, ýene biri tazylary we aw guşlaryny gowy görýär. Hanys taýpasynyň baştutany Hasan Paşa dünýäde hemme zatdan beter atlary gowy görýärdi. Ol gowy at barada eşidenden puluna, azabyna seretmän, şony eýelejek bolýardy.

Günleriň birinde Hasan Paşa teblehanasyna baryp atlaryny synlap durka, wezirine diýdi:

— Dogrudanam, dünýäniň bäş yklymynyň ýeke patyşasynyň hem meniňki ýaly teblehanasy ýokdur.

Wezir şeýle jogap berdi:

— Dogry, hiç bir patyşada-da şunuň ýaly teblehana ýokdur. Emma Çamlybildäki Köroglynyň Gyraty ýaly at ýedi asmanyň patyşasy Keýwanda-da bolan däldir.

— Eý, meniň  wezirim, şol göwher daşy eýelemek üçin men bar zadymy bermäge taýýar.

— Patyşahym, bu aňsat mesele däldir. Körogly pula mätäç däl. Güýç bilen alara-da mümkinçilik ýok.

— Wezirim, şu aty getiren adama men ýarym hökümdarlygymy berjek. Eger olam az diýse, men oňa ýarym baýlygymy berjek. Eger ol hem ähmiýetsiz diýse, meniň ýedi gyzym bar, ol şolaryň iň owadanyny saýlap biler. Git-de bu buýrugy biziň taýpanyň çar künjüne ýetir. Gyraty kim getirse, goý beg bolsun, gedaý bolsun, garry ýa-da ýaş bolsun, meniň giýewim bolar.

Hanys taýpasynyň içinde Hemze atly bir aşpez bardy. Onuň kellesi kel, gaşlary tüýsüz, ýüzi mama dişändi. Bu adam çekilýän jary eşidip, weziriň ýanyna aýakýalaň başaçyk howlugyp bardy.

— Wezir, bu nämäniň jary?

— Seniňki näme, kel, betnyşan, diýse?

—Men onuň diňe näme hakdadygyny biljek bolýaryn.

Wezir oňa jime-jik düşündirdi. Soňra:

— Şuny başaran adam baý bolýar – diýip, üstüni ýetirdi.

— Maňa pul nämä gerek. Günde birnäçe şaý ýa-da çeýnemek üçin garpyzyň paçagy maňa açlygymy kanagatlandyrmaga ýeterlik bolýar.

— Patyşa Gyraty getiren adama hökümdarlygyň we baýlygyň ýarysyny hem ýedi gyzynyň birini aýal edip berjek diýýär.

Hemzäniň göwnüne soňky teklip hoş ýakyp, dik durup, gulaklaryny keýerdip durdy-da:

— Wezir, patyşanyň ýedi gyzynyň hemmesinem gördüm. Ol maňa ýaşyny bermäge razy bolarmyka?

— Kimem bolsa, Gyraty getireniň, ýedi gyzyň içinden göwnüne ýaranyny saýlamaga ygtyýary bar. Hemze iki eli bilen kükregine urdy-da:

— Maňa seret, maňa seret. Men şony edibiljek adam.

— Çynyňmy? Mysal üçin, nähili?

— Patyşa Gyraty alar. Emma sen meni ilki onuň huzuryna eltgil – diýdi. Wezir pikir edip, içinden:

“Biz ençeme gün bäri jar çekdirip ýörüs. Emma bu sapara gitmäge hiç kim tapylanok. Bu kel birinji hem iň soňky. Men ony patyşa görkezeýin” – diýdi.

Hemzäni patyşanyň huzuryna eltdiler.

Bu senmi, eý, kel kelle, maňa Gyraty getirmäge söz berýän?

— Hawa, men patyşam! Siz maňa onuň üçin näme berjek?

— Men saňa ýarym baýlygymy bererin.

— Maňa baýlyk gerek däl.

— Onda men saňa ýarym patyşalygymyň hökümdarlygyny bererin.

— Maňa siziň hökümdarlygyňyz gerek däl. Men ony näme edeýin.

— Meniň ýedi gyzymyň haýsyny halasaň birini alybilersiň .

Patyşahym, men bu sözlere ynanyp bilemok.

— Seni ynandyrmak üçin ýene näme etmeli?

— Gurhany ogşap, ant içiň. Eger-de siz sözüňizde durup bilmeseňiz, onda ýedi aýalyňyzyň hemmesi bilenem aýrylyşýarsyňyz.

Patyşa ant içdi.

Hemze:

— Köp wagtdan bäri siziň ýaş gyzyňyz maňa ýaraýardy. Eger şu saparda janymdan geçsem hem ökünmen. Eger aty alyp geläýsem, onda men siziň iň ýaş gyzyňyzy aýalym edip alaryn.

Patyşa:

— Sen ony alarsyň – diýip, Gurhany ogşady.

Hemze wagt ýitirmän Çamlybile ugrady. Bu garyp biçäräniň geleni hiç kimiň ünsüni çekmedi. Ol ýerde bir aý bolandan soň içinden şeýle pikir etdi: "Gel, men Däli Mäter bilen tanşyp, dost bolaýyn. Şeýdip, men, belki, teblehana aralaşyp bilerin". Ondan soň ol ýuwaşja ýöräp, usulluk bilen teblehananyň howlusyna girdi.

Ol egnindäki köýnegini ýyrtyp taşlap, töwerekde çaşyp ýatan atyň tezegini bir ýere üýşürdi. Şol üýşmek tezegiň üstünde oturyp, gygyryp aglap başlady. Onuň gözlerinden ýaş edil bulutdan ýagan ýagyş ýaly dökülýärdi. Köroglynyň seýsi Däli Mäter şol wagt ol ýerden geçip barýardy. Ol atyň tezeginiň üstünde aglap oturan ýalaňaç biçäräni gördi. Onuň ýüregi awap gitdi. Dälileriň nebsi agyragan bolýandygy belli zat.

— Eý, biçäre, näme üçin beýle aglaýarsyň? – diýip, ondan sorady.

Hemze:

— Men seniň gurbanyň bolaýyn! Men bir ýetim hem kese ýurtly kişi. Kellämiň kel bolany üçin hiç kim meni hyzmatkärlige almaýar. Men özüme bir döwüm çörek berjek hojaýyn gözleýärin – diýip jogap berdi.

Däli Mäter: “Dünýäniň ýary Köroglynyň çöregine ýaşaýar. Men bu adamy teblehana alyp, ony naharlaýyn, diýip pikir etdi. Ondan soň ol aglap oturan adamy teblehana alyp girdi. Däli Mäter onuň ýeňlerini tirsegine çenli çyzgap, mis legeni suwdan dolduryp, kel kellesini ýuwdy. Ýuwup, artyp, oňa özüniň köne eşiklerini berdi. Kel Hemzäniň Köroglynyň atlaryna seretmekde özüniň ukybyny we yhlasyny görkezende Däli Mätäriň akyly haýran boldy. Bu teblehanada iki sany iň gowy atlaryň biri Gyratdy. Onuň bir aýagy zynjyrlanandy. Onuň gulpuny Körogly öz jübüsinde saklaýardy. Beýlekisi Öweziň münýän Doratydy. Bu at hem gulplanandy. Onuň açary Däli Mäteriň jübüsindedi. Hemze bu ýagdaýlaryň hemmesini çalt öwrendi. Ol Gyraty islendik wagtda alyp gaçar ýaly mümkinçiligi gözläp başlady. Bir gün Körogly teblehana gelip, Däli Mäteriň uklap ýatanyny gördi. Görse ol ýerde eşikleri sal-sal kel oglan otyr. Ol ýigit Gyraty at daragy bilen ýuwup durdy. Bir elinde-de at julunyň bir bölegi bardy. Körogly bilen Hemze biri-birini öň hiç haçan görmändirler. Gyrat Hemzäniň güýçli elleriniň aşagynda iki bükülýärdi. Onuň derisi gowy ýuwulansoň, at ajaýyp ýalpyldaýardy. Köroglynyň endam jany titräp, içinden pikir etdi:

“Gyraty eli bilen beýdip büküp bilýän adam ýöne adam bolmaly däl”. Ondan soň ol seslendi:

— Eý takyr kelle, sen atyň hamyny sypyrýaň. Beýdip ýuwmalymy ony?

Hemze duran demir çekiji alyp, Körogla topulyp gygyrdy:

— Sen teblehanada näme işleýäň? Ýok bol, bu ýerden, nejis.

Sebäbi Däli Mäter oňa “Teblehana hiç kimi salmaly däl” diýipdi.

Körogly oňa:

— Eý, samsyk sen nähili maňa el galdyryp bilýäň? – diýdi. Däli Mäter ukusyndan oýandy. Ol ýerinden böküp turup, hojaýynyna salam berdi.

— Seniň bu teblehanada işledýän adamyň kim?

— Men seniň gurbanyň bolaýyn! Müňlerçe adam seniň çöregiňe ýaşaýar. Bu takyr kelle adam örän akylly we işeňňir. Ol hem başgalar ýaly seniň sahylygyňda eklenip biler.

— Men çöregi hiç kimden gysganmaýan. Oňa çöregi öňki berşiň ýaly beriber. Goý, näçe islese iýsin. Emma onuň keşbinden hem hereketlerinden çen tutsaň, bu adamdan gowluga garaşmaly däl. Ol at ogrusyna meňzeýär.

— Ýok, agam, eger ol demir bolan bolsa, ondan bäş iňňeden kän çykmazdy. Ol şeýle garyp.

Hemze şonda munuň Köroglynyň özüdigini tanap galdy. Ol elindäki çekijini ýere gaçyrdy. Ol gaty

gorkup gatyryň palanynyň aşagynda gizlendi. Körogly gitjek bolanda Däli Mätere:

Gözüň atda bolsun, mundan beýläk hiç kime ynanma – diýdi. Ol başga zatlar bilen gyzyklanmady. Hemze teblehanada boldugyça Gyraty alyp gaçyp bolmajagyna gözi ýetip ugrady. Şonuň üçin ol içinden: “Eger Gyrat bolmasa, onda iň bolmanda Dorat bolar-da. Öňki soňkynyň atasy. Enesi bolsa arap baýtaly Hasan patyşa olaryň hiç haýsyny ozal görmändi. Ol maňa ynanar. Şeýdip ol maňa iň ýaş gyzyny aýal edip berer. Hatda eger ol hakykaty bilende-de, ol gyzyny bir durmuşa çykaransoň, yzyna alyp gidibilmez” diýip oýlandy.

Gijesi bilen ol Doratyň eýerini we onuň başga esbaplaryny taýýarlady. Däli Mäter Köroglynyň köşgünden gaýdyp gelende serhoşdy. Ol Hemzäniň dul galan ýaly ajy ýaş bilen iki elini ýüzüne tutup aglap oturanyny görüp sorady:

— Hemze, näme boldy?

— Agam, men nähili aglamaýyn? Her agşam sen Köroglyňka şerap içmäge gidýärsiň. Sen özüňe ýekeje gezegem: Gel, men şu garyp ýetim oglana birnäçe damja şerap elteýin diýmediň. Ol şerap nähili zat? Men ony hiç haçan gören adam däl. Ol turşumy ýa-da süýjümi?

Däli Mäter ýerinden turup, teblehananyň çelegini alyp, Köroglynyň şerap saklanýan ýerzeminine gitdi. Çelegi dolduryp getirip ony Hemzäniň öňünde goýdy. Ol:

— Iç, takyr kelle – diýdi. Hemze jamy gyrasyna çenli dolduryp, Däli Mätere berdi.

— Agam, ilki sen içmeli. Men seniň nähili içýäniňi göreýin.

Däli Mäter jamy bir demde boşatdy-da, Hemzäniň eline berdi:

— Ine şeýdip içmeli ony – diýdi.

Hemze öz gezeginde jamy dolduryp içmek üçin agzyna golaý eltip, ony şeýle usully silkip goýberdi welin, bar içgi onuň egninden aşyrlap dökülip gitdi. Däli Mäter ony görmedem. Şeýdip ol seýsi serhoş etmegi başardy. Seýis huşy gidip, ýere ýykylyp ýatyberdi.

Hemze içinden: "Beýle ýyrtyk eşikde meniň ile görünmegim uslyp däl" diýdi. Şonuň üçin ol öz eşiklerini çykardy. Däli Mäteriň eşiklerini çykaryp, olary özi geýdi. Ukydaky serhoşa özüniň köne eşiklerini geýdirdi. Ondan soň, ol Doratyň agylynyň açaryny Däli Mäteriň jübüsinden çykaryp, ony açdy. Aty teblehanadan çykaryp, eýerledi-de, hanys taýpasynyň leşgergähine tarap ýyldyrym ýaly okdurylyp gitdi.

Körogly ertir irden haremhanadan çykyp teblehana geldi. Görse Gyratyň ýeke özi dur. Dorat ýok. Ol aty takyr kelläniň ogurlandygy derrew aňdy. Ol seýsi çagyrdy. Däli Mäter ýerinden böküp turup, gözlerini owkalaşdyryp eglip salam berdi.

— Deýýus! Seniň üstüňdäki köne eşikler nämäni aňladýar? Bu nämäniň oýny?

Biçäre seýis eşigine seredip öz gözüne ynanmady.

— Hany Dorat?

— Agam, Hemze ony gezdirmäge ýa-da suwarmak üçin äkidendir.

— Eý, deýýus diýse, onuň at ogrusydygyny men saňa aýtmadymmy? Çalt, Gyraty eýerle.

Körogly derrew ýaraglanyp, golaýdaky dagyň depesine, garawullaryň duran ýerine çykdy. Ol töwerek-daşyna dürbi bilen seredip, ahyr gaçgagy gördi. Gaçgak nyşana atylan ok ýaly okdurylyp barýardy. Köroglynyň gaty gahary geldi, ol dagyň üstünde duran ýerinden:

— Namart, nejis nirä barýaň, nirä? Sen Ystambyla çenlem gidip bilersiň. Hatda şonda-da men seni tutup alaryn – diýip gygyrdy. Gaharlanan wagty Köroglynyň sesi bir parsahdan eşidilýärdi. Soň ol atyny öňürdikledip gaçgagy kowalamaga başlady. Hemze Köroglynyň sesini daşdan tanap: “Eý, Alla, jan işim gaýtdy, işim gaýtdy!” diýip zeýrendi. Ol seredip görse öňde, golaýda bir oba bar eken. Ol içinden: “Eger-de men şu oba ýetip bilsem, janym aman galmagy mümkin” diýdi. Obanyň golaýynda uly jülge bardy. “Kim bilýär, men ol oba ýetýänçäm Körogly meniň atamy ýakar” diýip, Hemze pikir etdi. Şol jülgede suw degirmeni bardy. Degirmençi ýok bolany üçin degirmen işlemän durdy. Hemze degirmene ylgap baryp, Doratyň jylawyny gapa daňdy. Özi bolsa, kürsäp boş jaýa girdi. Hemze degirmençiniň possunyny tapyp, derrew egnine geýdi. Üstüne-de, başdan-aýak un

sepişdirdi. Adam birnäçe parsah aty gaty çapandan soň, onuň gözi esli wagtlap dumanlaýar we gowy görmeýär. Körogly Hemzäni tanaman:

— Degirmençi, bu daňylgy duran atyň eýesi nirede? – diýip sorady. Eý, agam! Atly şu ýere sümüldi, gorkudanmy nämemi, ol tigiriň aşagynda gizlendi – diýip, Hemze jogap berdi.

Körogly gaharyna titräp atdan düşüp:

— Tut meniň atymy! – diýdi. Soňra ol hanjaryny alyp, gaçgagy gözlemäge howlukdy. Gyratyň şeýle bir häsiýeti bardy, eger Körogly öz eli bilen ony birine ynansa, ol oňa doly boýun bolýardy. Şu wagt hem ol Hemzä hojaýynynyň eli bilen ynanylansoň, özüni çaga ýaly itdirip durdy. Hemze degirmençiniň eşigini sypyryp, derrew Gyrata atlandy. Ilki ol ony öňürdikledip çapdyrjak boldy, ondan soň ol howpsuzrak bolar diýip, ony ýuwaşatdy. Körogly degirmeniň içini agdar-düňder edip, hiç hili janly-jemende tapman çykyp görse, Dorat gapynyň ýanynda dur. Doratyň aýagynyň ýanynda bolsa, degirmençiniň possuny ýatyrdy. Bir salymdan görse, Hemze Gyratyň üstünde edil özi ýaly bolup, gidip barýar. Körogly:

— Hemze beg diýip gygyrdy. Hemze:

— Näme hezillik bar ýagşy ýigit? – diýdi.

— Gel, biz yza öýe gideli.

— Nirä gideli?

— Biz Çamlybile gideris. Sen hiç hili sebäpsiz meniň göwnüme degdiň, şonuň üçinem özüm geldim.

— Oýun gerek däl Körogly. Men bu aty gökden gözleýärdim, emma, Hudaýa şükür, men ony ýerden tapdym. Sen maňa Gyraty öz eliň bilen sowgat berdiň. Sen geljekde durmuşyň hözirini gör, bagtly bol. Ýöne sen meniň özüň bilen yza gitmegimi isleme.

— Men seniň gurbanyň bolaýyn, Hemze beg. Aýt, sen näme isleýäň, baýlykmy, atmy, gyzmy? Bir söz bilen aýdanymyzda, eý ýigit, men ant içýärin, sen hemmesinem alarsyň. Seniň saýlamaga hakyň bar. Mende bar zadyň hemmesi seňki.

— Men seniň hiläňe aldanmaryn. Meniň isleýän zadym seniň eýeçiligiňde däl. Men saňa dogrymy aýdaýyn. Men Hasan patyşanyň iň kiçi gyzyna aşyk boldum. Patyşa maňa Gyraty getirseň, gyzymy bereýin diýip söz berdi. Soňky alty aýy men Çamlybilde garaşyp gezdim. Indi seret, men Gyraty alyp gaçdym. Sen meniň bagtymyň sebäbi bolup dursuň. Sen uzak ýaşa, bagtly bol. Men öýlenmäge gidip barýaryn.

— Hemze beg, maňa Gyraty gaýtaryp ber, men bolsa saňa gyljyň ujunda Hasan patyşanyň kellesini getirip bereýin.

— Men tarapdan bu gelşiksiz hereket bolar. Gelinligime men nähili görüneýin.

Köroglynyň ýalbar-ýakarmagy hiç hili netije bermedi. Hemze aty gaýtaryp bermejegine Allanyň adyndan ant içdi. Körogly uludan demini alyp:

— Hemze beg, meniň ýadyma düşüp duran aýdymy aýdyp bermegime rugsat et – diýdi.

***Gyratsyz maňa dünýä dar görünýär.***

***Durmuşyň manysyny ýitiren garyp Körogly.***
***Indi Gyrat seniň eliňden gidensoň,***
***Gaýgydan kelläňi ýere ur, Körogly.***

***Hemze beg seredip durka, Körogly aýdymyny dowam etdirdi:***

***Sen Gyraty Allanyň özünden dile.***
***Gyratyň guýrugy güller çemeni ýalydy.***
***Oňa münmek adamy bagtly edýärdi.***
***Eý Körogly! Alla saňa ony gaýtaryp bersin.***
***Men çuň deňze gark bolýaryn.***
***Gyratyň ýiteniniň gaýgysy meniň boýnuma daş bolup asylyp, meni gark edýär.***
***Gyratsyz men batyr bolmaga mynasyp däl.***
***Men degirmençi bolaryn.***
***Men Çamlybilden çykyp, bu ýere geldim.***
***Men Gyraty giderdim.***
***Men Dorat bilen galdym.***
***Körogly, git öýüňe ökünmäge, indi giç.***

Hemze:

— Eý Körogly! Seniň sözleriň meniň bagryma çümdi. Sen Çamlybile git-de, girip alty aý garaş. Alty aýdan soň, sen aşygyň eşigine girip hanys taýpasynyň leşgergähine gel. Ol döwrüň içinde men Gyraty şol ýere äkidip, patyşanyň gyzyna öýlenerin. Men ant içýärin, şu wagt Gyraty men seniň eliňden alyşym ýaly, şonda men öz elim bilen Gyraty saňa gowşuraryn – diýdi.

— Men nähili düşünmeli, sen çynyň bilen aýdýarsyňmy ýa-da ýok?

— Men Allanyň adyndan ant içýärin.

— Men asyllydyryn.

— Men ýene-de gaýtalaýaryn. Gyraty öz elim bilen jylawundan tutup getirip, saňa gaýtaryp bererin.

Şeýle diýensoň, ol Gyratyň başyny hanys taýpasynyň mekanyna tarap öwürip ötägitdi.

Körogly söýgüli atynyň yzyndan ol uzakda ýitip gidýänçä seredip durdy. Ol gaýgyly ýagdaýda kellesini aşak salyp, Doraty münüp, yzyna gaýtdy. Ýigitleriň hemmesi Köroglynyň Hemzäni getirişini görmäge Çamlybilden çykypdylar. Köroglyny Gyratyň üstünde görmänsoňlar olar haýran galdylar. Olar özara: "Körogly takyr kelläniň aldawyna düşen bolmaly" diýşip Köroglynyň gaharyndan gorkup, çar tarapa pytraşdylar. Alaka ýaly olaryň hersi bir deşikde gizlendi. Ýeke Öwez batyrlyk bilen gepledi.

— Agam, Doraty Gyrata çalşyp sen uly söwda edipsiň – diýdi. Ýok bol, samsyk ýigdikçe! – diýip, Körogly gygyrdy. Oglan gorkup gaçyp gitdi.

Körogly haremhana girip, alty aýlap Nigaranyň otagyndan çykmady. Şol möhlet geçensoň ol:

— Nigara, Hemze maňa söz beripdi. Men indi gitmeli, ýa ölmeli, ýa-da Gyrat bilen gaýdyp gelmeli – diýdi. Ol turup aşygyň geýimini geýip, aýaly bilen hoşlaşyp, ýola düşdi Körogly hanis taýpasynyň mekanyna baryp ýetdi. Derýanyň beýleki kenaryna geçjek bolup taýýarlanyp durka, kenaryň boýundaky çägede bärki kenardan beýleki kenara bir bökende geçen atyň yzlaryny gördi. Ol içinden: "Gyratymdan

başga dünýäde hiç hili at beýle böküp bilmez. Hemzede onuň ýanynda bu ýerde bolmaly” diýdi. Körogly leşgergähe girip köp sanly çadyrlaryň hem olaryň daşyndan çekilen ýüpleriň arasyndan geçdi. Ol özüniň häsiýetine laýyklykda, gowy sesi bilen aýdym aýdyp, hezil berýärdi. Onuň hemme aýdymlary atyň waspyny edýärdi.

Hasan patyşanyň keýpi ýokdy. Sebäbi şol Gyraty Hemze getireli bäri oňa patyşa ýekeje gezegem münübilmändi. Gyrat şol döwrüň dowamynda teblehanada daňylgy durdy. Ýanyna-da Hemzeden başga hiç kimi goýbermeýärdi. Patyşa “aşyk” barada habar tapyp, ony öz huzuryna getirmeklerini buýurdy. Ol Köroglyny gowy garşylap, oňa öz çadyrynda oturmaga ygtyýar berdi. Patyşa:

— Sen aty gowy wasp edýäň diýip maňa aýtdylar. Sen şu ýere gelipsiň. Meniň teblehanam ýaly teblehana dünýäde hiç kimde ýokdur – diýdi. Körogly Hemze özüne dönüklik etdimikä diýip gorkdy. Ol daş-töweregine seretse, Hemze ýok. Ondan soň ol bir gazal aýtdy:

***Gel men size arap aty hakda aýdym aýdaýyn.***

***Onuň ýaly ýüpekden bolmaly.***

***Onuň aýaklary etlek bolmaly, deri bilen çekilip duran bolmaly.***

***Onuň naly bir okka[1] kümüşden agyr bolmaly däl. Ol ykjam ortaça ululykdan bolmaly.***

***Boýny uzyn, näzik we ýylmanak bolmaly.***

[1] Okka – 1283 gram.

***Teblehanadan çykarylan wagty ol müň dürli oýnaklamaly.***
***Iýende ol aç gurt ýaly iýmeli.***
***Onuň garny laýyk bolup, dolup durmaly.***

— Berekella, aşyk – diýip, patyşanyň göwni hoş boldy. Atyň şeýle öwülenini men öň eşitmändim. Hemzäniň maňa niýetläp getiren Gyratyňda seniň agzan şol häsiýetleriň hemmesi bar. Emma onuň peýdasy näme, ol däli we guduz. Oňa men münübilemok.

Körogly:

— Köp ýaşa, patyşahym! Däli at münmek üçin iň gowusy bolýar - diýdi.

— Näme sebäbe görä?

Körogly şeýle gazal aýtdy:

***— Asylly at batyrlyk bilen ýöräp, edil üstündäkini zyňaýjak ýaly bolup durýar.***
***Ol gulaklaryny keýerdip, jylawuny örän gaty çekýär.***
***Atly onuň jylawuny elini dyndyrman berk tutmaly.***
***Goç ýigidiň aty eýesi ýaly däli bolmaly.***

Patyşa hyzmatkärlerini çagyrdy. Gidiň-de Hemze begi meniň ýanyma getiriň. Men onuň aty şeýle owadan taryplanyşyny diňlemegini isleýärin.

Hemze beg Gyraty Çamlybilden getirensoň, patyşanyň iň kiçi gyzyna derrew öýlendi we baş wezir bellendi. Ol gunduzly içmek geýnip, iň oňat keşmir matasyndan selle daňynyp, yzyna üç ýüz nökeri tirkäp şanyň huzuryna geldi. Ol girip, patyşa kellesini çala

egip, rugsat berilmezden ýerine geçip ýazylyp arkaýyn oturdy.

Körogly alty aý mundan öňräk ýönekeýje at bakar bolan adamda beýle dabaralylygy hem gopbamsylygy görüp, gaty haýran galdy. Körogly salyhatlylyk bilen ýerinden turup, başyny egip salam berdi. Onuň endamynda sowuk titreme emele geldi. Ol eglip durka elini ýüreginiň üstünde goýdy. Bu hereketiň manysy şudy:

“Hemze beg, rehimli bol, maňa dönüklik etme!” Hemze beg jogap edip, elini gözüniň üstünde goýdy. Ol: “Hiç zatdan gorkma, men sabyrlydyryn” diýmekdi.

Patyşa aýtdy:

— Aşyk, aty tarypla, goý, Hemze begem eşitsin. Körogly şeýle gazal aýtdy:

Körogly diýer:

***Eger adamyň gowy aty bolsa,***

***Şahymerdan ýar bolsa, ol gylyjyny göterip öňe okdurylar!***

***Muhammet we Aly oňa ýardam berer.***

Patyşa:

— Wezir, aşyk näme üçin aýdymynyň başynda Köroglynyň adyny tutdy? – diýdi. Hemze beg çalt jogap berdi: Munuň sebäbi, onuň öwjek bolýan aty meniň saňa getirip beren atymdyr. Ol at, siziň bilşiňiz ýaly, bir wagt Köroglynyňkydy.

Patyşa:

— Aşygyň özüniň bir wagt atda gowy çapandygy belli – diýdi. Ol ondan soň Körogla öwrülip:

— Aşyk, sen onda meniň atyma münübilermiň? – diýip sorady. Körogly zeýrenip: “Bular maňa bir däli aty berjek bolýarlar, onuň meni öldürmegi we meniň çagalarymy ýetim goýmagy mümkin” diýip, aglamaga başlady.

Patyşa:

Gorkma. Sen menden iki ýüz tümen alarsyň. Eger at seni öldürse, şol pul seniň dul aýalyňa we ýetim çagalaryňa seniň hunuňy tölemek hökmünde iberiler. Eger sen onuň üstünden diri düşseň, onda men saňa şol puly baýrak hökmünde bererin – diýdi. Körogly:

— Patyşahym, bagtly bol, uzak hüküm sür! Men razy. Eger men ölsem, sen uzak ýaşa, patyşahym! – diýdi. Patyşa soň wezirine Gyraty alyp gelmegi buýruk berdi.

Hilegär Hemze gerek bolan zerurlyklary göz öňünde tutup, Köroglynyň öz ýanynda ýarag bolmaz ýaly etdi. Taýagy atyň julunyň aşagynda gizledi, gylyjyň tutaýyny eýeriň öňünde berkider ýaly etdi. Hemme zat taýýar edilensoň, ata uýan salyp, guýrugyny düwüp daňdyrdy. Alty adam bolup, Gyraty teblehanadan zordan idip çykardylar. Gyrat alty aýlap duransoň, gaty semräp, ýabanylaşyp gidipdir. Burnundan köpük saçylyp durdy. Körogly bu zatlary görüp, bir gazal aýtdy:

***Ilki seni Türküstanda alanym,***
***Gyrat, gel, sen janymyň aramy!***
***Sen nejisiň eline düşdüň.***

***Gyrat, gel, sensiň maňa bar zatdanam gymmatly, gel!***

***Men seniň üçin on bäş gadakdan agyzzyryk ýasatdym.***

***Haçan seň gaharyň gelende üç günläp zat iýmezdiň.***

***Kyrk parsah çapara gideňde sen ýekeje-de büdremezdiň.***

***Eý Gyrat, sen bar zatdan meniň üçin gymmatly, gel!***

Patyşa:

— Meniň sabrym ýetenok, aşyk. Men saňa häziriň özünde ata münmegi buýurýaryn – diýdi.

Körogly:

— Atyň meni öldürjekdigine ynanýaryn. Siz maňa iýdiren duzuňyzdan razy boluň hem meniň garyp ýetimlerime göz-gulak boluň! – diýdi.

— Sen arkaýyn bol, ol seni öldürmez. Men seni dört çaryýarlara tabşyrýaryn.

Şu sözleri aýdyp, patyşa Körogla iki ýüz tümenli gapjygy gowşurdy.

Körogly:

— Patyşa uzak ýaşasyn! – diýdi-de, Gyrata atlandy. Hemze beg oňa jylawy uzadyp:

Ýigit, ýigidiň sözi sözdür. Alty aý mundan ozal berlen söz iň soňuna çenli berjaý edilendir – diýip pyşyrdady.

Körogly jogap edip:

— Seniň beýle salyhatlylygyň üçin bir döwüm çöregim bolsa hem ahyryna çenli seniň bilen böleşjekdigime söz berýärin – diýip pyşyrdady.

Hemze beg:

— Eýere daňylgy gylyjy alyp biliňe daň. Taýagy hem julyň aşagyndan alarsyň – diýdi.

Körogly Gyrata böküp münüp biline gylyjyny daňyp, taýagy çekip alyp, ýokardan aýlap goýberdi. Hemze beg gorkan ýaly bolup ýykylyp, gaçyp, tomaşaçylaryň arasynda gizlendi. Körogly Gyratyň üstüne çykansoň, begenjinden kellesi göçdi. Ol atyny çar tarapa çapdyryp gördi.

Soň patyşa:

— Aşyk, aty maňa ber. Ol şu gün ýuwaş görünýärle. Getir, men münüp göreýin – diýip gygyrdy.

Körogly içinden: "Seni ata mündürenimden öz boýnuma mündirenim gowy – diýdi. Daşyndan:

— Patyşa, ilki men bir gazal aýdaýyn, soň men atdan düşerin – diýdi.

***Bu at Erdebilden Kaşana çenli ýoly bir günde geçýär.***

***Onuň üçin soltan näme, şa näme?***

***Bu at otuz parsahdan bir dynç alýar!***

***Eý, meniň janym, sen ýene meniňki bolduň".***

***Köroglynyň ýadyna derýanyň boýunda gören aýak yzlary düşdi. Ol yzlar alty aý mundan ozal Hemze bilen goýlan yzlar bolmaly. Körogly ol yzlar hakda Hemzä beýan edip, bir gazal aýdar boldy:***

***Gyrat giň derýadan böküp geçipdir.***

***Men onuň aýak yzlaryny tanadym,***

***Men onuň her toýnagyny ogşaryn, ot bolup ýanyp duran gözlerini ogşaryn.***

***Men seni bir görenim üçin Allaga şükür edýärin.***

***Eý, meniň Gyratym, meniň janym, sen ýene meniňki bolduň".***

Patyşa:

— Aşyk, ony ýene öňürdikledip çapdyr, men seniň ussatlyk bilen at çapyşyňy göreýin – diýdi.

Körogly aty iki gezek çapdyryp patyşanyň duran ýerinden golaý geçdi.

— Berekella! Indi maňa ber ony. Men özüm synap göreýin.

— Patyşahym, sen oňa münmersiň.

Patyşa Hemze bege öwrülip diýdi:

— Bu däli maňa aty bermejek bolýar. Ol Köroglynyň özi bolaýmasyn?!

Hemze beg:

Men nireden bileýin? – diýdi.

— Sen Çamlybilde bolaňda ony görmediňmi näme?

— Men ony görmedim. Meniň gözlerim hem, bar pikirim hem Gyraty ogurlamagyň ýollaryny gözlemekdi. Köroglynyň özüne meňzeş köp batyr ýigitleri bar. Olaryň hemmesini kim tanabilsin?!

Patyşa Körogla öwrülip:

— Aý, atly, bäri gel. Men ony häzir özüm münjek – diýdi.

Körogly:

— Sag bol patyşa! Meniň kelläme bir gazal geldi. Gulak as maňa – diýip, gazal aýtdy:

***Gyrata münseň bagt getirýär diýýärler.***

***Atlynyň göwni hoş bolýar.***

***Atyň dyzlary gara, onuň boýny bugranyň boýnuny ýadyňa salýar.***

***Göwün ondan hoş bolýar.***

***Ol ýörän wagty köşegiň ýörişine meňzeýär.***

***Onuň eti ýeten wagty,***

***Onuň sagrysynyň ini döşüniň ini ýaly bolmaly.***

***Göwnüň ondan hoş bolýar.***

Patyşa:

— Aşyk, sen gaty öwrenişýärsiň. Men eýýäm saňa näçe gezek diýdim, bes et-de ýere düş. Men Gyrata özüm münmek isleýärin – diýdi.

Körogly ýigrenç bilen güldi. Ol:

— Sen towşan kelle patyşa! Men seniň selläňi laýa bularyn. O nähili sen bu ata münjek bolýarsyň. Bu atyň akyly seniňkiden köpräk – diýdi.

Patyşa Hemze bege bakyp:

— Oňa düş diý – diýdi.

— Men oňa diýdim, ol bolsa düşjek däl diýýär. Ol hakykatdanam Körogly bolaýmasa. Oňa näme üçin aty berdiň?

Patyşa:

Çalt bol, aşyk, atdan düş, sen kermi näme – diýdi.

Körogly:

— Patyşa, meniň ýadyma bir nama düşýär. Gulak as – diýip, nama aýtdy.

***At meniňki.***

***Men onuň ajaýyp sagrysyna ýüpek jul ýaparyn.***

***Men ony şerap derýasyna suwa düşürerin.***

***Ol Köroglynyň bäş ýüz atdan saýlany.***

***Ol göwnüňi hoş edýär.***

Patyşa ýene:

— Bes et. Derrew düş! – diýdi. Körogly dowam etdi:

***Eger men onuň kellesinden tutmasam,***

***Ol seni sagrysyna mündürmez.***

***Seniňki näme, at meniňki.***

Körogly namasyny gutarandan soň ýene-de:

— Patyşa, meniň ýadyma ýene bir gazal düşdi. Gulak as maňa – diýdi.

***Arap atyň tarypyny eýläýin. Üç ýaşynda atyň daşky häsiýetleri anyk bildirýär.***

***Derisi aýaklaryny ykjam çekip durýar.***

***Toýnaklary edil ýörite ýylmalan ýalydyr.***

***Gapyrgalary edil öküziň gapyrgalary ýalydyr.***

***Aýaklary edil sugunyňky ýalydyr.***

***Ol dört bilen bäş ýaşyň arasynda bolanda ýerdäki adam onuň kellesine ýetibilmez.***

***Söweş güni onuň kellesi goşuna tarap, gözleri bolsa göge seredýär.***

***Giňden açyk burny bilen ol şemalyň ysyny alyp barýandyr.***

Patyşa Köroglynyň atdan düşmejekdigine anyk göz ýetirdi. Ol hyzmatkärlerine Köroglyny derrew gabalmaklaryny yşarat etdi. Körogly haltanyň içindäki

kiçijik daş ýaly bolup görünýärdi. Körogly dumlu-duşundan gabawa alnandygyna begenip gygyrdy:

— Eý, sen dinsiz! Sen nädip, bir topar güjükleriň bilen ýüz ýaşly iti awlajak bolýarsyň? Gel, men asylly atyň tarypyny edip gutaraýyn.

Soň ol şeýle gazal aýtdy:

***Haçanda at ýedi bilen on ýaşyň arasynda bolanda, onuň derisi barha ýylmanak bolýar.***

***Ahyr ol on ýaşyna ýetende, onuň hakyky we müdimi reňki peýda bolýar.***

***Haçan baş seýis Däli Mäter gelende ony yzky aýaklary bilen depýär.***

***Seýis ony eýgerjek bolup, agzyna taýak bilen urýar.***

Patyşa:

— Aşyk, sen meniň atymy elimden aldyň! Bu at meniňki, seniňki däl. Men seniň ejeň göwnüne degdimmi? Sen ol atyň üstünde bolanyň bilen at seniňki bolýarmy näme? – diýdi.

— Hawa. Patyşa. Eger isleseň, ýör kazynyň ýanyna gideli. Ol biziň dawamyzy çözsün. Men bu atyň meniňkidigini subut edip bilerin – diýdi. Körogly ýene bir gazal aýtdy:

***Men Çamlybilden çykyp, Gyratyň bärdedigini eşidip bu ýere geldim.***

***Körogly ýalançy däl.***

***Bu at onuň öz aty diýip ol saňa aýdýar.***

***Men oňa münmäni başardym.***

***Bu bolsa akmagy aldamagyň usuly.***

Patyşa:

— Onda sen hakyky Körogly-da?! Men Hudaýa şükür edýärin! Men seni gökden gözläp, ýerden tapdym. Ýeriň ýüzünde senden yz galmaz ýaly men seni parçalamaly ekenim, – diýip gygyrdy.

Hemze beg galmagalyň gyzyşýandygyna we meseleleriň gitdigiçe beterleşýändigine göz ýetirip, ahyrsoňy näme boljakdygyny görmek üçin atyny yzyraga çekdi. Patyşa:

— Hemze beg, bärik gel, bu Körogly! – diýip gygyrdy. Hemze:

— Hawa, seň aýdyşyň ýaly. Ýöne men oňa garşy näme edip bilýän. Men saňa onuň eline aty berme diýip aýtmadymmy näme – diýip jogap berdi.

Patyşa gorkdy, emma ol Körogla “Atdan düş” diýip, ýalbarmagyny dowam etdirdi.

Körogly:

***— Meň kelläme ýene bir aýdym geldi – diýip, bir gazal aýtdy.***

***Hasan patyşa, sen öz güýjüňe gaty bir ynanmagyn.***

***Meniň sen ýaly gowy hyzmatkärlerim bar.***

***Sen atyň bilen daglara-daşlara çyksaň näme bolar?***

***Ynanaý, seniň atyň aýagy meniň ýollaryma çydamaz.***

***Agalar, soltanlar! Giň çöllüklere serediň, men siziň jesediňizi başdan aýak al gana bularyn.***

***Men Öwezi görmänkäm siziň baryňyzy gyraryn.***

***Meniň hyzmatkärlerimiň arkasynda şemhal tüpeňi bardyr.***
***Siz maňa meniň ýaýymy büküp biljek pälwany görkeziň.***
***Süsegen goç ýigitler, çykyň öňe.***
***Geliň, siziň kelläňiz bilen meniň galkanymy süsüp bilýäniňizi göreliň.***
***Men polat çeýnäp ony göge tüýkürýärin.***
***Men Çamlybiliň we depesi garly daglaryň eýesidirin.***

Patyşa:

— Aty maňa gaýtaryp ber. Sen oňa derek başgasyny alyp gidersiň. Ýogsam, men seni öldürerin. Bu hakykatdan hem aýyp bolar – diýdi.

Körogly oňa jogap edip bir gazal aýtdy:

***Körogly saňa diýýär, meniň goşunym çykyp ugrandyr.***
***Meniň goç ýaly ýigitlerim söweş güni täze güýç toplapdyrlar.***
***Men öz baýdagymyň astyna on müň adamy çagyrandyryn.***
***Meniň özümem ýüz müň hili urşup bilýärin.***

Patyşa öz adamlaryna ony tutmagy buýurdy. Körogly "Ýa Aly!" diýip gygyrdy we gylyjyny gynyndan çykaryp aç gurduň sürä topuluşy ýaly olaryň üstüne topuldy. Eýýäm, olaryň läşlerinden her ýerde depeler emele geldi, patyşa bolsa gaçyp gitdi. Körogly içinden: "Hemze beg maňa gowy hyzmat etdi. Men oňa minnetdarlygymy bildirmeli. Men Hasan patyşany

öldürip Hemze bege ýer sowgat bererin. Goý, şondan soň ol hanis taýpasyny dolandyrybersin” diýdi. Körogly üzeňňisi bilen Gyraty debsiläp, patyşanyň yzyndan ýetdi. Gylyç bilen bir uranda edil gülälegiň gunçasy ýaly onuň kellesi togalanyp gitdi. Hemze beg hojaýynynyň ykbalyny görüp, sellesini çykaryp, Gyratyň aýagynyň aşagyna zyňdy. Munuň manysy “Biz ýeňildik, biz seniň tussaglaryň” diýmegi aňladýardy. Körogly:

— Hemze beg, men patyşany diňe seniň mirasdüşer bolmagyň üçin öldürdim. Eger seniň ýüregiňde başga bir isleg bar bolsa aýt, men ony berjaý edeýin – diýdi.

Körogly hanis taýpasynda öz dostunyň adyny arşa çykaryp, Çamlybile dolanmak üçin ýola düşdi. Ol ýolda daşky leşgergählerden geçip barşyna käbir çadyrlaryň içine hem girýärdi. Olaryň içinden haremhana hyzmatçylary atylyp çykyp oňa gödekligi üçin käýeýärdiler. Ol şeýle etmek bilen Hasan patyşanyň haremhanasynyň çadyrlaryndaky adamlary barlap görýärdi. Körogly:

— Hemze begiň aýaly şol ýerdemi? – diýip sorady. Oňa:

— Ol bu ýerde – diýip jogap berdiler.

— Hasan patyşanyň näçe gyzy bar?.

— Ýedi, biri Hemzä durmuşa çykdy, beýlekileri hem durmuşa çykmadyk garry gyz.

— Olaryň hemmesi bärik gelsin we hatar bolup dursunlar. Men olary görmek isleýärin.

Onuň buýrugy ýerine ýetirilenden soň, ol şeýle diýdi:

— Bu aýrylyp biler, ol Hemze begiň aýaly, şonuň üçin hem ol meniň gyzym, uýam hasap edilýär – diýdi-de içinden: "Men Gyrat ýitende Däli Mäteriň göwnüne degipdim. Men oňa pul ýa-da sowgat berip göwnüni alyp bilmerin, sebäbi ol baý we hiç zat islänok. Ýekeje we iň dogry usuly men oňa patyşanyň gyzlaryndan iň owadanyny seçip sowgat hökmünde eltip bereýin. Şeýdip men onuň göwnüni awlaryn" diýdi.

Şeýlelikde ol ýedi uýadan iň gözelini saýlap alyp, öz öňünde eýerde oturtdy. Soň haremhananyň hyzmatkärlerine şeýle diýdi:

— Eger Hemze beg "Patyşanyň gyzlaryna näme boldy" diýip sorasa, siz "Körogly ony öňki ussady Däli Mätere bermek üçin Çamlybile alyp gitdi" diýiň.

Ol köp menzilleri geçip, öýüne geldi. Ýigitleriň hemmesi ony garşy almaga çykdy. Körogly Öweze Däli Mäteri çagyrmagy we patyşanyň gyzyny öz haremhanasyna salmagy buýurdy. Däli Mäter gelen badyna Körogly şeýle diýdi:

— Diňle meni, seýis. Men Gyrat sebäpli saňa gaharlanypdym. Gel, indi ýaraşaly. Men saňa Hasan patyşanyň gyzyny getirdim.

Soň ol Öweze seredip:

— Hiç zady gaýgyrma, gysganma, sen uludan toý tut, sebäbi ol atly patyşanyň gyzy, şonuň üçin onuň toýy dabaraly bolmaly – diýdi.

Çamlybilde toý-baýramçylyk ýedi gün dowam etdi. Ýedinji gün Däli Mäteriň täze aýaly onuň jaýyna ugradyldy we oňa bagyş edildi.

## ÝeDINJI BÖLÜM

Günleriň birinde gajarlar taýpasynyň baştutany Muhammet beg on iki müň atlysy bilen Köroglynyň ýanyna geldi. Olar tä Köroglynyň şerap saklanýan ýerzemini we aşhansy boşaýança iýip içdiler. Hyzmatkär bilen aşpez ikisi Körogla gelip ýagdaýy aýtdylar: “Seniň myhmanlaryň bar zady düýbüne çenli goýman iýip-içip gutardylar.

Körogly garawullaryny “Çamlybiliň golaý-goltumyndan kerwen ýa-da baý ýolagçylar geçmeýärmikä, barlap geliň” diýip iberdi. Olar: “Bir uly kerwen Çamlybile degişli ýaýlada dynç almaga düşmändir” diýip tiz habar getirdiler. Onuň baýlyklary we harytlary sanardan gaty kändi. Körogly Gyraty eýerlemegi buýurdy. Esbap-şaýlaryny doly dakynyp, ýaýla tarap çykdy. Ol görse, bir uly kerwen onuň öri meýdanynda düşleg edinipdir. Onuň görnüşi bu täjiriň baýdygyny aňladýardy. Onda gurlan çadyryň içinde iki

türk kişi narda oýnap otyrdylar. Körogly olaryň ýanyna gelip salam berdi. Türkleriň biri ony görüp:

— Eý ýigit, atdan düş! – diýdi.

— Ýok, men atdan düşjek däl.

— Sen nireden gelýärsiň?

— Näme? Sen entegem Köroglyny tanamadyňmy?

— Hawa, ol başga gürrüň, Körogly beýik adam. Onuň ýerinde duranymyz üçin biz oňa hyraç tölemeli.

Körogly onuň oýun edip sypjak bolýandygyny bildi. Onsoň hem ol Köroglynyň ady tutulanda hormatlap ýerindenem turmady. Netije düşnüklidi, olar oňa ýekeje teňňe-de berjek däldiler. Ol gapdala çekilip, naýzasyny oturan türke çenäp, atyny çarpaýa galdyrdy.

Soň türk sowuk-salalyk bilen:

— Çek ýaragyňy Körogly – diýdi. Naýzanyň ujy türküň döşüne gönükdirilendi. Emma Körogly atyny yza çekip, arkaýyn durdy.

Türk:

— Sen ýüzüňe aýalyň perdesini atmaly. Erkek adama beýle hereket etmek ýaraşmaýar. Men seniň hakda köp eşidipdim welin, seni şu wagt gördüm. Sen dabaraňa laýyk däl ekeniň. Batyr adam duşmana öňünden duýduryar. Duýdansyz topulyp öldürmek aýallaryň häsiýetidir. Maňa iň bolmanda oýnap oturan nard döwümi gutarmaga, ýaraglarymy alyp ata münmäge wagt ber. Ondan soň biz ikiçäk urşarys. Eger men seni öldürsem we dünýäniň ýakasyny seniň açgöz eliňden azat edäýsem, onda seniň ruhuňa dogalar

okalar. Eger tersine, sen meni öldürseň, şu ýerdäki baýlyklaryň, harytlaryň hemmesi seniňki bolar – diýdi.

Körogly sabyrlyk bilen diňläp durup, aýdylan zatlaryň hemmesiniň hakykatdygyny ykrar etdi. Şonuň üçin ol garşydaşy ýaraglanyp ata münýänçe garaşdy.

Başa-baş söweşmäge taýýar bolansoň, türk diýdi:

— Körogly sen başlamaly. Seniň maňa nähili ýarag bilen topulsaň-da erkiň bar.

Köroglyda on ýedi dürli ýarag bardy. Ol dürli ýollar bilen topulsa-da täjir olardan goranyp bildi.

Türk gygyrdy:

— Golaýyma gelip, guşagymdan tutup, çekip gör. Meni atdan agdaryp bilermiň? Men seniň güýjüňi synap görmek isleýärin.

Körogly täjiriň guşagyndan tutup, ony çekip düşürjek boldy, silkip gördi. Emma türk edil eýere ýelmeşen ýaly berk durdy.

Türk:

— Indi meniň nobatyň. Gel, indi men saňa güýjümi görkezeýin – diýip, Köroglynyň guşagyndan tutup, şeýle bir silkdi welin, Körogly tas Gyratdan ýykylypdy. Hatda onuň bir aýagy-da üzeňňiden sypypdy.

Türk pursatdan peýdalanýan ýaly, Köroglynyň guşagyny goýberip, ýarag-esbabyny aýyryp, atdan düşdi-de, Köroglyny çadyra myhmançylyga çagyrdy.

Körogly razy bolup atdan düşdi-de, çadyra girip oturdy. Ol şeýle bir utandy  welin, hatda ol zordan dem alyp oturdy. Türk öňküsi ýaly aşak eglip, ýoldaşy bilen

nard oýnamasyny dowam etdirdi. Körogly türküň asylly hem ruhubelent adamdygyny gördi. Batyr adama batyr, gorkak adama gorkak diýip, ýüzüne diýmäge endik eden Körogly eline dutaryny alyp, täjire bakyp bir gazal aýtdy:

Men onuň hyzmatkärlerinden we nökerlerinden “Ol kim?” diýip soradym.

Olar:

“Ol hanlaryň hany söweşjeň täjir” diýip jogap berdiler.

Onuň altyny Halap ýa-da Damaskdakydanam köpdür.

Ol jeňňeliň arslanydyr.

Onuň idip gelýän atynyň üstüne gaplaňyň derisi ýapylypdyr.

Ol ne dosta, ne-de duşmana seretmäge özüne mynasyp bilýär.

Men oňa garşy atymy goýberdim, men oňa garşy taýagymy galdyrdym.

Ondan soň täjir gygyryp ýerinden turdy.

Türk ýylgyryp, garşydaşyna seretdi. Körogly içinden: “Bu nejis üstümden gülýär”. Ondan soň ol ýene bir gazal aýtdy:

***Eý, Alla! Sen ony bir kemsiz ýaratdyň.***

***Ol ýeke seniň guluň.***

***Emma bütin dünýä ol buýsançly hem özüne göwni ýetip seredýär.***

***Ol dag ýaly harytlary üýşürip oturypdyr.***

***Ol ýoldaşyna seredip ýylgyrdy.***

***Aşak bakyp ýene nard oýnamaga durdy.***

Türk diýdi:

— Körogly beg, seniň şahyrlygyň, bagşylygyň üçin men bäş ýüz tümen sowgat berjek.

Körogly täjiriň ýumrugynyň güýjüni özünde synap görensoň, ol ýekeje teňňe-de bermez öýtdi. Emma bäş ýüz tümen agzalansoň, onuň keýpi ýene-de ýerine geldi. Ol begenip şeýle gazal aýtdy:

***Ol kellesine Bekdaş papagyny geýipdir.***
***Egninde kenguru içmegi bar.***
***Men Körogly, oňa gazal aýtdym.***
***Baýragyma täjir bäş ýüz tümen berdi.***

Göz açyp ýumasy salymda türk puly aýdymçynyň öňünde goýdy. Ol bäş ýüz tümeni sanap:

— Ine, seniň üçin meniň bäş ýüz tümen hyrajym. Eger sen meniň çakylygymy kabul etseň, Hudaýa şükür, bizde şerabam, kebabam az bolmaz. Dürli-dümen nygmatlar taýýar. Eger girmän gitjek diýseň, gözel göwnüň – diýdi.

Körogly:

— Eger rugsat berseň, men gowusy gideýin – diýdi.

Körogly puly jübüsine salyp, myhman bilen hoşlaşyp, Çamlybile gaýtdy. Ýigitleri puly görenden, olar Körogly ýeňendir öýtdüler. Körogly olara:

— Meniň göwnüme degmäň bezzatlar. Bu tümen däl-de, meniň damja ganym. Ol meni ýeňlişe sezewar etdi, emma meni öldürmedi. Gaýtam, bu pul bilen meniň ganymy gaýtadan satyn alyp berdi – diýdi.

Körogly garawullaryna täjiriň giden wagtyny görüp, oňa habar bermeklerini buýurdy. Birnäçe günden soň, garawullar birinji täjiriň gidendigini habar berdiler. Emma beýlekisi, birinjiden has baýy şol öňki ýaýlada leşgergähini dikip ýatyrdy..

Köroglyň gahary gelip gygyryp:

— Ýok boluň. Birinji täjir akylly adamdy, meni öldürmedi. Emma bu däli bolmagy mümkin. Ol meni öldürer – diýdi.

Öwez:

— Agam, sen näme üçin atlanyp, onuň üstüne barmaýarsyň? Şu wagt güýzüň ahyry. Eger ertir ýollara gar ýagaýsa, bize ýekeje-de kerwen, ýolagçy galmaz. Seniň ammaryň we pully sandygyň boşap galdy. Gynansagam, biz ýigitleri bäş günem ekläbilmeris – diýdi.

Körogly:

— Öwez, maňa gulak as. Men gideýin, ýöne dört ýigidim – Demirçi ogly, Künçi ogly, Belli Ahmet we Däli Hasan meniň bilen gitsinler – diýdi.

— Agam, tutuş topar seniňki. Buýursaň, biziň barymyz seniň bilen gidýäris.

— Ýok, şu dördüsi meniň üçin ýeterlik.

Ondan soň ol Gyraty eýerlemegi buýurdy.

Olar bäş bolup bile ýörediler. Olar bir ýaýla ýetenlerinde Körogly dört atlysyny “Kömege gel” diýip çagyranda ýetişer ýaly bukuda galdyrdy.

Ol kerweniň ýanyna ýeke özi gitdi. Görse, olaryň hemmesi türkler ekeni. Olar dynç alyp, nard oýnap otyrlar.

Körogly golaýrak baryp salam berdi. Onuň salamyny aldylar.

— Sen kim bolarsyň?

— Men aşyk.

— Köroglynyň baryp ýatan garakçydygy çynmy? Biz oňa şu ýerde göz ýetirmekçi.

— Arwahda bar häsiýetleriň hemmesi Körogluda bardyr. Ol hemişe duýdansyz peýda bolýar. Ol ýa siziň araňyzda bolmaly, ýa-ha basym bu ýere geler.

— Körogly bu ýoldan geçýänleriň hemmesine salgyt salýar. Ol geläýse, salgydyny alar-da gider. A sen, aşyk, dutaryň çykar-da, bize saz çalyp ber.

***Hojam! Men seniň ýanyňa geldim.***

***Görsem, siz hezil edip oturan ekeniňiz.***

***Mende altynam, kümüşem galmady.***

***Men seniň ýaly baý hem bagtly adamyň ýanyna geldim.***

Şol ýerde duran täjirleriň biri Köroglynyň ýüzüne seredip, onuň murtuny görüp gorkdy. Ol oýunçylaryň öňünde ýatan üýşmek puldan birazragyny aldy-da Köroglynyň elini dolduryp:

— Indi aýdym aýtma, besdir – diýdi.

— Indi aýdym eşidesiňiz gelmeýärmi? Mende-de aýdym gutardy.

Muny diýip, Körogly kümüş puly jübüsine saldy-da ümsüm durdy. Nard oýnap oturan täjiriň gahary gelip, oňa ýüzlendi:

— Sen näme aýdym aýdaňok, aşyk?

— Seniň ýoldaşyň maňa aýdym aýtmaga rugsat bermeýär.

— Üns berme oňa, aýdym aýt.

— Seniň beren bir owuç kümüş puluň maňa ýeterlikdir öýdýäňmi? Men has gowrak baýraga mynasypdyryn.

Täjir:

— Sen näme bize karzyna pul beripmidiň ýa-da bize haryt satypmydyň. Aýdymyň üçin bolsa men saňa eýýäm töledim – diýdi.

Soň ol gahar-gazaba münüp, Körogla gitmegi buýurdy. Oňa Körogly bir gazal aýtdy: Körogly atdan düşmän, dutaryny çykardy-da aýdyma başlady:

***Meniň ýaýym Kaýsaryýa şäherinde asylgy dur.***
***Meniň meýillerim başa bararmy, Alla bilsin.***
***Meniň bäş ýüz ýigidim bar, al geýnen, hojam!***
***Men seni görenime şat.***

Täjir nardyň gapdalynda ýatan puldan ýene bir owuç Körogla alyp berip:

— Şuny al-da git şu ýerden – diýdi. Körogly puly alyp jübüsine saldy. Oýnap oturan adam ýene-de:

— Sen näme üçin aýdym aýtmaýarsyň? – diýdi.

— Seniň ýoldaşyň rugsat bermeýär.

— Ol hapa iýýär. Sen ýeke meniň üçin aýt.

Körogly soň bir gazal aýtdy:

Sen puluňy hem harytlaryňy sanatma.
Sen olary gaçyrarsyň ýa-da daş töwerege zyňyşdyrmagyň mümkin.
Häzir bol, olar hakda Däli Hasan eşitmesin, Hoja!
Men seni görmäge şat.

Däli Hasanyň adyny eşidenden täjir Köroglyny tanap galdy. Ol ýerinden böküp turup, Köroglynyň aýagyna ýykylyp, onuň üzeňňisini ogşady. Ol ýalbaryp:

— Bu meniň günäm. Men günäkär, günämi geçmegiňizi soraýaryn – diýdi. Biraz wagtdan soň, nard oýnap oturanyň biri näme-nämäniň bolýandygyna düşünmän, ýoldaşynyň atlynyň üzeňňisini, aýagyny ogşap durşuna haýran galdy. Ol ýene Köroglynyň aýdym aýtmagyny talap etdi. "Bu nämäniň alamaty? Bu aşyk pygamber bolaýmasyn, muňa beýle hormat edilýär-le" diýip oýlandy. Ol näme bolýanyna ahyrsoňy düşünip, çadyrdan çykyp, ol hem Köroglydan ötünç sorap başlady.

— Agam, seniň hyrajyň bäş ýüz tümen. Biz saňa alty ýüz tümen bereris, Däli Hasanyň ýüzüni görmesek bolýar – diýdi. Körogly soň bir gazal aýtdy:

***Adamlaryň gykylygy turdy.***
***Köroglynyň sözi gylyjyndanam ötgür görünýär.***
***Siziň hemmäňizem Köroglynyň awy!***
***Hoja, men seni görmäge şat!***

Täjir berk sandygyny açyp, Körogla alty ýüz tümen sanap berenden soň, köpräk gerek bolsa aýtmagyny sorady. Körogly: "Ýok, şu pul ýeterlik" diýip ötägitdi.

Körogly ýigitleriniň bukuda ýatan ýerine baransoň, olary ýanyna çagyrdy. Demirçi ogly bilen Däli Hasan ikisi Köroglydan ýene-de olardan birnäçe çelek şeraplyk pul almaga synanyşmaga rugsat soradylar. Körogly:

— “Hakykat imanyň ýarysydyr” diýen arap nakyly bardyr. Şu puly Çamlybile alyp gidiň. Men gidip, ýene bir iş gaýyrjak bolaýyn – diýdi.

Türküň özünden rüstem çykmagy, ondan basylmagy Köroglyny basmarlaýardy. Ol muny ýigitlere aýtmaga çekinýärdi. Körogly şol garşydaşyny ýene-de bir görmäge synanyşmagy ýüregine düwdi. Köp gezek sorandan soň, ol ahyr täjiriň Arzyrumdan gitjek gününi bildi. Körogly ondan öňürdip, şäheriň beýle tarapyndaky dagyň geçelgesinde ýerleşdi. Türk kerwenini yzda galdyryp ýeke özi öňden gelýärdi. Köroglynyň gahary gelip atyny täjire garşy goýberdi. Ony atdan agdaryp, onuň kellesini kesdi. Köp wagt geçmän onuň gahary sowaşyp, edilen işe jany agyrap, bir gazal aýtdy:

***Begler, maňa gulak asyň!***
***Halapdan gelýärkäm bir täjire uçradym.***
***Edil polat ýaragly aç ýolbarsa sataşdym.***
***Ol ýarag esbaply arap atly gelýärdi.***
***Men aç ýolbarsa sataşdym.***
***Men ýyldyrymyň oky ýaly atylyp gitdim.***
***Men onuň ýolunda Arzyrumyň golaýynda bukuda oturdym.***
***Men Arzynjanda onuň kellesini aldym.***

***Men täjire uçradym.***

Körogly täjiriň eşigini çykaryp görse, ol türk däl-de ermeni ekeni. Soň ol şeýle gazal aýtdy:

***Onuň ölümi meni müň dertden gutardy.***

***Men ony bägüller çemeni ýaly kabul etdim.***

***Ol täjiri tanap görsem, ol ermeni ekeni.***

***Ah! Daglar dumana bürensin, olaryň depesinden sil aksyn.***

***Körogly seniň eliň gurasyn! Men täjire uçradym.***

Körogly Gyrata atlanyp, kerweni yzyna Çamlybile tarap öwürmegi buýurdy. Ol kerweni buky ýere getirdip, hemme haltalary açdyrdy. Ol pullary hem özüne gerek boljak zatlary bir ýana goýdurdy. Kerweniň ýanyndaky adamlara, düýelere we gatyrlara oljasyny ýükledip, Çamlybile tarap ýola rowana boldy.

## SEKIZINJI BÖLÜM

Kars welaýatynda bir hökümdar bardy, adyna Ahmet Paşa diýerdiler. Onuň örän owadan gyzy bardy, onuň adyna Perizat diýerdiler. Körogly adamlardan Perizat hakda eşidip, oňa aşyk boldy. Gyzyň özi hem Köroglynyň aşyklygyny inkär etmejekdigini bildirdi. Olaryň arasynda habar gatnadan kişi Kars bilen Çamlybil arada gyzyl alma söwdasyny edip ýören bir daýhandy. Körogly şu adamdan Perizadyň owadanlygy barada eşidipdi. Perizat hem Köroglynyň edermenligi barada şol adamdan eşidipdi. Daýhan almalary bilen Çamlybile gelen wagty ol patyşanyň gyzyndan habar getirerdi. Karsa yzyna gidende Köroglynyň habaryny gyza äkiderdi.

Günleriň birinde Körogly ýaraglaryny dakynyp, aw awlamaga çykdy. Ol görse Kars tarapdan bir atly at çapdyryp gelýär. Atly şol ýokarda agzalan alma satýan daýhandy.

— Daýhan, bu almalary kime getirýärsiň?

Daýhan Köroglyny tanaman:

— Men olary Körogla alyp gelýärin – diýdi.

— Seniň azabyň üçin ol saňa näme berýär.

— Men onuň gurbany bolaýyn! Ol maňa şeýle kän pul berýär, ol pul maňa bir ýyllap maşgalamy eklemäge ýetýär.

Körogly özi hakyndaky öwgini eşidip, wagty hoş boldy.

— Körogly: Ýene seret, eý, alma söwdagäri, sen öz agaňy tanamaýarsyňmy? – diýdi.

Daýhan onuň ýüzüne seredip, Köroglyny tanap, onuň atynyň öňüne ýykylyp, ýer ogşady.

— Perizatdan hiç hili hat-habar ýokmy?

— Ol maňa “Habary dilden aýt” diýdi.

Körogly:

Eger ol maňa hat ýollamadyk bolsa, men ony görmek üçin Karsa özüm barmaly bolaryn – diýdi.

Daýhan:

— Gyzyň hossarlaryndan hiç haýsy şu wagt şäherde ýok – diýdi.

— Ol has gowy. Bu almalary Çamlybile alyp bararsyň. Öwezden bolsa, öz hemişeki baýragyňy alarsyň.

Muny aýdyp, Körogly atynyň başyny Karsa tarap öwürdi-de gidiberdi. Daýhan bolsa Çamlybile tarap gitdi.

Daýhan ep esli ýol geçensoň, içinden: “Men samsyk, öýüň üstüňe ýykylsyn. Seniň maşgalaň, özüňem Köroglynyň çöregine eklenmeýärsiňmi näme? Şu wagt oňa seniň hyzmatyň gerek bolmagy mümkin. Sen näme üçin onuň ýanynda däl?” – diýip, pikir etdi.

Daýhanyň ýönekeý poslan demirden kiçiräk egri gylyjy bardy. Şol gylyjy bilen ata daňylgy almaly haltanyň ýüplerini kesdi. Soň gylyjyny biline daňyp, hojaýynynyň yzyndan kowup gitdi.

— Sen bäri näme üçin gelýärsiň – diýip Körogly sorady.

— Eý meniň hossarym. Men seniň gurbanyň bolaýyn! Sen meniň dogduk şäherime barýarsyň. Ol ýerde bolsa seniň atyň jylawyny tutar ýaly hem saňa hyzmat eder ýaly hiç kim ýok.

Körogly:

— Men her ýerde-de öz çöregimi taparyn. Birinjiden, gylyjymyň ujyndan, ikinjiden, serdessämiň tokmagyndan. Eger olar hem bolmasa mende aşygyň ukyby bar. Men seniň hyzmatlaryňy kabul ederin. Emma ýadyňda bolsun, Karsda hiç kime meniň kimdigimi aýtmaly däl. Karsyň hemme ýaşaýjylary meniň ganym duşmanlarym.

Agam, men mertdirin. Men saňa näme üçin haýynlyk edeýin?!

Şeýdip olar bu menzilden ol menzile ýöräp, Karsa gelip ýetdiler. Körogly alma satyja Gyraty bir amatly teblehanada goýmalydygyny, Gyrata hiç zadyň gerek bolmajakdygyny aýdyp, Allanyň haky üçin özüniň syryny gizlin saklamalydygyny haýyş etdi.

— Sen ak düýäni gördüňmi?

— Men onuň tezegini-de görmedim.

Köroglynyň bir ýat ýere gelende, töwerek-daşy barlamak hem gerek bolanda yza çekiler ýaly ýerleri

bellemek ätiýaçlyk kärlerini görmek gylygy bardy. Ol Karsyň içinden ýöräp, köne buthananyň ýerleşişini belledi. Ol buthanadan ýekeje ok-ýaý atýan adam müňlerçe gabawçylary gaýtaryp biljekdi. Bu ýerden ol patyşanyň gyzynyň ýanyna gitdi. Ol gapyny kakdy.

— Kim bu?

— Palçy. Men ruhlara-da ýüzlenip bilýärin.

Hyzmatkär gyz bu habary bikesine ýetirdi. Ol suwuň gyrasynda oturyp, daş-töweregine suw syçradyp otyrdy. Ol:

— Sen nämeden pal agtarýarsyň? – diýdi.

Körogly:

— Goýunyň kebzesinden – diýip, jogap berdi. Perizat:

— Dogrudan-da, sen meniň ykbalymy aýdybiljekmi? – diýdi.

Körogly aýtdy:

— Men saňa näme boljakdygyny başdan-aýak aýdybiljek.

— Sen şerap içýäňmi?

— Eger berseler, içmän näme?

Onuň beýle diýýäniniň sebäbi ol birnäçe wagtlap şerap içmändi. Şerabyň ady tutulmagy onuň göwnüne hoş ýokdy.

— Gyzlar, palça şerap getiriň!

Türkler adatça şeraby käse bilen içýärler. Uly meşigi şerapdan dolduryp alyp geldiler. Körogly murtunam öllemän käse yzyndan käse şeraby ýuwdup durdy. Tizden ol ýeke-ýekeden içmekden ýadady,

meşigi eline alyp, bir demde başyna çekdi-de, boşan meşigi zyňyp goýberdi.

— Ýene şerap getiriň! – diýip, Perizat gygyrdy. Ýene bir meşik şerap getirdiler. Ony nähili boşadanyny Perizat görüp hem ýetişmedi.

— Şeraby haýal getirýäň – diýip, ol hyzmatkär gyza käýäp ugrady.

— Bikäm, soňky meşikde otuz gadak şerap bardy. Men ony başga hiç kime içmäge bermedim. Eger palçy içmedik bolsa, onda bilmedim, oňa näme bolanyny.

— Palçy, şunuň hemmesini sen içdiňmi? – diýip, Perizat sorady.

Körogly şerapdan keýpini köklän adam:

Öwezimiň haky üçin, men içdim – diýdi. Ol dutaryny alyp saz çalyp başlady. Ol ýerdäki aýallaryň göwüni açyldy.

— Sen bize aýdym aýdyp berjek dälmi? – diýip, patyşanyň gyzy sorady.

Körogly oňa jogap edip bir gazal aýtdy:

***Men palçynyň geýiminde geldim.***

***Men assa ýöräp geldim.***

***Ak niýet we pygamberimiziň ýar bolany maňa güýç berdiler.***

Perizat:

— Biziň palçy diýenimiz ýalançy bolup çykdy. Gyzlar, uruň ony – diýip gygyrdy. Hyzmatkär aýallar ýumruklary, dyrnaklary bilen onuň üstüne topuldylar. Olaryň urgulary Körogla bildirmedi. Ol özüni ajap ukuda ýaly duýdy. Iki sany çybyn ony ukuda wagty

çakýan ýaly boldy. Ol sazy bilen aýdymyny dowam etdirdi.

Sen maňa daş atdyň. Meniň gözlerim ýaşdan doldy.

Seniň hyzmatkär aýallaryňa garşy ýumruklaşmaga mejbur etdiň.

Jyn Gardaş atly aýallaryň biri ýaňky bolup geçen wakalarda ýokdy. Ol gelip, näme bolanyny sorap bildi. Onuň hyzmatkär ýoldaşlary "Haremhana oguz gelipdir" diýdiler. Jyn Gardaş samsyk bolansoň, olara ynandy. Ol Köroglynyň ýüzüne şarpyk çaljak boldy. Emma ol keltejik bolansoň, Köroglynyň ýüzüne elini ýetirip bilmedi. Soň ol: "Gel, men onuň aýagyndan dişläýin. Ol şonda aşak egiler, men hem şol wagt ýüzüne uraryn diýip pikir etdi. Körogly bir aýagyny silkip goýberende, Jyn Gardaş golaýdaky howza gaçdy. Bu görnüşe Perizadyň gülküsi tutdy. Körogly oňa ýüzlenip:

— Ilki men aýdymymy gutaraýyn, soň sen meni ýene urdurarsyň – diýdi. Gazal:

***Gahryman beýik zada ymtylýandyr.***

***Ol ölmeli, emma onuň ady galýar.***

***Diňle Köroglynyň sözlerini, Men bu ýere Perizady alyp gitmek üçin geldim.***

— Ol nähili? Sen Köroglymy? – diýip, Perizat sorady. Körogly:

— Bu dogrudanam, siz tarapdan mylakatlylyk bolýar, ýaş hanym. Ilki meni rehimsiz urdurýaňyz, soň meniň Köroglydygymy ýa-da däldigimi soraýaňyz – diýdi.

Perizat Köroglydan ötünç sorap, ony gujaklady. Körogly hem onuň boýnundan gujaklady. Şeýdip, olar şerap içip, aýşy – eşretde bolmak üçin otaglara girdiler. Agşam başga ýere söz bereni üçin Körogly Perizadyň teklip eden agşamlyk naharyny kabul etmedi. Oňa-da Perizat gaty gynandy.

Indi habary alma söwdasyny edýän daýhandan alaly. Körogly özüniň gelendigi barada hiç kime aýtma diýip alma satyja tabşyrypdy. Alma satyjy öz hossaryna gowy agşamlyk taýýarlamak üçin gerek zatlary almaga gitdi. Ol bakgalyň ýanyna gowy tüwi we ýag almaga baryp oňa:

— Täjir, maňa iň gowy tüwiňden hem ýagyňdan Körogla ýarar ýalysyny ber – diýdi. Soň ol gassabyň ýanyna baryp:

— Bize şu gün agşamlyk nahara Körogly geljek, iň gowy et ber – diýdi. Çörek bişirýäne baryp:

— Köroglynyň öňünde masgara bolmaz ýaly, maňa iň gowy undan bişirilen çörek ber – diýdi.

Şeýdip, ol bar söwdasyny Köroglynyň ady bilen etdi. Dana adamlaryň aýdan sözi bar: ”Samsyk dostdan akylly duşman gowy”.

Köroglynyň gelendigi baradaky habar bazaryň içine çalt ýaýrady. Käbirleri bu habary şol wagt Karsyň patyşasy Ahmet Paşa bilen aw edip ýören Reýhan Araba ýetirmäge howlukdy. Şol wagt Körogly Perizadyň köşgünden daýhanyň öýüne gaýdyp gelýärdi. Körogly özi üçin bezelen çadyryň içine girip oturdy. Ol Gyratyň eýeri bilen ýaraglarynyň

aralygynda ýerleşdi. Çadyryň içine dört haly ýazylgydy. Körogly namazyny okap bolup, görse derwezede şem göründi. Ol çadyrdan atylyp çykyp seretse, howla bir topar türk girip gelýär.

Körogly sorady:

— Daýhan bu galmagal nämäni aňladýar?

Hudaý bardyr, agam, men düşünýän däldirin. Ýaragly türkler seniň çadyryňy gabadylar. Emma olar girmäge gorkýarlar. Olaryň edip bilýän zatlary naýzalary bilen çadyryň daşyndaky tutulary ýyrtmakdyr.

Biçäre Körogly haýran galyp seredip durdy. Hatda ol sowutdyr ýaraglarynam ýatdan çykardy. Birden ol ýassygynyň aşagynda goýlan sagdaga büdredi. Ol ýaragyny eline alyp, atyp başlady. Her atylan ok edil enesini gözleýän göle ýaly bolup molap gidýärdi.

Reýhan Arap öz esgerlerine pyşyrdap:

— Öýüňüz üstüňize ýumrulsyn! Ýaltalar, siz oňa ýaýyny almaga pursat berdiňiz. Indi dat günümize! – diýdi.

Körogly söweşe-söweşe häki buthana baryp ýetdi. Reýhan Arap dünýäniň goşunlary gelse-de bu berkitmä kär edip bilmejekdigine göz ýetirip, daş ussalary ýygnap getirmegi buýurdy. Olar diwaryň aşagyny köwüp, buthanany ýykmalydylar. Reýhan Arabyň özi derwezäniň golaýynda ýerleşip, işe gözegçilik edýärdi. Ol jaý ýykylsa, Körogly daşlaryň arasynda galyp öler diýip garaşýardy.

Körogly buthananyň depesinde eli ýaýly. “Bu zatlaryň soňy näme bilen gutararka?” diýip, daş töweregini synlap otyrdy. Şeýle ýagdaýda ol uzak gijesini geçirdi.

Daň atyp, äleme ýagty saçdy. Ýedi asmanda altyn tagtda oturan Gün patyşa peýda boldy. Körogly Reýhan Arabyň işiniň gidişini synlap durdy. Reýhan Arap bukulup oturan ýerinden eli ýaýly Köroglynyň ýere düşýän äpet kölegesine seredýärdi.

— Men Köroglyny gowy bilýän! Ol adam azyndan bäş ýüz, alty ýüz jesediň ýatanyny görmän boýun egmez diýip, gygyrdy. Daş ussalar dynman işleýärdiler.

Geliň indi alma satyja näme bolanyny göreliň. Ol buthana gelende dört sany daş ussasynyň jaýyň düýbüni köwüp oturanyny gördi. Ol buthananyň aşagyndan depesine çenli gizlin ýollary bilýärdi. Şol ýollar bilen Köroglynyň ýanyna çykdy. Onuň başy aşak, iki eli kükregindedi.

— Eý agam, meniň howandarym meniň, öýüm başyma ýumrulsyn! – diýip, daýhan aglady. Körogly:

— Ýok bol, seni gözüm görmesin! Bir okum galdy, şol ok bilen men seniň ýoguňy çekerin – diýip, gaharly ses bilen daýhana gygyrdy.

— Agam, menem beýdip ýaşanymdan ölenimi gowy görýärin.

Köroglynyň ol nejise haýpy gelip pyşyrdady:

— Çykar jübüňden syýa bilen kagyzy, men bir nama aýtjak, senem ony sözme-söz ýaz we Çamlybile

Öweze ýetir. Ol bu ýere alty, ýedi günde ýetip geler. Ondan soň, biz bu duşmandan halas bolarys. Bu möhlet olar uly jaýy ýykarlar. Eger Öwez gijä galyp gelse, ol meniň jesedimi buthananyň daşlarynyň arasyndan gözlär.

Ondan soň ol bir gazal aýtdy:

***Batyr ýigitlerim meniň bu halymy eşidiň.***

***Men buthanada galdym.***

***Men indi näme etmeli?***

***Reýhan Arap meniň sagymy-solumy gabady.***

***Men buthanada galdym, indi men näme etmeli?***

Reýhan Arap bu gazaly eşidip:

— Ýigitler, Körogly eýýäm aýdym aýdyp başlady. Bu onuň janyndan gorkýanlygynyň alamaty – diýdi. Gysga wagtyň içinde daýhan Köroglynyň namasyny kagyza geçirmegi başardy. Körogly aýdymyny dowam etdi.

***Men dostlarymy görmeli.***

***Men siziň uly ýoldaşyňyz, hyzmatkäriňiz.***

***Siz Demirçi ogly we Däli Hasan we sen, meniň Öwez oglum!***

***Men buthanada ýeke galdym, indi men näme etmeli.***

***Meniň Gyratym gözünden ýaş dökýär.***

***Men size onuň janyny we başyny gurban etmeli.***

***Daş ussalary basym işini gutarlar.***

***Men buthanada galdym, indi men näme etmeli!***

***Biz duşmanyň elinde galdyk biziň aramyzdan içaly çykdy.***

***Gyrat we gylyç elim ýeterden daşda galdy.***
***Men buthanada galdym, indi men näme etmeli.***

Körogly aýdymy aýtdy, daýhan ýazdy Reýhan Arap bolsa diňledi.

Ahyr Körogly:

— Indi, alma satyjy, sen bu haty epläp, telpegiň içligine tikip, çaltdan-çalt atlan – diýdi. Daýhan gizlin ýollar bilen buthanadan çykyp, Çamlybile tarap ýola rowana boldy.

Indi habary Öwezden alaly. Köroglynyň ýoklugy ony basym biynjalyk edip başlady. Ol ýigitleri töweregine ýygnap:

— Alla bilsin, Körogly nirededir bu wagtlar? Geliň, ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýigidiň her biri sowutdyr ýaragyny, atdyr esbaplaryny barlap taýýar bolup dursun – diýdi.

Körogly Kars tarapa gidipdi. Perizat tarapdan öwsen şemal onuň kellesini aýlamadygyny kim bilýär? Ýigitleriň hemmesi ýol, ýurt soraşdyryp, Karsa tarap ýörediler.

Bir gün irden Öwez görse, bir atly atyny bar güýji bilen ýyldyrym ýaly çapyp gelýär. Ýigitler ony Köroglydyr öýdüp, atla garşy öňürdikledip gitdiler.

Hä, bu senmidiň, bezzat alma satyjy? Biz seni agamyzmyka diýip pikir etdik – diýdiler. Daýhan jogabynyň ýerine papagyndan hat çykaryp berdi. Öwez haty okap bolansoň, ýüzi saralyp gitdi. Öwez hatyň mazmunyny aýtdy:

— Howply ýagdaý! Körogly şu wagt ermeni buthanasynda gabawa düşüpdir. Dört sany daş ussasy diwarlary ýykmagyň ugrunda. Jaý edil şu wagt onuň üstüne ýykylmagy mümkin!

Ýigitler Öwezden buýruk-görkezme bermegini soradylar.

Öwez:

— Doganlar, eger biz onuň ölüsini harabaçylykdan gazyp almaly bolsak, aglamaga wagt bar. Emma şu wagt ol dirikä, siz meniň yzyma düşüň – diýip, aýtdy.

Her bir ýigit ahyryna çenli söweşmäge ant içdi. Demirçi ogly Öweze:

— Men azyndan duşmanyň ýüzini gyraryn – diýdi. Kimçi ogly: “Men azyndan ýüz adamy gyraryn”, Däli Hasan: “Eger heriňiz duşmana urjak bolsaňyz, men aýallaryny alýaryn, aýallaryň hemmesini öz boýnuma alýaryn” diýdi.

Öwez:

— Onda maňa öldürmäge diňe garry aýallar bilen çagalar galýar-da?! Bolany bolar, men gylyjymy sünnileriň ganyna bularyn – diýdi.

Şu gürrüňden soň ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýigidiň aty bar güýjüne çapyp ugrady. Köp wagt geçmänkä, Kars göründi. Şol gelşine bular şäheriň ýarysyny talap ýetişdiler. Muny Reýhan Araba habar berenlerinde, ol Akjaguzy atly atyna münüp, olary saklajak bolup şeýle diýdi:

— Siz şäheri harap edenden gowusy Ermeni buthanasynyň üstünde aç ölüp barýan hojaýynyňyzy halas etmäge howlukmaly. Beýlä bakyň, beýlä!

Ýigitler Reýhan Arabyň görkezýän tarapyna seretseler, olar, hakykatdanam, öz hojaýynyny buthananyň depesinde gördüler. Körogly eli ýaýly şol birinji gün oturan daşynyň üstünde otyrdy. Şol wagta çenli daş ussalary giň ýeri oýupdylar. Körogly ýigitlerini derrew tanady.

Reýhan Arap gykylygyny dowam edip:

— Talamak we ýumurmak işini goýuň. Men bärde ýekeje adam. Eger öç alaryn diýseňiz, meni öldüriň, emma bigünä raýatlary heläklemäň. Şäher siziňki dälmi näme? Siz ony almadyňyzmy näme! Meni umytsyzlyga itermäň. Eger men ýeňiji bolsam, siziň baştutanyňyzy hem siziň deriňizi üwelen ete döndererin – diýdi.

Öwez Reýhan Arabyň sözlerinde many barlygyny aňýardy. Ol Demirçi ogluna ýüzlenip:

— Sen ýüz adamy öldürjek diýip söz beripdiň. Reýhan Arabyň ýekeje özüni öldürseň şäher biziňki bolar – diýdi. Demirçi ogly öldürilmeli Reýhan Arabyň batyrlygyny gowy bilýärdi. Şonuň üçin ol:

— Meniň adymy tutmaweri. Men ýaňyrak ýedi aýlyk syrkawlykdan açyldym. Meniň saçym düşüp, güýjüm gaçdy – diýdi. Öwez:

— Dogrudan-da şeýlemi? Berekella, batyr ýigit. Indi seni has gowy tanadym – diýdi, hem-de Kimçi ogluna ýüzlenip:

— Seniň söz beren ýüz jesediňe derek birini sowgat berýärin – diýdi.

— Jenap, meniň adymy bir tutma. Soňky on aýyň içinde meniň iýenimi siňdirmäm kyn boldy. Meniň Arzyrumda görkezen batyrlygymy ýatdan çykaran dälsiň. Emma şu wagt meniň elimiň güýji şeýle derejede pese gaçdy welin, hatda gylyç ýa-da başga ýarag götermäge-de güýjüm ýok.

— Ýüzüň ak bolsun. Indi men seniň kimdigiňi bilýärin. Hawa, Belli Ahmet, sen muňa näme diýjek? Sen ululary biri. Derejäň hem bulardan uly. Reýhan Arabyň kellesini edil kelem ýaly edip al.

— Eý Öwez beg, meniň Alhasda, şeýle hem Rowandüzde görkezen güýjümi we batyrlygymy öz gözüň bilen gördüň. Meniň şonda öldüren adamlarymyň sanyny hem gördüň. Şu ýeser ysytma soňky on iki aýyň içinde heläk edýär. Meniň öňki güýjüm we edermenligim gitdi.

Öwez oňa hiç zat diýmedi. Ol Däli Hasana ýüzlenip:

— Sen muňa näme diýjek? – diýip sorady.

— Eý! Öwez beg. Men seniň we Köroglynyň ejesiniň göwnüne degeýin! Munyň ýaly deşige girip, Köroglynyň nä işi bar? Ol näme ermenimi buthana girer ýaly? Ýok, ýok! Däli adam üçin söweş edip kellämi orta goýup bilmen.

Öwez:

— Seniň jogabyň esgeriň aýtjak sözi däldir. Sen gorkak hem söwdagär ekeniň – diýdi

“Gyz çykman garrasa daýzasynyň boýnundan asylyşar” diýen bir nakyl bar.

Öwez Reýhan Araba garşy özi göreşmek kararyna geldi. Onuň ýaşy şol wagt on sekizden uly däldi. Ol Reýhan Araba tarap atyny goýberdi. Garşydaşy ony tanap, mylaýym ses bilen diýdi:

— Çagam! Köroglyda köp gaplaň ýaly ýigitler bar. Olaryň hersi söweş güni üstüne ýüzlerçe duşmany alyp bilýär. Hiç haýsy gymyldamady. Näme üçin özüňi bu deň däl söweşe oklaýarsyň? – diýdi. Öwez:

— Men olaryň kiçisi. Men Körogla olardan has beter berlen hyzmatkäridirin. Şonuň üçin meni Köroglyny halas etmek ýolunda birinji pida hökmünde saýgyn. Menden soň olaryň hemmesi seniň gylyjyňdan geçer.

Bu jogap Reýhan Arabyň göwnünden turdy. Ol:

— Seniň hojaýynyň elinden iýen duzuň halal bolsun. Sen bütin ömrüňde duşman ýüzüne duşma. Ýüzüň hemişe ak bolsun - diýdi. Reýhan Arap bu sözleri diýip durka, Öwez oňa tarap hüjüm etdi. Körogly uzakdan seredip durdy. Ol gymyldaman duran ýigitlerine garap içinden: “Namart gorkaklar! Siz sakgallaryňyzy bulaşdyryp, bir süri öküz ýa-da eşekler ýaly dursuňyz. Bu oglan-çaga bolsa, Reýhan Arap bilen söweş edýär” diýdi:

Körogly Öweziň söweşe dogumly girenini gördi. Ol içinden: “Eý meniň oglum! Seni bu elhenç bäsleşikde görenimden men kör bolan bolsam, ýagşy bolardy. Alla meni şu bendilikden boşatsa, men ol haramzada

ýigitleriň dädesini ýakaryn" diýdi. Soň ol şeýle gazal aýtdy:

Eý, goç ýigit, sen aýdyp bilýärsiň, "Ine, men" diýip.

"Görüň, men polatdan sowut geýdim!" diýip, öwünmäge hakyň bar.

Görüň men söweşe girdim, men elli duşmana garşy dursamam ýeňsämi görkezmerin", diýip bilýärsiň.

Öwez Reýhan Araba golaýlaşanda, Körogly aýdym aýdyp başlady. Ony eşiden Reýhan Arap içinden: "Garry öküz, basym men saňa aýdyma derek aglamany öwrederin" diýdi. Körogly aýdymyny dowam etdi:

***Men şu sünnileri halamok.***

***Men diwaralaryňy ýumraryn.***

***Men bar janly jemendäni gylyçdan geçirerin.***

***Sen maňa bu oglan üçin gymmat tölemeli bolarsyň.***

***Öwez söweşdigiçe dogumlaşyp barýardy. Körogly gazal aýtdy:***

***Aly meniň medetkärim.***

***Onuň hyzmatkäri Gambar meniň howandarym.***

***Men ruhumdan güýç alýaryn.***

***Bu maňa tutuş goşuna garşy durmaga kuwwat berýär.***

Öwez duşmanyň öňünde asgynlajak boldy. Ol urgulary gaýtaryp, söweşi dowam etdirdi. Reýhan Arap ony gaty gysýardy. Emma Öweziň gulagy Köroglynyň aýdymyndady:

***Ýigit beýik zada ýetmäge ymtylmaly.***

***Gahryman ölmeli emma onuň ady ebedi diridir.***

***Körogly diýer «Perizadyň barlygy maňa jandan süýjüdir.***

Patyşanyň gyzynyň adyny eşidende, Reýhan Arabyň gaty gahary geldi. Onuň taýagynyň zarply urgusyndan Öweziň gözleri garaňkylap gitdi. Ol tas atdan agypdy. Näme-de bolsa ol üzeňňini ýitirmedi. Gaty urgynyň Öwezi seňseledenini Körogly daşdan görüp otyrdy. Ol bar güýji bilen Araba sögünýärdi. Ol edil öz kellesine urlan ýaly duýýardy. Körogly urgynyň ýara salmandygyny hem Öweziň berk urşup durandygyny görenden birneme ynjaldy. Körogly Öwezde diňe tejribäniň azlyk edýändigini görüp gaty begendi. Gaty ses bilen gazal aýdyp, Öweze uruş tärlerini öwredip başlady:

***Öwezjan, meniň görejim! Öňe öňe!***

***Sen gylyç bilen hamala onuň ýüzüni ýitileýän ýaly edip urmaly.***

***Hiç zat seniň badyňy ýatyryp bilmez.***

***Seniň müneniň asylly atdyr.***

***Seniň eliňde äpet güýç bardyr. Öňe, ogul, öňe!***

***Seniň ýoldaşlaryň baryp ýatan gorkaklar. Goý, seniň gylyjyň ýitilensin!***

Öweziň gulagy Köroglynyň aýdymyndady. Ol Reýhan Arabyň kellesine şeýle bir gaty urdy welin, hatda onuň gözüne dünýä edil güýzüň iň uzyn gijesi ýaly garaňky göründi. Ol gaçyp başlady. Öwez taýagyny guşagyna gysdyryp, gylyjyny syryp Reýhan Arabyň yzyndan kowdy. Körogly oňa gaty ses bilen bir gazal aýtdy:

***Biziň dinimiz gadymydyr.***

***Biziň günlerimiz yzly yzyndan täsinlik bilen gelýär.***

***Sen ony çepinden urjak bolup, gylyjy sagyndan sal.***

Şu wagt Reýhan Arap huşuna geldi. Öwez onuň sagyndan urmaga çenedi, Reýhan Arap bolsa kellesini çepe gyşartdy. Şol ýerde ol garşydaşynyň gylyjyna gabat geldi. Edil boýnunyň aşagyndan güýçli urlan gylyç tä düýbüne çenli baryp ýetdi. Onuň jesedi iki bölünip, atyň aýagynyň aşagyna gaçdy. Öwez atdan düşüp pyçak bilen Reýhan Arabyň kellesini kesdi. Ol kelläni naýzanyň ujuna dürtüp, ýigitlerine görkezdi. Ýigitleriň gorkudan susty basylyp durdy. Olaryň gorkudan ýaňa başlanan titremesi on iki aýa çekjek ýalydy. Türkleriň janyna howsala düşdi. Ýigitler çozup, öňünden çykany edil gassabyň goýun soýşy ýaly öldürip, hiç hili garşylyk görmän barýardylar. Körogly begenjinden ysgynsyzlygyň bäri ýanyna barypdy. Ol şeýle aýdym aýtdy:

***Saňa Alla kömek etdi, oglum.***

***Goý, Aly seniň medetkäriň bolsun.***

***Körogly diýer Öwez bala, kes gylyjyň bilen saga we sola,***

***Goý ol ýitilensin.***

***Öwez Buthana gelip, Körogla eglip salam berdi.***

***— Agam, sen näme üçin aşak düşmediň?***

— Dogry, oglum! Ýöne men şeýle bagtly, hatda özümiň ölüdigimi ýa diridigimi ýadymdan çykarandyryn.

Öwez onuň ýanyna ylgap bardy. Körogly ýerinden turup, Öweziň boýnundan gujaklap iki ýaňagyndan ogşady. Ol:

Goý, meniň saňa iýdiren duzum halal bolsun. Men, hakykatdanam, oglumyň bardygyny we ojagymyň hiç haçan öçmejekdigini gördüm.

Ondan soň Körogly daýhany huzuryna getirmeklerini buýurdy.

— Meniň atym nirede?

— Ol şu wagt ýerzeminde, meniň gizlän ýerimde.

— Git-de ony getir.

Gyraty getirenlerinde görseler, onuň agzy, toýnaklary gana boýalypdyr. Türkler gowagy tapyp, Gyraty alyp gitmäge synanşypdyrlar. Emma asylly at olaryň hemmesini öldüripdir. Körogly ýaraglaryny alyp, ata münüp durka, Ahmet Paşanyň hem-de Reýhan Arabyň emlägini talamagy buýurdy. Onsoň Perizadyň ýanyna ýeke özi gitdi. Ol içinden: “Eger ol öz raýyna meniň bilen gitmäge razy bolsa, alyp giderin. Men oňa zorluk etmerin”. Perizadyň Körogla aýdan ilkinji sözleri şu boldy: Sen indi gaýdyp barýarsyňmy, ýigit. Meniň ýeke özümi goýup gitjekmi bu ýerde? Men garyp, mundan beýläk kime bil baglarkam? Ýok, meni yzyňda goýup gitme, özüň bilen alyp git.

Körogly Perizady Gyrata artlaşdyryp mündürdi. Öwez sorady:

— Sen kimi özüň bilen alyp barýarsyň? Bu gyz kim? Çamlybilde bular ýalylar azmy näme? Olaryň hemmesini iýdirmeli, geýindirmeli.

— Alada etme, oglum. Sen şeýle nakyly bilýäňmi: “Köp agyryny bejermek üçin köp derman gerek”. Biz açlykdan ölmeris, arkaýyn bol.

Şeýdip, bu menzilden ol menzile geçip, olar öýlerine tarap gidiberdiler. Ýigitler Körogla ýüzlerini görkezmäge hem gorkýardylar hem utanýardylar. Olar Köroglynyň yzy bilen başlaryny aşak salyp, esli aralykda oljalaryny gatyra ýükläp barýardylar.

Alma satyjy daýhan Karsda kän durmaga milt etmedi. Aýalyny we çagalaryny alyp, beýleki ýigitler bilen Çamlybile ugrady. Körogly Perizady derrew haremhana iberdi. Emma özi ol ýere gitmedi. Şa gyzy Nigara munuň sebäbine düşündi. Ol Öwezi ýanyna çagyryp diýdi:

— Görýän welin, Körogly beg öýüne başga bir gyzy getiren ýaly-la. Körogly menden çekinýär. Maňa ýüzüni görkezmejek bolýar. Git-de oňa aýt, utanmasyn. Meniň gaharym gelmeýär. Gaýta tersine, men saňa toýa taýýarlanmagy maslahat berýärin.

Toý şagalaňy ýedi gije-gündizläp dowam etdi. Şerap, naz-nygmat saz-söhbet köp boldy. Raýatlaryň şatlygy Çamlybile doldy.

# DOKUZYNJY BÖLÜM

Indi Garis ogly Mustapa beg hakyndaky hekaýaty eşidiň. Ol Çamlybile gezmäge geldi. Görse, Köroglynyň ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýigidi saçak başynda dürli tagamlar iýip, şerap içip otyrlar. Üç sany hyzmat edýänler – Öwez, Musa we Isa Bally Köroglynyň käsesini şerapdan dolduryp durdular. Olaryň birinjisi Körogla hemişe hyzmat etmäge höweslidi. “Mustapa bege hem hyzmat et” diýlen gürrüň onuň göwnüne gaty degdi. Körogly köp içensoň, ýa düşünmedi, ýa-da Öweziň bu öýkesini bilmezlige saldy. Gürrüň gidip durka ol myhmandan sorady:

— Meniň şu toýum ýaly gowy toý görüpmidiň? Myhman:

— Görmedim, ýöne ýene bir zat bärde ýetenok – diýdi.

— Ol näme?

— Men Tokatda ol ýeriň patyşasynyňkyda myhmançylykda boldum. Şäheriň beýleki tarapynda ol bir bag döredipdir. Onda köp sanly ajaýyp awlar bar. Gazyň, ördegiň, durnanyň, guwlaryň etinden taýýarlanylan kebaplar seniň bütin ömrüňde iýeniňden

gaty üýtgeşikdir. Eger şu şerabyň ýanyna Öwez ýene birnäçe çiş kebapdan alyp gelse, seniň şu toýuň dünýäde deňi-taýy bolmazdy.

Öweziň reňki öçdi, soň gyzardy. Emma ol hiç zat diýmedi. Ol Körogla käsäni dolduryp, şerap berdi. Ol käsäni ýokary göterip:

— Eger haýsyňyz bolsa-da biriňiz Tokatdaky patyşanyň goraghanasyndan aw getirip berjek diýse, meniň elimdäki bulgurdan şerap içip biler. Men patyşanyň şol öwgüli awundan bişirilen kebapdan dadasym gelýär. Mustapa beg meniň myhmanym, ol meniň öýümde hiç zada zar bolmaly däl – diýdi. Öwez:

— Onda bulgury maňa ber diýdi. Körogly Öweze bulgur bermek islemedi.

Sen Karsda öz güýjüňi görkezdiň, başgalar görkezmediler. Öýde boluber. Seniň hyzmatyň maňa we myhmana gerek bolar – diýdi. Myhmany agzandan Öweziň ýüzi üýtgäp gitdi. Emma ol sesini çykarman aşak oturdy. Hiç bir ýigit ýerinden turmady. Sebäbi olar Öwezi öýkeletmejek bolýardylar. Öwez ýene ýerinden turup:

— Men saňa diýdim, agam, ol meniň işim. Seret, şu pyçaga. Eger sen maňa Tokata gitmäge rugsat bermeseň, men şu pyçagy kükregimden urýan – diýdi. Körogly göwünli-göwünsiz oňa käsäni berdi. Öwez ony içdi-de wagt ýitirmän ötägitdi. Demirçi ogly, Kimçi ogly we Däli Ahmet hatarda oturyp özara pyşyrdaşyp başladylar: “Bu oglan serhoş, ol näme edýänini bilenok. Körogly ertir özüne geler. Eger biz

Öwezi ýeke goýbersek ol bize temmi berer. Ol biziň ýogumyza ýanar”. Olaryň hemmesi bile ýerlerinden turup, toýdan çykyp, ýaraglanyp, atlaryna münüp, Öweziň yzyndan ýetdiler.

Günleriň birinde olar Tokata gelip ýetdiler. Mustapa begiň aýdan bagyndaky bol ota atlaryny otlamaga goýberdiler. Olar, elbetde, bir meşik şerap almagy ýatlaryndan çykarmandylar. Bagda birnäçe guşy awlap, Öweziň gylyjy bilen agaç şahalaryny çapyp çiş ýasap, kebap taýýarlap başladylar.

Bularyň edip ýören zaýaçylyklaryny bagban görüp, baryp Ahmet Paşa şeýle diýdi:

— Köroglynyň garakçylaryndan dördüsi bagyň içinde özlerini öýde däldirin öýdenoklar. Guşlary öldürýärler, baglary haraplaýarlar. Men olardan näme üçin bagy çapýandyklaryny soradym. Olar: “Bu agaçlar çapylanlaryndan soň, täze görnüşli miwe berip başlarlar” diýip jogap berdiler.

Patyşa dergazap bolup, goşunyň serkerdesi Bally begi ýanyna çagyrdy. Ol oňa dört ýüz atlyny ýanyna alyp, garakçylary şähere getirmekligi buýurdy.

Öwez kebap üçin çiş taýýarlap ýörkä, Demirçi ogly Däli Ahmede:

— Öwez bizi dört tarapy gabawly ýere alyp geldi. Biziň dört tarapymyz hem ýapyk, biz kapasada ýaly. Bagban patyşanyň ýanyna arza gitdi. Ol goşun iberip biziň dädemizi ýakar – diýdi.

— Seniňki dogry. Emma bu ýerde Öweziň batyrlygy synagdan geçer. Eger ol türkleri görenden

“Gaçaly” diýse, onda men ol bezzady öldürerin. Eger tersine, “Geliň, söweşeliň” diýse, onda biziň tenimizden janymyz çykýança söweşeris. Ine onuň özem gelýär.

— Hawa, Öwez sen bizi kapasa dykyp, bilgeşleýin türkleriň eline bermek üçin getirdiňmi? Olar basym Tokatdan bu ýere gelerler.

Öwez:

— Biz synanyşarys. Men iň soňky damja ganyma çenli goranmagyň hyýalynda. Eger men ölsem, size Ahmet Paşa boýun egip Tokatda galmagyňyzy maslahat berýärin. Belki, siziň ykbalyňyzy Körogly eşidip geler. Ol sizi halas edýänçä garaşyp oturyberiň – diýdi. Demirçi ogly bu sözlere tüýs ýürekden begenip:

— Öwez jan, men seniň gözüň gurbany bolaýyn? Ýeriňden tur biz ýaraglanyp, duşmana garşy taýýarlyk göreli! diýdi. Dört ýigit atalanyp, Bally begiň ýolunda durdular. Ol olardan gaty uzakda däldi. Kän garaşyp durman, olar özlerini duşmanyň ortasyna urdular. Bally beg görse, esgerleriniň ýarysy bary-ýogy dört ýigit tarapyndan gyrlypdyr. Emma Bally bege olary öldürmezlik buýrulansoň, ol bu ýigitleri hile bilen almaly boldy. Ol “Ýüpden syrtmak ýasap, olaryň üstüne zyňyň” diýdi. Birinji syrtmagy Öweze atdylar. Ol düşmedi Demirçi ogly özüne oklanan syrtmagy gylyjy bilen kesdi. Ýöne ikinji atylan syrtmagy ol görmän galdy. Belli Ahmet syrtmagy gyryp taşlady. Bally beg aljyrap, gaharlanyp gygyrdy:

— Oglanlar, olary çar tarapdan gabap atlarynyň aýaklaryny daňyň!.

Bu gezek türkleriňki şowly boldy. Ýigitleriň dördüsem atdan düşürilip, diriligine ele salyndy. Soň türkler olaryň el-aýaklaryny daňyp, atlarynyň öňüne salyp, Tokada tarap sürdüler. Bir wagt Urfadan Öweziň suratyny alyp baran täjir Hoja Ýakup şol wagt Tokatda ekeni. Ol derwezede duran ýerinden bagyň ýolunda bir topar adamy görüp, ýanyndakydan sorady:

— Bize tarap getirilýän adamlar kimler?

— Bu adamlar patyşanyň bagyna giren we şol ýerde-de ele salnan Köroglynyň dört sany ýigidi. Hoja Ýakup atlaryň öňüne salnyp, sürlüp, şähere getirilýän dört sany tanyş adamy gördi. Olaryň yzyndan gelýän atlylaryň hersiniň eýerine daňylgy jesetleri gördi. Öwez Hoja Ýakubyň gapdalyndan geçip barşyna, ony görüp tanady. Bally beg:

— Sen haramzada, ölümden gorkýarsyň, biziň iki ýüz adamymyzy öldüren ýeke sen dälmi? Indi bolsa aglap dursuň – diýdi.

Öwez:

— Men ölümden gorkamok, emma men şol täjire bäş ýüz tümen bergili. Indi men günäkär bolup, bergimi berip bilmän ölmeli. Eger-de men iki müň tümen bergili bolsamam, Köroglynyň ony tölejekdigini bilýän. Meniň Körogla “Bergimi ber” diýip hat ýazmagym üçin elimi çözmegiňizi soraýaryn – diýdi. Bally beg onuň islegini kanagatlandyrdy. Öweziň elleri

çözülip, öňünde kagyz-galam goýuldy. Öwez şeýle setirleri ýazdy:

***Meniň ýolum beýik daglaryň depesinden geçýär.***
***Eý kömek ediň, kömek ediň***
***Ölüm meniň yzymy yzarlaýar.***
***Meniň bir gylyjym, bir atym bardy.***
***Ajy aýralyk meni olardan aýra saldy.***
***Meniň ýurdum nirede, garyndaşlarym nirede***
***Eý kömege ýetişiň, kömege ýetişiň.***

Öň belli bolşy ýaly, Körogly Öweziň gitmegine göwünsiz jogap beripdi. Emma Öwez erjellik görkezip gidipdi. Şonuň üçin Öwez ýene-de bir nama goşdy. Bu ýerde Körogla gulak asmaýanlygy üçin ökünjini beýan edýärdi:

***Ol özi meniň ýanyma geldi.***
***Ol meniň aşyma awy gatdy.***
***Görüň, nähili bela meniň başyma düşdi.***
***Eý, meniň dilim, meniň hasratymy beýan ediň.***
***Kömege geliň, geliň.***
***Hat şu sözler bilen tamamlandy:***

Hoja Ýusup haty alyp kerwensaraýa howlukdy. Ol dükanyna satyljak harytlary getirip, eglenmän Çamlybile tarap ugrady. Ol şeýle bir howlugýardy, hatda atynam eýerlemän, ýöne july ýapylgy atlandy.

Dört ýesiri Paşanyň öňüne getirdiler. Paşa olaryň kellelerini derrew kesmegi buýurdy. Onuň weziri:

— Men seniň gurbanyň bolaýyn! Seniň raýatlaryň bary Körogla nägilelik bildirýär. Ol biriniň ogluny alyp gaçypdy. Başga biriniň atasyny öldüripdi. Ýene biriniň

malyny alypdy. Başga birini ol zyndanda saklapdy. Şonuň üçin men sizden bu garakçylaryň el-aýagyny zynjyrlap, zyndana taşlamagy buýurmagyňyzy haýyş edýärin. Goý olar iki hepdeläp şol ýerde otursynlar. Bir wagtlar olaryň ýurduna habar ýollanar. Körogly bularyň yzyndan geler. Netijede, obanyň kethudalary we dürli taýpalaryň ýaşululary bu ýerde jemlener. Şondan soň biz Köroglynyň ýüregini gyzan demir bilen – meýdançada saz çalmak, şatlyk-şagalaň etmek bilen daglamaly – diýdi. Paşa:

— Seniňki dogry, wezir, goý, olary zyndana taşlasynlar – diýip buýurdy.

Indi habary Köroglydan alaly. Oňa çendenaşa içmekden soň, özüne gelmek üçin dört gün gerek boldy. Hemme ýigitleri we hyzmatkärleriň hemmesi Öwezi Tokada ýöne bir Paşaň awuny getirmek üçin goýberendikleri üçin Körogly özlerine temmi berer diýip gorkup, garaňky deşiklerde gizlendiler. Ýeke Däli Mäter onuň ýanyna bardy. Ol eglip salam berip, sesini çykarman durdy. Körogly oňa:

— Öwezi çagyr. Meniň kelläm agyrýar. Onuň maňa birnäçe käse şerap bermegini isleýärin. Ol meni daýandyrar – diýdi.

— Agam, sen ýöne meniň üstümden gülýäňmi ýa-da çynyň bilen gepleýäňmi?

— Bu soragyň näme, nadan deýýus?

— Eý, meniň howandarym! Seniň ony Tokata paşaň bagyndan getirip, kebap edip ber diýip ugradanyňa dört gün geçdi.

Aý, ýog-a?

Däli Mäter ant içip:

— Onuň bilen ençe adam hem gitdi – diýdi.

— Nälet maňa! Men ogluma bir zat boljagyny bilýärin.

Körogly dutaryny eline alyp, şeýle gazal aýtdy:

Men ony aw getirmäge iberdim.

Emma Öwez eglendi gelmedi. Eý, Allam, kimi iberersiň kömege.

Men tüpeň sesini eşitdim.

Ýeňiş yzyna ýeňiş. Meniň garyp oglum duşman eline düşendir. Öwez eglendi, gelmedi.

Körogly şu aýdymy aýdyp otyrka bugra ýaly agzyndan ak köpük saçdy. Soň ol Däli Mätere:

— Gyraty eýerläň – diýip, gygyrdy ýene bir gazal aýtdy:

***Men Öwezi Siriýa iberdim.***

***Ah, meniň ýüregim gara gan bolup daşsady.***

***Ol şol gije gelerin diýip söz berdi.***

***Bu gowy däl. Öwez eglendi gelmedi.***

Ol sowutdyr ýaraglaryny getirmegi buýurdy. Arasynda şeýle gazal aýtdy:

***Bagda bägüller pyntyklaýar.***

***Aşyk bilbiller aýdymlaryna başladylar.***

***Ýeke sen, Körogly, kelläňe kül dökmeli. Seniň ogluň, doganyň eglendi, gelmedi.***

Ol sowudyny geýip, ýaraglaryny alyp, Gyrata mündi-de garawullaryň duran dagyna bardy. Töwerekdaşy barlap görse, ýollar boş. Tokadyň ýolunda ýeke

bir atly göründi. Ol ýyldyrymyň oky ýaly atyny çapdyryp Çamlybile tarap gelýärdi. Körogly pikir etdi: “Şübhesiz, bu habarly çapar bolmaly”. Körogly jülgä düşüp, atla garşy ýöredi. Hoja Ýakup ony tanady. Emma Köroglynyň erbet habar getireni öldürmek däbiniň bardygyny bilýän Hoja Ýakup gaty gorkdy. Şonuň üçin ol birnäçe ädim öňe ýöräp haty elýaglyga daňyp, ony Körogla zyňyp, çalt gaçyp gitdi.

Körogly Öweziň hatyny okap bolandan, onuň dünýäsi bulaşyp, gözleri garaňkylady. Ol bir aýagyny üzeňňiden aýryp, ony eýeriň öň tarapynda goýdy. Dutaryny eline alyp, ony sazlap, bir aýdym aýtdy. Onuň sesi şeýle bir gaty çykdy, hatda Çamlybildäki ýigitler onuň her bir sözüni aýyl-saýyl eşidip bilýärdiler.

***Bally beg Öwezi zyndana salypdyr.***

***Onuň maksady, şübhesiz Köroglynyň ýigitlerini urşa çykarmakdyr.***

***Meniň bu ýitgimden soň dünýä maňa näme?***

***Ol teke türkmen ýigitleriniň gelmegini isleýär.***

***Olar geler.***

Köroglynyň ýigitleriniň hemmesi onuň çakylygyny eşidenden, çalt ýaraglanyp, atlaryna münüp ýanyna geldiler.

Ol aýdymyny dowam etdi:

***Meniň sowudym we donum polatdandyr.***

***Men polat çeýnäp göge tüýkürýärin.***

***Men öňden bararyn.***

***Öňden ýurdy arassalap bararyn.***

***Teke ýigitleri, beglerim, meniň yzyma düşerler.***

***Mustapa begiň üç müň atlysy bar. Ol olara ýaraglanmagy buýrupdyr we Körogla kömege gelýär.***

***Ol ony isleýär, sebäbi bu işiň sebäpkäri ol.***

***Basym men daglaryň depesinden inerin.***

***Şonda, duşmanlar, men siziň ýurduňyzyň topragyny at torbalar bilen çekdirerin.***

***Siziň serkerdeleriňizi men özüm atdan agdararyn.***

***Siz isleýäňizmi teke ýigitleriniň gelmegini?***

***Olar gelýäler!***

Köroglynyň bar ýigitleri eglenmän ol ýere gidilmegini haýyş edýärdiler. Olar ýoldaşlarynyň kysmaty üçin ar almaga taýýardyklaryny bildirdiler. Körogly:

— Meniň bütin ömrümde şu gün meniň üçin iň kyn gündür – diýdi. Ol şeýle gazal aýtdy:

***Bally begem şu gün biziň ýaly taýýardyr.***

***Gaýgy meniň ýüregimde düwün boldy.***

***Körogly diýer: "Şu gün bize aýylganç gün boldy".***

***Bally beg, seniň türkmen begleri geler diýip isleýşiň ýaly olar geldi!***

Aýdymyny gutaryp Körogly ähli atlylary hem-de Mustapa begi ýanyna alyp, Tokada tarap ýöriş etdiler. Ýolda Körogly Mustapa beg bilen gürrüňini dowam etdirdi. Körogly uçup barýan durna sürüsini gördi. Körogly içinden: "Men durnalardan Tokatdaky adamlarymyzyň ykbaly nähilidir diýip soramakçy. Saňa jogap berer ýaly durnada dil barmy? Sen akylyňdan azaşdyňmy? Sen kebaba derek ýylanyň zäherini iýen

bolaýma? Adamyň başyna meniňki ýaly gara gün gelse, ol guşlardanam habar soraberýär” diýdi.

***Gaýgylanyp ol şeýle gazal aýtdy:***
***Gökden bäş durna uçup barýar.***
***Görüň olaryň arasynda Öwez ýokmy?!***
***Bu guşlar nähili owadan!***
***Görüň Öwez ýokmy olaryň arasynda?!***
***Durna bu gyrdan ol gyra uçup barýar.***
***Ol aýdymyny asmanda öwrenýär.***
***Eý onuň aýdymy nähili süýji.***
***Görüň, Öwez ýokmy olaryň arasynda?***

Olar bu menzilden ol menizile ýöräp Tokada bir parsahlyk golaý geldiler. Baýryň üstünden şäher we daşyndaky obalar görünýärdi. Däli Ahmet:

— Agam, gaýgydan ýaňa seniň akyl-huşuň gidipdir. Eger biz bu baýyrdan aşak baýdaklarymyz bilen düşsek, şäheriň ilaty bizi görüp, derwezelerini ýapar. Derwezä hüjüm eder ýaly topumyz ýok. Emma iň ýamany, bizi bimaza etmek üçin biziň ýoldaşlarymyza azar bererler. Sen gowusy, baýdaklary ýygnamaga we şu ýerde atlara dynç bermäge görkezme beriň. Gysga wagtdan biz Tokadyň ýaşaýjylaryndan birini alyp gelip zyndandakylardan bir habar bileris. Eger olar öldürilen bolsalar, biz olaryň gany üçin ar alarys. Eger entek diri bolsalar, halas ederis – diýdi.

Körogly:

— Berekella, Däli Ahmet. Seniň sözleriň akyldan doly. Eger Alla ýol berip ýigitlerimizi halas etsek, men saňa üç ýüz tümen baýrak bererin. Eger şu günden

başlap bir saňa däli diýse, men onuň dädesini ýakaryn – diýdi.

Baştutanyň buýrugyna görä goşun basym düşledi. Körogly Däli Ahmede ýüzlenip:

— Çalt Gyrata mün-de şähere golaýlaşyp, bir ýaşaýjysyny alyp gel – diýdi. Däbe görä hemme türk şäherlerinde Anna güni derwezeler gün dogansoň, üç sagat geçýänçä açylmaýardy. Sebäbi birnäçe türki kitaplarda ýazylyşyna görä, Türkiýe parslar tarapyndan gün dogansoň, üç sagatdan soň basylyp alnar diýlen rowaýat barmyş.

Däli Ahmet töwerekdäki ýerleri barlap gördi. Netije ýok. Ol gymyldaýan janly jemende görmedi. Ahyr arkasyna bir halta pagta göteren ýaşuly adam göründi.

Ahmet ondan sorady:

— Hudaý seni nirä alyp barýar?

Ol adam:

— Saňa näme? – diýdi. Ahmet:

— Meniň hojaýynym täjir. Ol kerweni bilen ol baýyryň aňyrsynda düşledi. Ol meni şähere dürli harytlaryň bahalaryny anyklamaga iberdi. Eger bahalar ýokary bolsa biz harytlary bu ýerde satarys. Eger tersine bolsa, biz başga şähere gitmeli – diýdi. Ol adam:

— Sen görmeýäňmi, men agyr haltany göterip şol seniň hojaýynyň kerweni bilen ýatan tarapyna barýaryn. Men ol obanyň bazaryna barýaryn.

Däli Ahmet garrynyň boýnundan tutup haltasy bilen bile göterdi. Ol Gyraty öňürdikledip gitdi. Tussag

aýaklary ýere degip, süýrenip barýardy. Basym ol adam düwnügip, üsgürip başlady. Däli Ahmet onuň boýnuny goýberip, sakgalyndan tutup, öňküsi ýaly süýräp gitdi. Şol wagt Körogly baýryň üstünde eýläk-beýläk gezmeleýärdi. Ahmet çaparyň gaýdyp gelýändigini gördi. Ol bir zady süýräp gelýärdi. Ol zat biçäre garry bolup çykdy. Onuň üsti haltadan dökülen pagtadan agarypdyr.

Mustapa beg! Seret, bu deýýus Däli Ahmede. Men oňa janly adam getir diýdim. Ol bolsa haýsydyr bir gonamçylykdan çykarylan kepenli ölini getirýär.

Däli Ahmet bu sözleri eşidip Köroglynyň ýanyna baryp:

— Agam ol öli däl – diýdi.

— Eger munuň jany bolsa-da, seniň beýdip getirişiňe ol ölmeli.

— Ol erkin dem alar ýaly men onuň bokurdagyny boşatdym agam. Men ony sakgalyndan süýräp getirdim.

Ol garry adamy dikeldip goýdy. Emma ol ýykyldy.

— Men saňa diýmedimmi, deýýus, bu jeset diýip.

— Men ant içýärin, agam, ol öli däl. Ol bilgeşleýin gözlerini ýumýar. Men oňa dessine jan bererin.

Şeýle diýip, Ahmet garrynyň elini gysdy. Ol gözüni açdy, emma Däli Ahmedi görüp, ýene-de gözüni ýumdy.

Körogly:

— Aýryl-da bizi onuň bilen ýeke goý. Sebäbi ol senden gorkýar – diýdi. Ol garrynyň burnuna saman bilen palçyk dykdyrdy. Garry basym özüne geldi.

— Sen bize aýtsana şäherde dürli harytlaryň bahasy näçe durýar?

— Agam, men size näme diýeýin. Bir mann[1] çörek üçin öň biz dört şahy töleýän bolsak, indi ol sekiz şahy boldy.

Körogly bu garry adamyň samsykdygyny, hiç zat bilmeýändigini, ýöne agzyna gelenini samrap durandygyny bildi. Onsoň aýtdy:

— Şäherde näme habar bar? Körogly barada zat eşitdiňizmi? Onuň dört adamy: Öwez, Demirçi ogly, Kimçi ogly, Belli Ahmet ele salnypdyr. Olar öldürildimi ýa-da entek dirimi?

— Men şäherden gaýdamda olar entek zyndandady. “Hemme adam şähere ýygnanyp, bu garakçylaryň jezalandyrylyşyny görmeli” diýlip, bütin ýurda buýruk ýollandy. Jezalandyrylyş tüpeň atylyp, uly şatlyk-şagalaň bilen geçiriljek. Men obada çaltrak pagtam satyp gaýdyp Tokada barmaga howlugýaryn. Men Öwezi bir gezek bolsa-da hezil edip pyçagym bilen dürtüp galmaly.

— Sen täjir, seniň ol zaňňar Körogly tarapyndan saklanylmazlygyň mümkin däl. Şonuň üçin bar çaltrak şähere git-de onuň oglunyň tenine hanjaryňy ur.

Körogly Däli Ahmede:

[1] Mann – 15 iňlis funty

— Bu samsygyň gürrüňi meniň bagrymy ýakdy. Çaltrak aýyr ony, goý, gitsin bu ýerden – diýdi. Garry adamy boşatdylar. Ol ep-esli arasyny açypdy. Soň Däli Ahmet atyny çapdyryp, onuň yzyndan ýetdi-de, golaýyna gelip, taýak bilen şeýle zarply urdy welin, onuň kellesi çym-pytrak boldy. Ondan soň ol başlygynyň görkezmesi boýunça başga bir diliň gözlegine çykdy.

Däli Ahmet Tokatdan daşda bolmadyk ýerde gezip ýören bir daýhany gördi. Ol ýapdan ekin meýdanyny suwarýardy. Ýaş, uzyn boýly, sagdyn ýigidiň görnüşi oňa ýarady.

— Ýigit Alla saňa güýç-kuwwat bersin!

Daýhan:

— Esger ýigit, hoş geldiň! – diýdi.

— Meniň hojaýynym täjir. Ol atlaryny otlatmak üçin şol baýryň aňyrsynda düşledi. Ol meni harytlaryň bahalaryny bilmek üçin iberdi.

Daýhan pilini ýere goýdy-da, derrew hyzmatlaryny hödürläp başlady. Däli Ahmet onuň aýak ýalaňaç atyň öňünde ylgap ýörenini görüp, oňa nebsi agyryp, ata artlaşdyryp mündürdi. Daýhan leşgergähe gelenden olaryň täjir däldiklerini aňdy. Ol:

— Siziň hojaýynyňyz haýsy diýip sorady. Däli Ahmet barmagy bilen Köroglyny görkezdi. Daýhan kellesi buthananyň gümmezine meňzeş, murtlary ýeňsesinden çataýmaly, sakgaly bilinden aşak düşüp duran boýy minara ýaly adamy gördi. Ol hyýalynda bu döw ýaly adamyň güýjem göwresine deňräk bardyr. Bu şübhesiz Körogly bolmaly. Ony şular ýaly görnüşde

suratlandyrypdylar” diýip pikir etdi. Daýhan atyndan böküp düşdi.

— Näme üçin düşdüň – diýip, Däli Ahmet sorady.

— Agam, sen maňa ol täjir diýýädiň. Meniň görýänim güýçli serdar. Ol hiçem täjire meňzemeýär.

Däli Ahmet onuň duýgur we akylly ýigitdigini görüp, serdaryň öňünde näme diýmelidigini, özüňi nähili alyp barmalydygyny öwretdi.

Körogly ýaş ýigidiň Däli Ahmediň atynyň öňünde ylgap ýörşüni görüp, içinden: «Eger bu oglan samsyk bolsa, men gaharyma onuň temmisini bermez ýaly Alla oňa akyl bersin” diýdi. Köroglynyň golaýyna gelenden daýhan oňa eglip salam berdi.

— Golaýrak gel ýigit. Daýhan ýene-de egilip salam berip, öňe süýşüp ümsüm durdy.

— Sen maňa Tokatdaky bahalar barada zat aýdyp biljekmi?

Oglan derrew dürli zatlaryň bahalary barada dürs aýdyp başlady. Hatda ony öz işini jime-jik bilýän täjirdir diýip boljakdy.

— Bärde nähili habarlar bar?

— Agam, şeýle elhenç habarlary aýtmaga meniň dilim barmaýar.

— Sen nähili habarlar barada aýdýarsyň?

— Çamlybilden geçende siz Köroglynyň dabarasy hakda eşidensiňiz.

— Hawa, eşitdim.

— Agam, onuň dört ýigidini Hasan Paşa ele saldy. Şu gün olar ölüme berilmeli. Men onuň ýaly gowy

ýigitlere nebsim agyryp, olaryň jezalandyrylyşyny görmejek bolup, ekin meýdanlara suw bermek üçin şäherden çykdym. Alla maňa siziň goşunlaryňyza ýolbelet bolmaga rugsat berse, men olary Tokata äkidip biljek. Olar Paşaň goşunyny derbi-dagyn ederdiler. Şeýdip, men Köroglynyň adamlaryny ölümden halas edip, olary şol wagtyň özünde Çamlybile alyp giderdim. Eger men bu bolan zady bäş-alty gün ozal bilen bolsamdym, özüm Körogla baryp aýdardym. Körogly maňa şeýle köp pul bererdi, hatda ol pul meniň maşgalama, bu nesilden beýleki nesle çenli ýaşamaga ýeterlik bolardy.

Bu jogapdan Köroglynyň göwni örän hoş boldy. Ol onuň agzyny açdyryp, ony dodaklaryna çenli dukatdan doldurtdy. Soň ol oglandan soradylar:

— Sen ak düýäni gördüňmi, ýigit?

— Hudaý saklasyn agam, men onuň tezeginem ömrümde görmedim.

— Tussaglara nähili jeza beriljek?

— Paşa adamlary şähere çagyryp, ýurduň çar tarapyna perman iberdi. Şatlyk-şagalaň, atyşyk, başgada bilmeýän welin, ýene-de birtopar zatlar taýýarlanylýar.

Ýigide gitmäge rugsat berdiler. Körogly tutuş goşuna öňe gitmäge buýruk berdi. Ýigitleriň atlary ýaraglar görünmez ýaly ýapynjalar bilen örtülendi.

Ýurduň adamlary çar tarapdan şähere çozdular. Bu ýagdaý goşunlara özüne ünsi çekmän şähere golaýlaşmaga mümkinçlik berdi. Bu usul Däli

Ahmediň kellesine gelipdi. Körogly baýrak hökmünde ony şol günki ýörişe serkerde belledi. Üstesine-de ol oňa ýene üç ýüz tümen berjekdigini aýtdy. Körogly soňra Ahmede aýtdy:

— Söweşiň gyzgalaňly wagty gözüňi menden aýyrmazlygy ýadyňyzda saklaň. Men elimi murtuma ýetiremde, bu size hüjüme başlaň diýen yşaratym bolar.

Şeýdip olar Tokata girmegi maslahat etdiler. Şäheriň adamlary olara jeza berlişiň ýöne kem tomaşaçylarydyr öýdýärdiler.

Körogly Mustapa begiň adamlaryny tussaglara jeza beriljek meýdançanyň dört tarapynda goýuşdyrdy. Onuň özi Jamyň donuna[1] bürendi. Gyratyň jylawyny bolsa Däli Ahmediň eline berdi.

Hasan Paşa üçin kürsi getirip, meýdançanyň bir burçunda goýdular. Meýdançanyň ortarasynda dar agajyny dikdiler. Paşa ýurduň we şäheriň emeldarlary bilen özlerine taýýarlanylan ýere gelip oturdy. Patyşa buýruk berdi:

— Wezir, goý jenaýatçylary bu ýere getirsinler.

Az salymdan Öwezi, Demirçi ogluny, Kimçi ogluny we Belli Ahmedi boýunlary zynjyrly getirdiler. Körogly olary görüp, şu wagt olary şeýle ýagdaýda görmez ýaly özüniň kör bolmagyny isledi.

Paşa:

---

[1] Jamyň dony – daýhanlaryň we ýolagçylaryň dony.

— Goý olary öldürsinler – diýip, buýruk berdi. Emma wezir:

— Siziň aly jenabyňyz, olaryň ölümi uly şagalaňyň, aşyklaryň aýdymlarynyň, sazandalaryň, ýüpde tans edýänleriň arasynda bolar diýip aýtmanmydyňyz?

— Seniňki dogry wezir. Aşygy çagyryň, goý, aýdym aýtsyn. Köpçüligiň şatlygynyň şanyna tüpeň atylsyn.

Körogly tomaşaçylaryň arasynda durdy. Ol dutaryny çykaryp, sapyny berkidip, ony sazlady. Ondan soň ol Paşaň iki sany hyzmatkäriniň elinden tutup:

— Size aşyk gerekmi? Ine, men aşyk – diýdi.

Olaryň biri Köroglynyň murtuny görüp gorkup: “Bu görnüşdäki adam aşyk bolup bilmez” diýdi. Soň ol Körogludan gaçyp başlady. Emma ikinjisi Tokatda doglan ýaly gysga köçäniň öwrümini tapyp, gaçany togtatdy. Körogly öňküsi ýaly öz elini onuň elinden geçirdi-de sorady:

— Hawa, men aşyga meňzemeýänmi?

— Sähelçe-de meňzemeýäň. Aşygy bir görende bilip bolýar. Emma sen ne ol ne-de bu.

Ikinji hyzmatkär diýdi:

— Gülüşdirer ýaly biz ony Paşaň ýanyna alyp baraly.

Beýleki hyzmatkär sorady:

— Sen nähili aşyk, bizi güldürip bilermiň?

Körogly:

— Meniň gulagym eşitmeýär, gatyrak geple – diýdi. Hyzmatkär aýtjak zatlaryny eşitdirmek üçin agzyny Köroglynyň gulagyna golaý eltdi. Körogly onuň agzyna dutaryň sapy bilen bir urup goýberdi welin, hyzmatkäriň dört dişi gaçyp bokurdagyna tegek boldy. Hyzmatkär bir eli bilen agzyny tutup, ýoldaşyna:

— Eý, it ogly, men saňa ol aşyga meňzemeýär diýmedimmi. Bu nejisden gyrgynyň ysy gelýär – diýdi. Beýlekisi:

— Ol hiç, Paşaň beren baýragyny biziň bilen paýlaşyp ol bu eden işini düzedip biler – diýdi. Soňra olar Köroglyny Paşaň ýanyna eltdiler.

Paşa Körogla seredip hyzmatkärlerden sorady:

— Bu adam aşykmy?

— Hawa, Paşa.

Ol Köroglynyň uly murtuny, gaba sakgalyny synlap wezirine diýdi:

— Aşyk örän täsin görünýär. Ol sazanda däl-de pälwana köpräk çalym edýär. Hany, aşyk! Bu garakçylar öldürilmezinden öň saz çalyp aýdym aýt, diňläli – diýdi. Paşa gepläp duran wagty Körogly bir baý, geýnüwli ýigidiň Paşa üçin bir doly çelek şerap alyp gelenini gördi. Ol şerap guýýana seredip dodagyny ýalady. Paşa:

— Aşyk, näme üçin dodagyňy ýalaýarsyň? – diýip sorady. Körogly:

— Goý patyşa uzak ýaşasyn! Men daş ýerden geldim, bokurdagym gum bilen çägeden doldy. Eger bir owurt şerap beräýseňiz men gowurak aýdym

aýdardym, sesim açylardy – diýdi. Paşa Körogla bir çüýşe şerap berdirdi. Körogly çüýşäni boşadyp bir eli bilen ýokary galdyrdy. Onuň manysy ýene-de gerek diýdigi. Ol şol bir wagtyň özünde beýleki eli bilen garnyny sypalaýardy. Bu garnym boş, onda entek şeraba köp ýer bar diýmegi aňladýardy.

Paşa bir uly meşik şeraby Köroglynyň öňünde goýmagy buýurdy. Wezir gygyrdy:

— Iç-de ýaryl.

Körogly töweregine seredip, öz ýigitleriniň ýüzlerini gördi. Begenip ýaňky uly meşigi galdyryp bir demde başyna çekdi-de ýerde goýdy. Paşa gygyrdy:

— Eý, haramzada, tur ýeriňden, aşagyňda içen şerabyňdan köl emele gelendir.

Körogly ýerinden turdy, seredip görseler ýeri gury. Daş-töwerek şadyýan gülküden doldy. Paşa wezirine:

— Bu aşyk bärde birnäçe gün ýa-da uzagrak dursa, biziň şäherde şerabyň bahasy galar. Indi bize aýdym aýdyp bersin – diýdi. Körogly:

— Paşa uzak ýaşasyn! Men boş garnyma içipdim, ýüregim syryldy. Meniň bir azrak iýesim gelýär.

Hojaýynyň buýrugy boýunça Paşaň hyzmatkärleri içi et bilen tüwüden doly tabagy getirdiler. Körogly ýeňini tirsegine çenli çyzgady. Ol töweregine seretse, hemme adamyň gözi özüne bakyp dur. Ol eglip, owuç-lap-owuçlap süňküne zadyna seretmän baryny agzyna atyberdi. Basym tabagyň düýbi göründi. Paşa bar zadyň ýuwdulanyny görüp, wezirine seredip aýtdy:

— Bu hakykatdanam ynsan görnüşinde gelen açlyk bolmaly. Hawa, bes indi. Ýeriňden tur-da aýdym aýt. Tokatda uzagrak bolsaň tüwi bilen ýagyň bahalary gaty ýokary galar, bol!

Körogly töweregine seredende gözi Däli Ahmediň gözüne düşdi. Onuň bir eli hanjaryndady. Bu alamat Däli Ahmediň urşa başlamaga wagt bolmadymy diýdigidi. Körogly gaşlaryny galdyryp entek wagty däldigini aňlatdy. Köroglyda bir häsiýet bardy. Ol hem biriniň duzuny-çöregini iýensoň oňa haýynlyk etmezdi. Ol içinden: "Men Paşaň duzuny-çöregini iýdim, men ony ýatdan çykarmaýyn. Men ondan tussaglary maňa sowgat bermegini soraýyn. Eger ol meniň haýyşymy kanagatlandyrsa, onda men gelşim ýaly hem giderin. Emma ol boýun towlasa men öz erkime garşy uruşmaly bolaryn. Men onda günäkär däl" diýdi.

Soňra dutaryň sapy bilen murtuna ýelmeşen tüwi dänelerini kakyp düşürdi-de aýdyma başlady:

***Hasan Paşa meniň aýdymymyň manysyna gulak as.***

***Öwezi azat eýlegin, ol gitsin.***

***Seni onuň üçin Alla ýalkar.***

***Sen ýüz ýyl bagtly ýaşarsyň.***

***Öwezi azat eýlegin, goý ol gitsin.***

***Aşygyň aýdymy Öwez bilen bagly bolanyna Paşa haýran galdy.*** Körogly aýdymyny dowam etdirdi.

***Näme üçin sen telpegiň gara ýelegini gymyldadýaň?***

***Sen poladyň tutaýyna gaty bil baglama.***

***Diňle meni – Öwezi gaýtaryp ber maňa,***
***Goý ol gitsin.***

Paşa wezirine pyşyrdap:

— Bu adam Körogla meňzeýär – diýdi.

Wezir:

— Paşa uzak ýaşasyn! Ol garakçy bu ýere gelmäge milt etmez – diýdi. Körogly ýene-de aýdym aýtdy:

***Guzyň etinden kebap getirdiler.***
***Adam getirildi ýoldaş bolmaga.***
***Eý Paşa! Men seniň kelläň bilen ant içýän.***
***Öwezi azat eýlegin. Goý ol gitsin.***

Paşa soň Körogla:

— Aşyk seniň sözleriň netije bermez. Men saňa Öwezi bermerin. Men ony öldürerin! – diýdi. Onsoň Demirçi ogly aýdym aýtdy:

Iki agyz sözi Demirçi ussanyň oglundan eşidiň.
Siz meniň gözümden gözýaş akdyrdyňyz.
Ony sylmaga wagt ýetdi. Eger öldürmeli bolsa diňe üçimizi öldüriň.
Emma, eý, meniň ependim!
Ýaş Öwezi azat eýlegin.

Paşa tutuş meýdança şeýle jar çekdirdi:

— Eger kim Öweze bir ok atsa, onda baýragyna bir dukat alar. Eger kim iki ok atsa, onda ol iki dukat alar we şoňa meňzeş.

Bu jarnama Paşaň öňünde duran emeldarlaryň ýanynda aýdyldy. Bu buýruk Köroglynyň ýüregini neşder degen ýaly ýaralady. Ol ýerinden turup birnäçe ädim golaýlaşyp:

Goý Paşa uzak ýaşasyn! Maňa ýene birnäçe söz diýmäge rugsat ediň. Şondan soň nähili gan dökseňizem, öldürseňizem ygtyýar siziňki – diýdi. Soňra ol Demirçi oglundan dutary alyp şeýle gazal aýtdy:

***Siziň kelläňizdäki selleler buýsançly oralypdyr.***

***Irden meýdançada buýruk berildi. Goý siziň selleleriňiz gaçsyn, bölek-bölek bolsun!***

***Basym siz meniň habarçylarymyň sesini eşidersiňiz!***

***Ýigitleriň sesi, atlaryň kişňeýşi eşidilýär.***

***Baýdaklar parlaýar, olaryň altyn gotazlary güne ýalpyldaýar.***

***Takdyryň ýazgydy ajaýypdyr.***

Paşa Öweze ok atylmagyny buýransoň Körogly ýene aýdym aýtdy:

***Sagdan we soldan ok atylýar.***

***Agyr ýaýa kuwwatly gol gerek.***

***Ok degen synadan gan dökülýär.***

Paşaň sabyr käsesi doldy. Ol tussaglary öldürmeli diýip, buýruk berdi. Körogly aýdymyny dowam etdirdi:

***Görüň ýaş ýigit daş atýan ýaýy çekýär.***

***Ok degdi. Onuň salan ýarasy ot basan ýaly agryýar.***

***Gan donuň gatlaryndan dökülýär.***

***Endamlar ysgyndan gaçýar we hereketden galýar.***

Bu aýdymyň maksady tussaglara garaşylýan zatlary habar bermekdi, tussaglaryň ýarasyz ele düşmeklerini

ýazgarmakdy hem-de Köroglynyň bu wagt edýän kömegi üçin minnetdar bolmaklaryny aňlatmakdy.

Ol aýdymyny dowam etdirdi:

***Körogly muny eşitmeli däl. Ol biz diýip öýüni goýmaly däl.***

***Söweşde ölmän, öýüne ýarasyz gaýdýan adama utanç.***

Paşa:

— Olary öldürmeli diýip, şol gygyryp otyrdy. Däli Ahmediň karary galmady. Ol hojaýynyna seretdi we murtuny towlady. Onuň manysy: "Näme üçin sen bize gepleşilen yşaraty etmeýärsiň?" diýmekdi. Körogly oňa entek wagt bolmandygyny duýdurdy. Däli Ahmet gaharyna Körogla ümlemek üçin gaty öňe saýlananda Paşaň gözi Gyrata düşdi. Ol görse dag ýaly at, hatda soltanyň teblehanasynda-da oňa deň geljek at ýokdy. Paşa: "Bu kimiň aty?" diýip sorady. Olara:

— Ol aşygyň atydyr – diýip, jogap berdiler. Paşa:

— Hawa, aşyk. Sen maňa atyňy satmaly – diýdi. Onda Körogly:

— Menden sowgat hökmünde alaý – diýdi.

Onda patyşa:

— Men saňa bir-ä üç ýüz tümen nagt pul bereýin. Soňam seniň teblehana baryp islän atyňy saýlap almaga erkiň bar – diýdi.

Körogly:

— Sowgat hökmünde al diýip men saňa eýýäm aýtdym-a – diýdi.

Paşa üç ýüz tümeni derrew sanap bermeklerini buýurdy. Körogly puly el ýaglyga dolap Däli Ahmede berdi-de:

— Ine saňa baýrak diýen puluň birinji üç ýüz tümeni – diýdi. Soň, Paşa öwrülip:

— Goý sahylygyň köşgi mydama berk bolsun! – diýdi.

Paşa atbakarlaryň birine aty idip äkitmegini buýurdy. Gyrat teblehana gidip barýan ýolunda bimaza bolup, çarpaýa galdy. Paşaň aňkasy aşdy we wezirine:

— Bu at ruhdan we güýçden doly – diýdi.

Gyrat özüniň hojaýynyndan daşlaşdyrylýanyny görüp çarpaýa galdy-da dört aýagynam atbakaryň egnine goýdy. Paşa-da wezir bilen tomaşa edip seredip durdylar. Olar atyň her hili oýun oýnap durşuny görüp ýylgyrdylar. Gyrat boýnuny aşak egip atbakaryň kellesini dişläp boýnundan sogrup ýere zyňyp goýberdi.

Paşa gygyrdy:

— Aşyk, öýüň üstüňe ýumrulsyn! Seniň atyň adamçy ekeni!

Gyrat ýeke özi galansoň, boýnunda jylawy, meýdançada aýlanyp ýördi, adamlaram öňünden gaçýardy. Bu wakanyň öňüsyrasynda Paşanyň köne baş seýisi bir öýke-kine sebäpli işden çykarylan ekeni. Bu adam bolan zatlary görüp, Paşaň ýanyna geldi. Ol:

— Goý Paşa uzak ýaşasyn! Meniň maşgalam ata-babalarymyzyň döwründen bäri siziň gullugyňyzda ýaşap ýördi. Sen meni şu adamy almak üçin işden

çykarypdyň. Ol adam asylly ata nähili çemeleşmesini bilmezlikden ölüme sezewar boldy. Men hammamdan çykyp gaýtdym, men örän arassa – diýdi.

Paşa:

— Onda bu aty al-da teblehana alyp bar – diýdi. Seýis ýuwaş ýöräp gymyldaman duran Gyrata sykylyk atyp bardy. Seýis onuň arkasyny sypalap başlady. Gyrat öň aýaklaryny ýere diräp, seýisi art aýaklary bilen şeýle batly depdi welin, seýis ýere ýazylyp ýatyberdi.

Paşa:

— Ol seniňem gözüňe görkezdi. Sen dogrudanam beýik atşynas ekeniň! Aşyk, seniň atyň meniň teblehanamyň iki sany ussat seýisini öldürdi, näme üçin – diýdi. Onda Körogly:

— Hudaý bilsin. Agam, muňa çäre ýok. Men öň onda beýle ýetmezçiligiň bardygyny bilmeýärdim. Näme-de bolsa, bu asylly at däl diýmäge esas ýok. Eger sizde bu meselede şübhe bolsa, gel ikimizem öz atlarymyzy müneli-de haýsynyň ýyndamlygyny göreli – diýdi. Soňra Körogly Gyrata bolan begenjini şeýle nama bilen beýan etdi:

***Men seniň eýjejik kelläňi öpeýin.***

***Eý, meniň janym Gyrat!***

***Eger biri seni almak üçin janyny berse, ol seniň bahaňa ýetmez.***

***Men seniň üçin berlen pula-da iýme-de seni ýitirip çeken azabyma-da gynanmaýaryn.***

***Haçan urşa giden wagty ol kişňeýär.***

***Ol suwy süzüp, iň arassasyny, iň täzesini içýär.***
***Men ony taýçanaklykdan terbiýeledim.***
***Ol kert gaýalara dyrmaşanda kişňeýär.***
***Men oňa her agşam kyrk ölçeg arpa berýärin.***
***Eý, meniň janym Gyrat, hezil edip uzak ýaşa.***

Gyrat ýalyna düşüp duran jylawy bilen meýdançanyň içinde aýlanyp ylgap ýördi. Paşa ony haýran galyp synlaýardy. Körogly aýdymyny dowam etdirdi.

Men Gyratyň ynamyny «Alla beýikdir" diýen nagram bilen gazandym.

Ol uruş meýdanyna tarap bar güýjüne çapyp barýar.

Men onuň daragyna teblehanada içi gysmaz ýaly iki sany kiçijek jaň berkitdim.

Arkaňdaky mahmal juluň maňa arzan görünýär.

Köroglynyň sözleri hemişe iş bilen berkidilýändir.

Ol dosty duşmandan aýry tanap bilýändir.

Seniň altyn çüýli nalyň maňa arzan görünýär.

Ondan soň Körogly:

— Goý Paşa uzak ýaşasyn we höküm sürsün! Men biçäre seýis wagtlaýynça aty tutup durmaga rugsat beriň. Jeza beriş tamamlanansoň, meniň özüm ony teblehana äkiderin hem köşeşdirerin – diýdi. Onda paşa:

— Dogry aýdýaň aşyk – diýdi. Däli Ahmet Gyratyň jylawyny ýene-de eline aldy.

Mustapa beg häliden bäri şol ýerde durup içinden: "Körogly serhoş. Onuň gözleri ne ýeri, ne-de gögi görýär. Biziň günde durup yssydan ölüp

barýanymyzdan habary ýok” diýdi. Soňra Mustapa beg guşagyndan taýagy ýazdyryp ony ýokaryk zyňdy. Taýak gaty ýokary oklanyp gözden gaýyp boldy. Bir sagatdan soň taýak Paşaň öňüne ýere gaçdy. Duranlaryň hemmesi gaty gorkdylar. Dünýäde ýekeje beýle oýun edibiljek ýarag Mustapa begiňki bolmalydygyny Körogly bilýärdi. Paşa bu wakanyň düşündirişini soranda Körogly:

— Goý paşa uzak ýaşasyn! Bu bir hiç zat. Bu köşk adamlarynyň keýpine zyňan taýagy bolmaly – diýdi.

Paşa tussaglary öldürmeli diýip buýruk berdi. Körogly içinden: “Demirçi ogly, Däli Ahmedi Paşaň ýanynda öwdüm. Taýagy dünýäde iň ýokary zyňýan Mustapa begi bolsa öwmediň. Bu göriplik bolmaly” diýip:

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Birnäçe gazal meniň ýadyma düşdi. Ilki şolary diňle soň tussaglary öldürersiň – diýdi.

Ýe***re gökden ot düşdi.***

***Men çak etdim meniň ömrüm, günlerim gutardymyka diýip.***

***Öwez maňa doly käse uzatdy.***

***Ol ajylygyň käsesidi.***

***Men ony gara ganym içdimikä öýtdüm.***

***Ol meni serhoşlykdan açdy.***

***Ölüm özüni maňa satdy.***

***Edil altyna alnan gyrnak aýal ýaly ol meniň buýruklaryma garaşýar.***

***Taýagy zyňan Mustapa beg!***

***Hawa, men jülgä ýykylan daglary göz öňüme getirdim.***

Bir salym wagtdan adamlaryň hatary azaldy. Köroglynyň gözi kelleýalaňaç, diňe köýnekçe duran tussaglara düşdi. Onuň bu görnüşe nebsi agyrap bir gazal aýtdy:

***Men sagyma soluma seredýärin.***
***Bägüller ýerde pytraşyp ýatyr.***
***Günbatardaky dagyň arkasynda gün ýaşyp barýar.***
***Öweziň ýyrtyk köýneginden onuň döşi ýaldyraýar.***

Şol wagt wezir Köroglynyň ýüzüne içgin-içgin synlap ahyry ony tanady. Onsoň ol elini ýüreginiň üstüne goýup, edil ýaraly ýylan ýaly bolup, Paşaň daşyndan aýlanyp başlady. Paşa ony görüp:

— Saňa näme boldy, eý, wezir? – diýdi. Wezir:

— Goý paşa uzak ýaşasyn! Meniň ýüregim agyrýar, gitmäge rugsat beriň, gidip derman içeýin – diýdi. Paşa rugsat berdi. Ol gitdi. Körogly içinden: “Zaňňar seniň gaçasyň geldi. Biz ýene-de duşarys” diýdi. Soňra ýene-de aýdym aýtmaga başlady:

***Öweziň solgun ýüzi maňa bakýar.***
***Ol meniň janymy gynanç oduna ýakdy.***
***Körogly ýerinden turýar.***
***Eger men ýalňyşmasam, beýik wezir gidenini gowy gördi.***

Paşa “Tussaglar öldürilmeli” diýip, şol gaýtalap otyrdy. Körogly mylaýymlyk bilen iş bitirip bolmajakdygyny görüp, ýigitlerini söweşe taýýarlap

başlady. Ol olara gönügip, buýruk berip şeýle gazal aýtdy:

***Siz meniň çöregimi-duzumy iýip ýörenler.***
***Meniň arkamdan gulan atlary münüp ýörenler!***

Howp abanmanka her biriňiz öwünýärdiňiz: «Men mert, men gahryman! diýip.

Indi şolar ýaly gykylygy söweş meýdanynda ediň, geliň topulalyň!

Hemmeler taýýardylar we duýduryşa garaşýardylar. Şol wagt Paşaň esgerlerinden biri Köroglynyň ýanyna gelip onuň jübüsine on tümen saldy.

— Bu näme? diýip Körogly ondan sorady. Ol:

— Görýän welin, Paşa seni gowy görýär öýdýän. Oňa men hakda-da aýtmagyňy isleýärin. Öwezi ilki tutup daňan mendim. Paşa maňa bererin diýen baýragyny ýadyndan çykardy. Araçy bolup men hakda-da oňa ýatladaýsaň – diýdi. Körogly:

Bolýar, emma garaş. Ilki men öz aýdymymy aýdyp gutaraýyn. Soň oňa aýdaýaryn. Entek gitme – diýdi.

Galanyň minarasyndaky garawullar irkilipdiler.

Ýigitler hapadan we çaňdan ýaňa kirläp gidipdiler. Kim-de kim birinji bolup Öwezi alsa,

Şoňa derrew baýrak beriljekdir.

Däli Ahmet we başga ýigitler hojaýyn elini murtuna ýetirer diýip, gözlerini dikip durdylar. Bu duýduryşdan soň tutuş goşun duşmanyň üstüne dökülmelidi. Erkini olardan has gowrak saklaýan Körogly içinden: “Hawa! Işi ýigitleriň arasynda paýla. Sen eýýäm garradyň. Paşa seniň üçin ýeterlikdir” diýip, şeýle gazal aýtdy:

***Söweş güni meniň üçin toý-baýramdyr.***
***Öwez ýaly ýigitsiz dünýä meniň nämäme gerek?***
***Köroglynyň sözleri şeýle,***
***Paşa meniňki, galanlary siziňkidir.***

Däli Ahmet elini gylyjyň tutaýynda tutup, taýýar bolup durdy. Körogly elini murtuna ýetirdi welin, Däli Ahmet "Ur-a, oglanlar! Deýýuslary gyryň!" diýip, gygyrdy. Ýigitler gylyçlaryny syryp meýdana döküldiler. Olaryň gykylyklary, ýaraglarynyň owazy al-asmana çykdy. Paşa meýdançadan ökje göterdi. Körogly onuň yzyndan tüpeň atdy. Ol onuň ömründe birinji we iň soňky tüpeň atyşydy. Paşa ýykyldy. Az salymdan onuň kellesi naýza dürtülip meýdançada dikeldilip goýuldy.

Wezir eline Gurhan alyp ötünç soramaga geldi. Körogly ony kabul edip gyrgynçylygy bes etdi. Paşanyň ähli pullary, öý goşlary we emlägi Köroglynyňky boldy. Tussaglaryň naýynjar görnüşi Köroglynyň ýüregini awadýardy. Ol olary derrew hammama iberdi. Olar gowy ýuwunyp ardynandan soň, olary geýindirip özüniň huzuryna getirmegi buýurdy. Wezire olara täze geýimler bermegi höküm etdi.

Ol ýaňky weziri merhum Paşa derek ýurduň häkimligine belledi. Tutuş taýpa Körogla her ýyl paç bermeli edildi. Ol özüniň we Mustapa begiň arasynda oljalary paýlaşdyrdy. Iki serkerdäniň paýyna sansyz baýlyk düşdi. Olar Tokatdan çykyp bu menzilden ol menzile geçip aman-sag Çamlybile gelip ýetdiler.

# ONUNJY BÖLÜM

Bilýän adamlar habarlydyr. Türk ülkelerinde Terjim taýpasynyň arasynda bir ýigit bardy, adyna Nazar Jelaly diýýärdiler. Köroglynyň ady-owazasy uzak ýerlere ýaýrap Nazar Jelalynyň gulagyna baryp ýetdi. Olar öň hiç haçan duşuşmandylar. Emma oňa garamazdan olar biri-biriniň güýjünden we edermenliklerinden habarlydylar.

Günleriň birinde Nazar Jelalynyň kalbyny: "Özüm bilen on iki müň atlyny alyp, Körogla garşy uruş yglan edeýin. Men ony ýeňerin. Eger ony boýun egdirsem men onuň ähli nepis we gymmatbahaly zatlarynyň eýesi bolaryn. Onsoň men baýlykda we hezillikde ýaýnaryn. Eger men ýeňilsem, Çamlybiliň gadyrly myhmany bolaryn. Onuň durmuşynyň ähli hezilliklerini görüp, ýurduma gaýdyp gelerin" diýen pikir gurşap aldy.

Bir gün irden daglaryň depesindäki garawullar bir agyr goşunyň Çamlybiliň ýaýlalarynyň birinde düşländigini Körogla habar berdiler. Olar:

— Hojaýyn, olar seniň dostlaryňmy duşmanlaryňmy, biz bilmeýäris – diýdiler. Körogly derrew

olaryň dostlugyny duşmandygyny anyklamak üçin Däli Hasany iberdi. Däli Hasan hormat bilen elini gözüne degrip öz ýoluna gitdi.

Ol leşgergähe golaý gelip daşyndan aýlandy. Aýlanyp ýörşüne gaýalaryň arasynda oduň başynda on sany esgeriň oturandygyny gördi. Onsoň olardan:

— Bu kimiň düşelgesi, aýtsaňyzlaň? – diýip, sorady. Olar:

— Nazar Jelalynyňky – diýip, jogap berdiler. Däli Hasan:

— Ol nirä barýar? – diýip, sorady. Olar:

— Eger sen dogrusyny bilmek isleseň, ol Körogla garşy çykyp, ony öldürip, Çamlybile eýe bolmak üçin barýar – diýdiler. Däli Hasan tokmagy bilen urup, ony öldürdi hem-de:

— Ine saňa gowy habaryň üçin baýragyň – diýdi.

Ol başga birinden:

— Nazar Jelaly näme maksat bilen bäri geldi? – diýip sorady.

Şonda ol esger:

— Ol Köroglynyň ýanyna baryp, özi hem goşuny bilen birlikde harby tälim öwrenip gaýtjak bolýar – diýdi. Däli Hasan gylyjyny syryp, onuň kellesini kesdi. Şeýdip, ol iň soňkusyna çenli olaryň kellelerini kesdi. Ondan soň ol içinden: “Men olaryň baştutanyndan soramasam hakykaty bilip bilmerin” diýip, aty bilen leşgergähiň ortarasyna baryp, Nazar Jelalynyň çadyrynyň öňünde atdan düşüp içeri girdi. Köp sanly serkerdeler baştutanyň daşynda tegelenip otyrdylar.

Olaryň hersi myhmana seretmäge meýil etmändigine olar diýseň buýsanýardylar. Däli golaýragynyň elinden tutup ony oturgyjyndan ýere zyňyp goýberdi-de onuň ýerine oturdy.

Nazar Jelaly: Myhman hödürlenmänkä oturýan däldir. Sen nähili bihaýa ekeniň – diýdi. Onda Däli Hasan:

— Myhman özüniň oturmaly ýerinde bir nadan kişiniň oturandygyny görse, onda ony turzup özi oturmaly bolýar-da – diýdi. Onda Nazar Jelaly:

— Sen kim? – diýip, sorady.

Däli Hasan:

Çamlybilde meniň adyma Köroglynyň hyzmatkäri diýýärler – diýdi. Onda Nazar Jelaly:

— Seniň adyň näme? – diýip sorady. Ol:

— Däli Hasan – diýip, jogap berdi. Nazar Jelaly:

— Sen bu ýere näme iş bilen geldiň? – diýip sorady. Onda Däli Hasan:

— Men hyraç almaga geldim. Sen goşunlaryň bilen bu ýaýla ýetiren zyýanyň üçin derrew maňa bir müň bäş ýüz tümen tölemeli. Soňra çadyrlaryňyzy düýrüp, gelen ýeriňize gitmeli, deýýuslar – diýdi.

Nazar Jelaly Däli Hasana seredip içinden: “Hyzmatkärleri beýle batyrgaý bolsa, bularyň hojaýyny gaty kuwwatly bolmaly. Gowusy, munuň ýanyna baryp, iş-pişesini synlap gaýdaýyn. Ýogsam bu ýagdaýdan baş alyp çykmak kyn bolar” diýýär. Soň ol:

— Men Köroglynyň ýanyna birnäçe günlük geldim. Men ondan uruş tälimi boýunça sapak almakçy – diýdi.

Onda Däli Hasan:

— Gowusy sen dogryňdan gelip, ýüregiňde näme bolsa, baryny dök. Men seniň sözleriňi bolşy ýaly Körogla ýetirerin. Ýaradanyň ruhundan ant içýärin. Başyňa näme iş düşse, başga hiç kim däl, diňe özüň günäkär bolarsyň – diýdi.

Nazar Jelaly:

Näme aýdan bolsam şol hakykatdyr – diýdi. Soňra kalbyndaky ähli göripçilikdir, duşmançylyklaryny aýyrdy-da, serkerdeleriň birine bakyp:

— Goşuna aýdyň, atlansynlar – diýdi.

Däli:

— Goşunlaryňa buýur atlanmasynlar. Men gidip Körogla seniň meýliňi aýdaýyn. Eger ol razy bolsa, men özüm gelip jogabyny aýdaryn. Eger razy bolmasa, men gelmerin. Siz onda garaşyp durman çadyrlaryňyzy düýrüp gidiň, Alla ýaryňyz – diýdi.

Körogly ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýigidine Nazar Jelalyny mylakatly garşylamagy buýurdy. Myhman baştutan we onuň on iki müň atlysy tüpeň atylyp dabaraly ýagdaýda tanyşdyryldy. Körogly olary derwezede garşylap, jaýa alyp bardy. Ol ýerde dürli-dümen nygmatly, şeraply saçaklar ýazylgydy.

— Olar saçagyň başynda oturdylar. Körogly Öweze şerap guýmagy buýurdy. Öweziň biraz ýüzi gyzardy. Körogly aýdyma başlady:

***Çagyryň ony, getirsin bulgurdyr süýjini.***
***Nard getiriň, geliň oýnaly!***
***Bije atyň, bir, iki, goý oňky alty bolsun.***

***Getiriň göle, soýuň goýun.***

***Iýiň ýigitlerim. Alla işiňizi oňarsyn!***

Basym Köroglynyň aýallary aşpezlere on iki müň adama nahar taýýarlatmak üçin aljyraňňy ýagdaýa düşdüler. Üstesine-de Körogly Nazar Jelalyny kyrk günläp hormat-hezzetlejek diýipdi.

Çamlybil bilen goňşuçylykda Türk ülkesinde bulkyda atly bir göçme taýpa bardy. Körogly olardan hiç haçan hiç zat almandy. Tersine, "Gerek bolan wagty olaryň kömegi deger" diýip, Körogly olara hoşniýetli garaýardy. Onsoň häzir harajat bol gerek bolansoň ol olardan kömek sorap, olara garşy adam iberdi. Ol taýpa näçe gerek bolsa ulanyberiň – diýip öz sürülerini hödürlediler. Körogly bulara bagyşlap birnäçe nama aýtdy:

***Goý duman düşüp daglaryň depesini büresin.***

***Goý soýulan mallaryň kelleleri togalansyn, gany dökülsin.***

***Getiriň bäri bulkydanyň sürülerini, soýuň-da iýiň.***

***Alla işiňizi oňarsyn. Namardyň berk ynanjy bolmaz.***

***Beýik daglaryň depelerini duman örtüpdir.***

Kimem bolsa, uruşdan gaýdanda eýerine daňyp duşmanyň kellesini getirse, ol bir müň bäş ýüz tümen alar.

Toý gyzyşýardy. Öwez çagyrlansoň sypanjyrap, bezenip-beslenip geýnipdir. Emma onuň bu toýda täze myhmana hyzmat edesi gelmeýärdi. Körogly:

— Öwez guý şerap, ony Nazar Jelala hödürle – diýdi. Öwez boýun egdi, emma ýüzi gyzardy. Bu gezek bu ahwal Köroglynyň gözünden sypmady. Öwez Köroglynyň gaharly nazaryna dogumly seretdi hem-de bulgury, çüýşäni goýdy-da otyrdy. Däli Mäter onuň gaharynyň gelenine gülende, onuň kellesinde tabak döwdi. Körogly:

— Öwez, sen näme üçin bize şerap bermeýärsiň? – diýdi. Öwez:

— Saňa hyzmat edýäniň atasyna nälet!-diýip, otagdan çykyp, ýaraglanyp ata mündi-de çöle gitdi.

Ertesi Körogly özüne gelip, oýanyp, Gyrata münüp, daglaryň depelerine seretse uzakdan Tokada tarap gidip barýan Öwezi gördi. Körogly:

Onuň yzyndan kowup ýetdi. Gahary gelen ýigit Köroglynyň ýalbar-ýakaryna seretmän oňa şeýle jogap berdi:

— Sen meni enem-atamyň öýünden alyp gaýtdyň, meni ogullyk edip aldyň, meni söweşjeň ýigit edip terbiýelediň. Men ençeme tälimleriňden peýdalandym, men nähili minnetdardym. Arap Reýhanyň ruhy şaýatdyr.

Körogly ony hiç wagt tabak çekýän hökmünde ulanmajakdygyna söz berdi hem-de şeýle gazal aýtdy:

***Öwezjan, oglum, gara gözüm!***
***Sen meniň bilen kejeleşmäňi goý.***
***Sähelçe zat üçin öýkeleme.***
***Gaharyň ugruna gitme.***
***Meniň ýaly ýeke garryny goýup gitme.***

***Meniň aş-nanyma ýigrenç bilen garama.***

***Sen oglum, meniň söýgüli keýgim! Meni goýup gitme.***

Öwez ýan bermedi:

— Ýok, men siziň bilen ähli baglanyşyklarymy kesýärin. Men ýa Bally begiň ýa-da Mustapa begiň gullugyna barjak. Men seniň üstüňe güýçli goşun sürüp, ganyňy içmesem ganmaryn.

Körogly şeýle gazal aýtdy:

***Sen nirä barýaň, Öwez?***

***Bu daglaryň ýollary daşlydyr.***

***Seniň atyň nalyndan, toýnagyndan aýrylar.***

***Ol gaýaly ýodalarda sen näzik aýaklaryňy sypjyrdarsyň.***

***Dolan yzyňa! Sen meniň baýlykda we hökümdarlykda mirasdüşerim bolarsyň.***

***Çadyr ýasaýanyň ogly çadyr çekýändir.***

***Sowut ýasaýanyň ogly sowudy çözüp bilýändir.***

Öwez ötägitdi. Körogly onuň keçjallygyna gaty gynandy we içinden: “Ol serhoş, mensiz gün görerin öýdýär. Göreris, men onuň iki gün geçip-geçmänkä çagyrylman geljekdigini bilýärin” diýdi-de öýüne gaýtdy. Hyzmatkärlerine-de tä Öwez gelýänçe ýeke boljakdygyny tabşyrdy. Nazar Jelaly özüniň bu wakanyň sebäpkäri bolandygyna gaty utandy.

Emma indi habary kimden al Bally begden alyň. Ol uly goşun toplap, Köroglydan Tokatda ýeňilendigininiň öjüni almak üçin Çamlybile garşy ýöriş etdi. Şäherden birnäçe çakyrym uzaklykdan gaçyp barýan Öwez onuň

çadyrlaryny görende olaryň kimdigini bilmek isläp, atyny şolara tarap öwürdi. Türk garawullary görmegeý we bezemen geýnen bir ýaş ýigidiň gelýändigini görüp Bally bege habar berdiler. Bally beg ony çadyra çagyrdy. Öwez özüni tanadansoň ol Öwezi has mylakatly kabul etdi. Bally beg Öweziň hekaýatyny diňläp:

— Seniň bu ýere ýeke özüň gelmäge milt edip bileniňe men haýran galýaryn – diýdi. Onda Öwez:

— Men has beterini etjek. Men seni ýa-da Mustapa begi yryp Çamlybile çozmaga we Köroglyny öldürmäge ant içdim – diýdi. Şonda Bally beg içinden: «Näme diýýänini özi-de bilmeýär. Ol Çamlybildäki oturlyşykdan soň entek özüne-de gelmändir" diýdi. Soňra näme-de bolsa, oňa çadyrdyr hyzmatkärler berdi hem-de asylly esger hökmünde oňa hormat-hezzet etdi.

Ertesi gün Bally beg soraglaryny ýene-de gaýtalady hem-de şol bir jogaplar eşitdi:

— Men diýenimi ýerine ýetirmäge Alladan ant içýärin. Eger sen razy bolmasaň men derrew Mustapa begiň ýanyna bararyn. Onuň bilen ylalaşjakdygyma men ynanýaryn.

Bally beg gülküden tas ölüpdi. Her niçik-de bolsa ýaş ýigidiň hormatyny saklamak üçin Gurhan getirip, Öweziň öňünde goýdy hem-de onuň şu mukaddes kitapdan ant içmegini isledi. Öwez elini mukaddes kitaba goýup kasam etdi. Soň ol kitaby ogşap gaýtaryp berdi. Soň Bally begiň goşunlaryny synlap:

— Seniň goşunyň Köroglynyň ýigitlerini ýeňmek üçin ýeterlik däl. Emma başga ýol bar. Maňa atlylaryň iň gowularyndan elli adam ber. Men olary Çamlybiliň golaýyndaky ýaýlalara alyp bararyn. Galanlary bilen sen bukuda bol. Körogly meni gowy görýär. Meniň gelenimi bilenden, ol meni öýe gaýtmaga yrmak üçin ýeke özi geler. Men onuň ganym duşmanydygyma ol entek ynanmaýar. Men ony tutup daňaryn. Soň sen çozup onuň toparyny aňsatlyk bilen derbi-dagyn edip bilersiň – diýdi. Bu pikir Bally bege has ynamly görünensoň ol öz adamlaryny degişli ýagdaýda ýerbe-ýer goýuşdyrdy. Öwez Çamlybil jülgesine baryp ýetende Köroglynyň iki sany awçysyny gördi. Olar hojaýynyna iki sany ýabany geçi alyp barýardy. Endik bolşy ýaly hyzmatkär bolansoň Öweze hormat üçin geçilerini hödürlediler. Olar:

— Hojaýyn, sen bu ýerde näme üçin otyrsyň – diýip, soradylar. Öwez:

— Körogly meniň bilen ters. Ol gelip meniň öýkämi ýazýança men şu ýerde oturaryn – diýdi.

Awçylar baryp, Çamlybiliň haremhanasynyň hyzmatkärlerine eşiden habaryny aýtdylar. Körogly bu habara begenip, hyzmatkärlerine we awçylara söýünji berdi. Ol:

— Bu habary ýigitlere aýtmaň – diýip, derrew gylyjyny alyp, Gyrata münüp, şol ýere bardy. Görse Öwez elli atly bilen ýaýlada oturan ekeni. Ol içinden: “Seret oňa! Bir topar hyzmatkär edinip, çyn ýigit sypatyna girmek maksady bilen maňa şerap bermekden

çetleşip, meniň gaşymdan gitdi. Şeýle-de bolsun. Men bu bikärleri iýdirmeli, geýdirmeli. Meni görüp ýerinden turjakdygyny, elimi ogşap ötünç sorajakdygyny men bilýän” diýdi. Öwez çadyrdan seredip Köroglynyň golaýlaşýandygyny gördi. Emma ýerinden gozganmady. Körogly içinden: “Alarsyň keçjal ýigit! Ol menden baýrak ýa-da şöhrat belgisini almak isleýändir. Zyýany ýok, ol alar!” diýdi-de çadyryň gapysynyň ýanyna bardy-da bir gazal aýtdy.

***Öwez oglum! Sen menden näme isleýäň.***
***Meniň kellämimi? Al ony!***

Ol dymýardy, gaşyny çytýardy. Körogly içinden: “Men bilmeýän ol gaharlymy ýa-da başga zat” diýdi. Öweziň şol bir oturşy. Hamala ony eşitmeýänem, görmeýänem ýaly. Gaýta kellesini başga ýana sowdy. Körogly muny gaty halamady-da şeýle gazal aýtdy:

***Ol menden ýüzüni öwürýär.***
***Ol meniň gözümden ýaş akdyrýar!***
***Men aglaýan Öwez gülýär.***
***Bu çaga oýunymy ýa-da başga zatmy?***

Öwez:

— Sen matal aýdýaň. Seniň bar sözleriň ýöne bir zat, diňe aýallaryň ýanýan ýüregini sowatmak üçin gowy. Men seni öldürip ganyňy içmesem bolmaz – diýdi-de, ýanyndaky elli esgere ýüzlenip, Köroglynyň daşyny almaga görkezme berdi. Onda Körogly:

— Hawa Öwez! Sen meni ýeňjek bolýaňmy? – diýdi. Onda ol:

— Hawa men şeýle karara geldim! Men seni öldürmän, ganyňy içmän senden elimi çekmen – diýdi. Onda Körogly:

— Öwez bir salym garaş we şu gazaly diňle – diýdi:

***Göwreli kuýaş güni doguryar.***

***Ol kellesinde bir top şöhle ýygnaýar.***

***Onuň ýüzünden gar ýagýar, aýaz.***

***Bu nämäniň alamaty?***

***Bu harasatmy ýa-da gyşmy?***

Körogly Öweziň gaşyny çytyp maňlaýyny ýygyryp oturşyny synlady. Öwez şeýle bir gaharly görünýärdi welin, hatda Hytaýyň we Hindistanyň patyşalary birigse-de onuň gaşynyň düwünini ýazyp bilmezdiler. Az salymdan elli adam Köroglynyň daşyny gallap aldylar. Körogly gylyjyny syryp golaýragyndakyny bir urdy welin, onuň kellesiniň ýarysy edil käselenen gawun ýaly ýere patlap gaçdy. Atlylaryň galanlary gaçyp gitdiler. Körogly:

— It ogly – diýip Öweze gygyrdy.

— Sen meni ýeňjek bolýaňmy!

Öwez:

— Hawa ýeňjek bolýan – diýdi. Onda Körogly:

— Onda ol güjükleri maňa garşy sen küşgüren ekeniň-ow – diýdi. Soňra ol öz içinden: “Ol maňa garşy uruşjak! Ol mümkin däl! Bu meniň düýşümdir, ol hakykat däldir” diýip, şeýle gazal aýtdy:

***Esger ýaly dogumly dur, goç Körogly, merdana bol.***

***Seniň syryň diňe Alla aýan.***

***Eger düýşüňde bolsaň, oýan!***

Gözüňi süpür, seniň görýän zatlaryň hakykatmy ýa dälmi, şoňa göz ýetir.

Öwez adamlaryna: “Tutuň ony!” diýip buýurdy. Körogly olara garşy topuldy, bäş alty adam başaşaklygyna atdan ýykyldy. Öwez garma-gürmelikden peýdalanyp, Bally bege adam iberdi. Körogly beýlesine öwrülýänçe onuň geçjek ýoly gabalypdy. Nirä öwrülse öňünde güýçli böwet bardy. Ol içinden: “Özümi halas etmek mümkin däl-ow”. Eger şu betpäl Öwez yzymda durup kömek beräýende, biz basym bu hapa selleleri ýeliň ugruna dagadyp goýbererdik. Men ýene-de synanşyp ony öz tarapyma çekjek bolaýyn” diýip oýlandy-da:

Öwez, bu bir topar tazyňy togtat! Meniň ýadyma birnäçe setir gazal düşdi. Şony diňle, soňra urşaýarys! – diýdi.

***Agalar, byradarlarym men neýläýin***
***Öwez günde ýel ýaly öwsüp dur.***
***Ol meniň gözlerimden sil kimin ýaşlar akdyrýar.***
***Ol günde ýel ýaly öwsüp dur.***
***Bir görseň ol ýanyma gelýär, - bir görseňem gidip barýar.***
***Ol günde ýel ýaly öwsüp dur.***
***Ol meň janymy gamgyn etjek bolýar.***
***Ol meniň goşunymyň baş serkerdesi boljak bolýar.***
***Öwez günde ýel ýaly öwsüp dur.***

Soň ol:

— Sen meniň bilen uruşýarsyň welin sen meniň Çamlybilimde begler-begi bolmak isleýäňmi? – diýdi. Öwez:

— Hawa – diýip, jogap berdi. Körogly:

— Onsuzam sen näme etseň erkiň bar – diýdi. Öwez:

— Men saňa düşünemok. Meniň bilşime görä şu duran Bally beg Çamlybiliň begler-begi bolar. Men oňa gulluk ederin, gyljymy şonuň ýoluna bagyş ederin – diýdi.

Körogly muny eşidip gaty gaharlandy we şeýle gazal aýtdy.

***Men seniň goşunyň içinden parran geçdim.***
***Sen ol edermen ýigidi sypdyrma***
***Men Bally bege "Gün biziňkidir!" diýýärin.***
***Meniň Öwezim günde üýtgäp dur.***

Emma bu aýdymyň ogullygyna täsir etmeýändigini görüp, heňini üýtgetdi-de başga gazal aýtdy.

***Sen nirä gitseňem ýol taparsyň.***
***On iki ymam arkaňda bolar.***
***Körogly seniň garry dostuň***
***Meniň Öwezim günde ýel ýaly öwsüp dur.***

Ol aýdym aýdyp gutaranyndan Öwez: "Tutuň ony!" diýip gygyrdy. Olaryň bary ýeke duran Körogla topuldylar. Körogly gylyjy bilen ýoluny arassalap gaçyp başlady.

— How serdar aga! – diýip Öwez gygyrdy. Bize duşmana ýeňsäňi görkezme diýip öwredýän kimdi. Beýdip gaçmaga sen utanaňokmy?

Körogly durdy-da şeýle gazal aýtdy:

***Dag depelerine gyş düşdi.***

***Aşakda bolsa ýaz gülleýär.***

***Şeýdip seň agzyňda diş bir ýana, dil bir ýana yraň atýar.***

***Öwez güldi, Körogly aýdymyny dowam etdi.***

***Ýürek hyjuwly gaýnaýar***

***Söýgi bug kimin atylyp çykýar we ýitip gidýär.***

***Eý, şeýle bir gün geler, baş bir ýana läş bir ýana bolar.***

Masgara bolup gaçmak onuň häsiýetine gabat gelmänsoň bu ahwal Köroglynyň ýüregini basmarlady. Bu ýagdaý bilen bagly ol şeýle gazal aýtdy:

Goç Körogly diýer:

***Men neýläýin?***

***Ömrümiň käsesi agzyna çenli gandan doldy.***

***Sen bilmeýärsiň duşmanyň menden näçe esse güýçlidigini.***

***Özüňi bir ýana taşla, gaç başga ýana.***

Muny aýdandan soň, ol özüni goşunyň ortarasyna atdy. Onuň daş töweregi läşden doldy. Emma jadygöý esger ýaly duşman topary yzygiderli köpeliberdi. Ol jülgedäki gädikden geçjek boldy, onda-da atlylar bardy. Näme etmeli? Kerte degip duran dik gaýa bardy. Körogly Gyraty debseläp goýberdi. Göz açyp ýumýança ol şol gaýanyň depesine böküp çykdy. Ol beýik gaýanyň depesine Bally begiň esgerleriniň hiç biri çykyp biljek däldi. Öwez:

Gel atdan düşeli. Ony halas edýän kişi bolup, atly baryp bolmajak dik gaýa dyrmaşaly – diýdi.

Bally beg bilen Öwez uçut gaýa dyrmaşyp başladylar. Körogly dagyň depesinde Gyratyň jylawuny tutup durşuna daş-töweregi synlap durdy.

Indi habary Däli Mäterden eşidiň. Ol teblehanada uklap ýatyrdy. Düýşünde Köroglynyň Gyratyň üstünde gan deňzinde ýüzüp barýandygyny gördi. Ol atyny debsilese-de, gamçylasa-da at beýleki kenara ýetip bilmedi. Ol tasap oýandy, böküp turup, ylgap çykyp ýigitlerden “Körogly nirede” diýip sorady. Oňa “Ol adalat otagyndadyr” diýip, jogap berdiler. Däli Mäter ol ýere baryp sorag-ideg etse-de netije bermedi. Bagtyna awçylar entek howludadylar. Olar bolan zatlaryň baryny gürrüň berdiler. Bu zatlaryň çyndygyny anyklamak üçin ol Gyraty görmäge teblehana bardy. Gyrat ýokdy. Ol ondan soň gygyrdy:

— Atlanyň, oglanlar! Ýörüň hojaýyny gözläli. Ol mekir it, Öwez onuň başyna bela getirendir.

Nazar Jelaly ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýaragly ýigidiň ugranyny görüp, onuň sebäbini sorady. Ýigitler:

— Körogly ýitdi. Biz oňa näme bolanyny bilmeýäris. Biz ony gözlemäge barýarys – diýdiler. Nazar Jelaly:

— Maňa-da goşunym bilen size goşulmaga rugsat ediň – diýdi.

Däli Mäter iň öňden barýardy we hüşgär gözleri bilen töweregi synlaýardy. Basym ol ýaýladaky gaýanyň daşyny bir näbelli goşunyň gurşap

alandygyny gördi hem “Körogly şol depede bolaýmasyn” diýip, gaýdyp baryp:

— Biziň we siziň adamlaryňyz çozuşa taýýarlanmaly. Gel her bölüme serkerde belläp duşman goşunyna çozaly – diýdi.

Emma indi gürrüňi Bally begden eşideli. Bally beg bilen Öwez gaýanyň çür depesine çykyp ol ýerde duran Köroglyny gördüler. Onuň bir eli Gyratyň jylawunda, beýleki eli gylyjyň tutaýyndady. Ol:

— Nirä barýaňyz itler? Aşak serediň meniň agalarym Çamlybilden gelýärler. Günüň şöhlesinde olaryň gylyçlary ýaldyraýar – diýdi. Öwez yzyna seredip urşa taýýar goşunlaryň öňünden gelýän Däli Mäter bilen Nazar Jelalyny tanady. Ol bedeni we ruhy taýdan sandyrady. Ol Bally bege ýüzlenip:

— Biziň günümiz garaldy. Ol atlylar Çamlybiliň ýigitleri – diýdi. Gorkan türk bu çola ýere getirilip goşunlaryndan arasy üzülenden soň olara buýrup bilmeýändiginden zeýrendi. Öwez:

— Biziň ýekeje çykalgamyz bar. Belki maňa ötünç sorap ony yrmak başardar. Onda ol seniňem günäň geçer – diýdi.

Körogly Bally bege gaharly seredende Bally beg oňa:

— Jenap! Men seniň bilen uruşmaga gelmedim. Men siziň Öwez bilen tersleşendigiňizi eşidip sizi ýaraşdyrmak üçin gelipdim – diýdi. Körogly onuň bu sapalak atmasyna düşünip munuň maksadynyň günä geçilmeklikdigini aňdy. Ol içinden: “Pyrryldakçy!

Meniň bilen birnäçe sagatlap urşup, indem ýalan sözläp janyň gutarjak bolýaňmy?” diýdi. Soň daşyndan:

— Birnäçe gazal aýtjak diňle – diýdi:

***Kimde diýmäge zat bolmasa, gowusy ümsüm bolmakdyr.***

***Deýýusyň çöregini, duzuny iýenden, ondan boýun towlan gowudyr.***

Bally beg Köroglydan “Ogullygyň bilen ýene-de dostlaşjakmy” diýip, soranda şu namalary eşitdi:

***Men hemişe bir zady gaýtalaýaryn.***

***Agaç durup bilmejek, çüýrän ýapraklary zyňýandyr.***

***Durnuksyz näzli aýaly söýenden oňa biperwaý bolanyň gowudyr.***

Az salymdan iki goşun eýýäm urşup başladylar. Edil ahyrzaman güni ýaly gykylyk-galmagal eşidilýärdi. Bally beg Öweze pyşyrdap:

— Ýalançy zaňňar! Meniň goşunymyň ýarysy eýýäm gyryldy. Onuň sebäbi-de sen. Bizi ýaraşdyrjak bolup ýene-de bir synanyş – diýdi.

Bally beg:

Körogly serdar! Öwüt-nesihat aýdymlaryna häzir wagt ýok. Sen ogullygyň bilen ýaraş, düşelgä gideli. Şonda sen näçe isleseň saz çal, aýdym aýt – diýdi. Körogly öz içinden: “Onuň goşuny gyrlyp gutarýança men wagt çekeýin. Ondan soň ýaraşyk üçin wagt bolar” diýdi-de: “Meniň başga aýdymymy diňle” diýip, söze başlady:

Hakyky esger ýigit batyr bolmaly, elinde Müsür gylyjy, arap aty bolmaly.

Asylly ýeri nejise berenden, boş goýanyň gowudyr:

Biçäre Bally beg gyrlyp az galan goşunyny görüp gaty gynandy. Onsoň:

Eý, jenap! Eý, meniň howandarym! Goşunlarymyza howlugaly! gyrlyp gutardy – diýdi. Körogly aýtdy:

— Baş üstüne, emma sen takat edip meniň şu aýdymymy diňle:

Körogly urşa başlanda, ol söweş meýdanyny läşden dolduryar.

Kim toýa çagyrylmasa, oňa gatnaşmasa gowy.

Bally beg aljyrap Köroglydan ötünç soramak üçin Öwezi Körogla tarap gaty itip goýberdi. Onda Körogly:

— Eý, nadan näme üçin sen oglany urýaň – diýdi.

Bally beg:

— Sebäbi ol seniň öňüňde boýun egmeýär – diýdi. Körogly:

— Men hiç haçan onuň günäsini geçmerin – diýdi. Bally beg:

— Onda jenap gaýrat etde dagdan aşak düş – diýdi. Körogly içinden: “Däli Mäter olary paýradyp gyryp dur. Men oňa bir salym pursat-puryja bereýin” diýip, Bally bege garap:

— Ýene bir aýdyma gulak as diýip, aýdym aýtdy:

***Men näme etdim, eý, biwepa dünýä?***

***Men dünúe bilen bar baglanyşygym yzly-yzyndan üzülip gelýär.***

***Men owadan söýgülimi ýitirdim.***

***Meniň janym agşamky asman ýaly tukatlanýar.***

***Alla seni hiç haçan maşgalaňdan we söýgiliňden aýyrmasyn.***

Ondan soň ol şeýle diýdi:

— Öweze degişlilikde, bu örän gowy aýdym, şeýle dälmi? Sen özüň biziň aramyzda kazy bol. Men onuň üçin kän azap çekdim, çykdajy etdim. Men ony ogullyk edip aldym, oňa özüme ynanyşym ýaly ynandym. Netijede näme boldy? Sähelçe zat üçin ol meni taşlap gitdi. Meni öldürmek üçin garşyma duşman goşunyny alyp geldi. Emma besdir, indi başga aýdyma gulak asyň, soň aýrylşaly:

***Daglaryň başyny gar büredi.***

***Güýçli duşman goşuny jülgede ýatyr.***

***Körogly diýer men seniň öňüňe ajaýyp göwher sepdim.***

***Emma meniň ýyldyzym maňa garşy durýar.***

Bally beg Öwezi getirip «Iň bolmanda ol Köroglynyň elini ogşasyn we ötünç sorasyn diýip zor bilen başyny egdirdi. Emma Körogly öňünde hiç kimi görmeýän ýalydy. Onuň gözleri gidip duran söweşdedi. Ol ýigitleriniň batyrlygyna buýsanýardy. Däli Mäter Rüstemdenem artyk uruşýardy. Biçäre Bally beg ümsümligi bozdy.

— Bagyşla jenap, bagyşla. Aşak düşeli, biziň adamlarymyz bize duşmandyr öýdýärler. Meniň goşunym gyrlyp gutardy.

Körogly gaýadan bir azajyk düşüp, bir daşyň üstüne çykdy. Ol ýerden adamlar ony gowy görýärdi we eşidýärdi. Ol şol ýerde Däli Mätere göwünlik berip bir gazal aýtdy.

***Eger iki ýolbaşçy bir meýdana girse, olar öňdäki garawullaryndan habar alýandyr.***

***Söweş meýdanynyň tozany namartlaryň gözüni gapýar.***

***Batyr ýigidiň elinde Müsür gylyjy nurly ýalpyldaýar.***

Körogly ölendir öýdüp pikir eden Däli Mäter hojaýynynyň sesini eşidip begendi. Ol:

— Hudaýa şükür! Serediň, şatlanyň doganlar. Biziň hojaýynymyz diri. Ol ýerde gaýanyň üstünde, biziň duşmanymyzyň serkerdesi onuň ýanynda dur. Onuň “Müsür gylyjy nurly ýalpyldaýar” diýen sözleriniň manysyny bilýärsiňizmi? Onuň manysy tokmaklaryňyzy guşaklaryňyza daňyňyz-da gylyjyňyzy syryň diýmegidir – diýdi. Şondan soň olar täze güýç bilen hüjüme geçdiler. Bally beg aljyraňlykdan saçyny ütýärdi. Körogly aýdymyny dowam etdirdi.

***Gümmürdi yzyna gümmürdi, tüpeňler atylýar.***
***Elhenç sykylyk bilen toplar atylýar.***
***Kelleler bişmedik gawun ýaly ýere zyňylýar.***
***Gan çeşmedäki suw ýaly akýar.***

Däli Mäter bu sözleri eşidip, gygyrdy:

— Ýigitler, hojaýynymyzyň buýruşy ýaly olaryň kellelerini kesip, hatar-hatar goýuň. Goý Körogly

begensin. Olaryň serkerdesiniň ýüregi bolsa gaýgydan dolsun.

Körogly ýenede aýdym aýdýardy:

***Namartlar öňe gitmeýärler.***

***Olar bukuda hiç kim ölmeýär diýip pikir edýärler.***

***Emma Alla batyrlary beladan goraýandyr.***

***Göni atylan ok arany geçip namarda degýär.***

Däli Mäter gygyrýardy:

— Uruň, oglanlar janyňyz içiňizde barka hemmäňiz öňe, gyryň olary.

Körogly aýdymyny dowam etdirdi.

***Haýyn Öweziň etmişini diňläň.***

***Ah men hiç haçan bilbili baga salmaryn.***

***Bu Köroglynyň sözi, hiç haçan onuň ýalançy diline ynanmaň.***

***Ganym duşman hiç haçan bize dost bolmaz.***

Däli Mäter:

— Ýigitler, duşmanyň serkerdesi biziň hojaýynymyz bilen dost boljak bolýar. Emma garry duşman dost bolup bilmez. Onuň galan goşunyny hem gyryň – diýip gygyrdy.

Bally beg:

— Jenap Körogly seniň atlylaryň meniň goşunymy doly gyrdy. Bu gyrgynçylygy togtat – diýdi.

Körogly Öweze dagdan düşüp söweşi togtatmagy buýurdy. Ýaş ýigit Köroglynyň öňünde boýun egip, ötägitdi. Gahary gelen Däli Mäter Öweziň aýdan sözlerini eşidip:

— Eý ýalançy, sen geçen meýlisde meniň kellämde tabak döweniňi ýadyňdan çykardyňmy? – diýip, ony tokmak bilen şeýle bir urdy welin biçäre ýigit ýylan ýaly iki towlandy. Körogly dagda duran ýerinden bu bolup duran wakalary görüp nebsi agyrdy. Ol Gyrata münüp aşak, jülgä düşdi. Ol garşydaşyna ýüzlenip:

— Bally beg, görýäňmi, meniň buýruklarymyň haýry ýok. Meniň ýigitlerim maňa boýun egmeýärler. Olar bar adamlary gyrjak bolýarlar – diýdi. Däli Mäter Tokatda tussaglykda wagty, Bally begiň duz-çöregini iýenini pikir edip, ony şu  wagt myhman hasap edip söweşi togtatdy. Olar ony we beýleki diri galanlary gabap Çamlybile äkitmegi buýurdy. Eger Nazar Jelaly ara düşmedik bolsa, olar ol ýerde hemişelik galardylar.

Körogly:

— Men Bally begiň mylaýymlyk bilen terbiýelenen bir owadan gyzy bar diýip eşidipdim. Oňa ony bäri getirmegi maslahat beriň. Men sapar üçin at, kejebe, hemme gerek zatlary bereýin – diýdi. Haçan Nazar Jelaly bu teklibi Bally bege aýdanynda ol:

— Islesem islemesem, men razy. Birki gün geçensoň Bally begiň gyzy kejebeli, saz-söhbet bilen dabaraly ýagdaýda getirildi. Toý-tomaşa ýedi gije-gündiz dowam etdi. Sekizinji güni Körogly Däli Mäteriň söweş gününde görkezen batyrgaýlygy we özüne yhlaslylygy üçin gelni onuň otagyna eltmegi buýurdy.

## ON BIRINJI BÖLÜM

Taryhçylar bu hekaýany şirin dilli atlandyrylýan totydan eşidipdir:

Bir agşam palawly, şeraply meýlisde otyrkalar Demirçi ogly bilen Öwez tersleşdiler. Körogly ýokdy. Ol şol agşam haremhanada şa gyzy Nigara bilen agşamlyk edinýärdi. Öwez gaharyna demirçi ogluny taýagy bilen urup, onuň kellesini ýardy. Körogly ol waka barada eşidip hiç zat diýmedi. Ol Öweziň haýynlygyny geçirip, ony ýene-de öz ogly ýaly gowy görüp başlapdy. Eger Demirçi ogluny öldüräýende-de ol ogullygyny beýleki ýigitleriniň öňünde peseltmez ýaly oňa ne temmi bererdi ne-de käýärdi. Demirçi ogly Köroglynyň bu häsiýetini gaty gördi. Ol öz içinden: "Maňa ýara salany üçin oňa käýemedem! Ol kimmişin? Gassabyň ogly! Sen meni oň elinde goýduň. Körogly sen entek muňa ökünersiň, sen bu etmişiňi janyň bilen tölärsiň" diýip, ýaraglaryny dakynyp, atyna mündi we ar almak niýeti bilen Çamlybilden gitdi.

Bu habar Köroglynyň gulagyna degende, onuň gahary gelip eline dutaryny aldy hem-de ýigitlerine seredip aýdym aýtdy:

***Hyzmatkärlerim siziň biriňiz Arabystana gitdi.***
***Yzarlap tutuň ony, getiriň gaçagy meniň ýanyma.***
***Daňyň, onuň gollaryny berk güýlüň.***
***Ony pyýada arap atyň öňüne salyp getiriň.***
***Çekip gaýdyň ony bu ýere.***
***Alyň meniň arap atymy.***
***Başdan aýak sypyryň gaçagyň geýimini.***
***Onuň ýalaňaç arkasyna ýanyp duran şem dürtüň.***
***Gidiň-de tä tapýançaňyz ony dagyň geçelgelerinden ünsli gözläň.***
***Getiriň gaçagy meniň öňüme.***

Körogly aýdymyny soňlanyndan soňra:

— Siz meniň buýrugymy eşitdiňiz. Indi gidiň-de ýerine ýetiriň, eglenmäň! – diýdi. Däli Mäter ýanyna birnäçe atlyny alyp gözlemäge gitdi. Köroglynyň gahary tutaşyp, gaty ses bilen aýdyma gygyrdy:

***Men ermeni haçyny gowy görýärin.***
***Kim ony ogşasa ol ölmeýärmiş[1].***
***Alyň onuň tazylaryny, aw itlerini, aw guşlaryny.***
***Gylyjyny, galkanyny we atyny getiriň bu ýere.***

Soňra ol hyzmatkärlerine gygyryp:

— Eger ony tutup getirmeseňiz men siziň gözüňizde ot ýakyp, külüňizi sowraryn – diýip, ýene-de aýdymyny dowam etdirdi.

Köroglynyň sözlerinde abraý galmady.

---

[1] Bu sözleriň manysy: Men Demirçiniň günäsini geçenimden nasrany dinine geçip, onuň gudratly ynançlaryna boýun bolanymy gowy görýärin diýmekdir.

Onuň ýaly ýeke adam eger başgalaryň kömegi bolmasa güýçlenip bilmez.

Hojaýynyna boýun egmekden gaçýan hyzmatkäri siz bölek-bölek etmeli.

Getiriň ony bu ýere!

Däli Mäter gözledi, sorady, netije bermedi. Biderek gözlegden soň ol öýe gaýdyp geldi hem-de:

— Hojaýyn, ol birnäçe günden soň gaýdyp geler. Ol Çamlybilden gowy ýeri nireden tapsyn? – diýdi.

Indi habary Demirçi oglundan alyň. Ol Kürdüstana gaçyp gelip, Mustapa begiň huzuryna bardy. Bu serdar ony gowy bilýärdi we ony uly hormat bilen garşylamagy buýurdy. Ol ony gujaklap ogşady we ýanynda oturtdy hem-de.

— Eý, adamlar, şerap getiriň! – diýdi. Demirçi ogly:

— Eger sen meniň haýyşymy ýerine ýetirjek bolsaň, men seniň şerabyňy içerin. Bolmasa men seniň çöregiňi-de, şerabyňy-da datmaryn. Seniň adamlaryň çyksynlar – diýdi. Soňra Mustapa bilen ikiçäk galyp, sözüni dowam etdirdi:

— Näçe uly goşun ýygnabilseň ýygna. Biz birden Çamlybile çozup Köroglyny ýok edeli. Men özüme diňe Öwezi goýaryn, galan olja bilen işim ýok – diýdi. Mustapa beg çuňňur oýa batdy. Bu köne we yhlasly hyzmatkäriň dönüklik etmeginiň sebäbini bilip bilmeýärdi. Soňra ol:

— Maňa pikirlenmäge wagt ber. Men jogabymy ertir aýdaryn – diýdi.

Bol agşamlyk naharyndan soň olar dynç almaga gitdiler. Ertesi irden Mustapa beg ýene-de özi Demirçi oglunyň otagyna bardy hem-de:

— Düýnki maňa eden teklibiň manysy nämedi? – diýip sorady. Onda Demirçi ogly:

— Seni öz pikirimçe edermen, asylly adam hasap edip, ýanyňa gaçalga gözläp geldim. Eger sen maňa kömek etmeseň men başga biriniň gapysyna bararyn. Maňa kömek berjek adamy tapjakdygyma men ynanýaryn – diýdi. Mustapa beg Gurhan alyp geldi. Olaryň ikisem biri-birine dostlukly ýardam berjekdikleri barada ant içdiler.

Ondan soň olar harby ýörişe gerek zatlaryň ählisini taýýarlap ugradylar. Çamlybilden dört parsah uzaklykda bolan bir düzlüge ýetip, çadyrlaryny gurdular. Demirçi:

— Men Köroglynyň ganyny içip onuň kellesini Nigaranyň otagynyň bosagasyna eltjekdigime ant içýärin. Şu wagt gije, edil ylaýyk wagt. Tur ýaraglan, ikimizem gideli – diýdi.

Çamlybil uzakda däldi. Olar Demirçiniň görkezen ýerinde atlaryny daňyp, ilki howla bakyp duran meýhana baryp, aýnadan jyklap seretdiler. Onda Mustapa beg, Körogly, olaryň adamlary iýip-içip otyrdylar. Bu bolçulyga Nowşirwanam telpek goýardy. Ol özüne içinden: “Siz uzak beýle keýp etmersiňiz” diýdi. Olar agşamlyk nahar gutarýança bukuda oturdylar. Hemme adamlar öýlerine gaýtdylar. Körogly Nigaranyň haremhanasyna bardy. Olar ylgap, usullyk

bilen haremhananyň eýwanynda gizlendiler. Şa gyzynyň hyzmatkärleri onuň düşegini ýazdylar. Körogly çykarynyp, ýatyş telpegini geýip, ýorganyň aşagyna girdi.

Bir salym garaşansoň, Mustapa beg bilen Demirçi hanjarlaryny çykaryp ony öldürmäge taýýarlandylar. Şol wagt Körogly turup otyryp, Nigarany çagyrdy. Nigara geldi. Körogly:

— Ukym tutanok. Halapdan aýalymy, Perizadymy alyp gelýärkäm, ýolda meni Hasan Paşa saklap, tussag edip, Şaster türmesine oklady. Mustapa begiň kömegi bolmasa, men şu wagta çenli ol ýerde bolmalydym. Ol batyrlygy, hoşniýetliligi bilen kömege ýetişip, Hasan Paşaň goşunyny derbi-dagyn edip, meni azat etdi. Men şonda onuň şanyna aýdym döredipdim, ol aýdym şu wagt meniň ýadyma düşýär. Meniň dutarymy alyp geliň, men şol aýdymy aýdyp bereýin – diýdi.

Mustapa beg ol sözleri eşidip haýran galdy. Ol Demirçä pyşyrdap:

— Bu adam ruhlary çagyrýan bolmaly. Ýogsam, oňa howp barlygyny kim duýdurdy. Meniň ony diňläp duranymy ol nähili bildi? Belki-de sen haýynlyk bilen oňa bu günki agşam bu ýere geljekdigimizi aýdansyň? Sen maňa dönüklik etmediňmi? – diýdi. Demirçi Gurhandan ant içip şeýle diýdi:

— Bu tötänleýin bolan zat. Ol hemişe şadyýan we ýadyna düşen zatlary samramagy gowy görýär.

— Meni aýalynyň ýanynda öwüp duran adam meniň dönükligime däl-de dostlugyma mynasypdyr.

Gel, diňläp göreli, ol meni öwýärmi ýa-da ýamanlaýarmy?

Körogly dutaryny sazlap, aýdym aýtdy.

***Ol hakyky mert ýigit ýaly, esger ýaly gelip söweş etdi.***

***Mustapa beg asyllydyr.***

***Onuň gylyjynyň aşagynda gaýalar titreýändir.***

***Mustapa beg asylly atanyň ogludyr.***

Mustapa beg bu öwgüleri eşidip:

— Hä, sen ýalançy Demirçi! Eger sen şol adama el degirseň, men seniň kelläňi taýak bilen uraryn welin, seniň beýniň edil gülälegiň tohumy ýaly saçylyp gider. Ol meni aýalynyň öňünde öwýär. Onda-da nähili aýalynyň, ol türki soltanynyň gyzy. Men bolsa ogry ýaly ony uklap ýatan ýerinde öldürmelimi? Ýok-ýok men senem bu jenaýatçylykly işden saklaryn – diýdi. Körogly aýdymyny dowam etdi.

Ol haý diýende söweşe taýýar kyrk müň adamyň serkerdesidir.

Olar demir köýnekli, sowut geýnen, gözleri gan guýma ýigitlerdir.

Olar onuň çorbasyny, palawyny iýýändir. Mustapa beg pakiýaryň[1] ogly.

Bäş ogluna buýsanýan onuň ýaly ata barmyka?

Ol gahrymanyň ýoldaşy bolmaga mynasypdyr. Ol meniň doganym bolmaga mynasypdyr.

---

[1] Pakiýar – obalarda salgyt ýygnamak hem bejerilýän ýerlere gözegçilik etmek üçin bellenen adam.

***Mustapa beg asylly adamyň ogludyr.***

***Gygyryp ol duşman goşunynyň içinden söweşip geçýär.***

***Ol ok-ýaýy hatasyz atýar.***

***Ol Köroglyny derýa zyňýar.***

***Mustapa beg asylly adamyň ogludyr.***

Ol aýdymyny aýdyp bolanda, Mustapa beg diýdi:

— Demirçi, gylyjyňy boýnuňdan as, menem şeýdeýin. Biz ömrümiz ötýänçä, oňa wepaly hyzmat ederis.

Körogly dutaryny goýup, ýorganyna girjek wagty Mustapa oňa salam berdi. Körogly ony haremhanada gije görüp haýran galyp gygyrdy:

— Nigara meniň gylyjymy alyp ber!

Mustapa:

— Goý gylyjyňy, seniň ömrüň sähel wagtda üzüljek bolup duran gylyň ujundady. Emma seniň aýdymyň janyňy halas etdi. Şa gyzy Nigaranyň öňünde meni mahabatlandyryp aýdan aýdymyň seni ölümden halas etdi – diýdi.

Körogly onuň dost bolup gelenini görüp, ýerinden böküp, onuň ýüzünden ogşady. Mustapa beg bolsa onuň elinden ogşady.

Seniň bilen başga-da adam barmy?

— Hawa. Men saňa Demirçi ogluny getirdim. Sen meniň üçin onuň günäsini geçmeli.

— Demirçi seni bu ýere güýç bilen alyp gelipdir. Men ony bildim. Goý, ýüz sany onuň ýaly deýýus seniň käkiliň gurbany bolsun.

Demirçi ony eşidip girip hojaýynyň aýagyna ýykyldy. Az salymdan soň Däli Mäter iki atyň daňylgy duranyny görüp, olaryň eýesiniň kimdigini tanady. Ol adamlaryny bir ýere üýşürip, haremhananyň daşyny gurşap alyp, özi içeri girdi. Körogly ses eşidenden ýoldaşlary bilen daşaryk çykyp, Däli Mäteri gördüler. Onuň bolsa hiç kimi tapmandygyna gahary gelip durdy.

— Näme boldy – diýip, Körogly sorady.

— Hiç zat, hojaýyn, hiç zat.

— Gorkmaň, hemme zat gutardy. Mustapa beg Çamlybile, meniň haremhanama gelip, meni begendirdi.

Şeýle diýip, Körogly geýnip, olary meýhana alyp bardy. Onuň ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýigidi yzyna düşüp geldiler.

— Indi Mustapa beg, dogryňy aýt, sen ýeke özüň gelmänsiň. Seniň ýanyňda näçe atlyň bar? – diýip, Körogly sorady.

— Dokuz müň atly diýip, ol jogap berdi.

— Sen onda, temmi hökmünde bütin goşunyň bilen iki aýlap, meniň myhmanym bolmaly.

Olar şerap içip, gijäni şatlykly geçirdiler. Körogly Mustapa begiň serkerdelerine diýdi:

— Gündiz olar siziň bilen bolar, emma her agşam olar meniň bilen toýda bolarlar.

Olaryň hemmesine jaý hökmünde bir uly çadyr gurmagy buýurdy.

Şeýdip, iki aý geçdi, gündizler gezelençde, gürrüňdeşlikde, aw-awlap, göreş tutulyp geçdi. Gijeleri bolsa, içgide, şatlyk-şagalaňda geçirdiler. Köroglynyň ýigitleri dostlary bilen el-ele tutuşyp her agşam toýa barýardylar, toýdan soň olary rahatlanmaga ugradýardylar. Emma şeýle ýagdaýda-da olar hüşgärligi elden bermeýärdiler. Olaryň gylyjy, hanjary hemişe ýanlaryndady.

Elli gün toý-tomaşadan soň Köroglynyň iýgi-içgisi gutardy.

Indi habary türk soltanynyň weziri Hasan Paşadan alaly. Bir gün ol hemme täjirleri ýanyna çagyryp sorady:

— Näme üçin siz maňa pars harytlaryny getirmeýärsiňiz?

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Eýrandan Türkiýä gelýän kerwen ýoly howply. Çamlybiliň üstünden geçýär. Onuň üstünden geçmek hiç bir söwdegäre-de başardanok. Ondan geçjek bolýan adamlary garakçy Körogly talaýar, öldürýär.

Paşa:

— Enesini pylan edeýin! Meniň harytlarymy ellär ýaly şeýle batyr garakçymy ol? – diýip gygyrdy.

— Körogly hiç kimden gorkmaýar! – diýdiler.

— Men size bäş ýüz müň tümen bereýin. Eýrana gidiň-de, ol ýurduň dürli harytlaryndan satyn alyp getiriň. Eger Körogly ýolda olary siziň eliňizden alsa, ol meniň jübümdäki pulumy ogurladygy bolar. Siz hiç zat ýitirmeýäňiz. Ony men yzyna gaýdyp alarynmy,

almarynmy, siziň işiňiz bolmasyn – diýip, Paşa derrew agzalan puly getirip, sanap bermegi buýurdy. Munuň üstüne täjirler öz jübülerinden şonça puly goşup, taýýarlanyp sapara ugradylar. Menzillerden menziller geçip, olar Çamlybiliň ýaýlasyna gelip ýetdiler. Ol ýerde agşamlyk düşelge edindiler. Garawullar eglenmän bu habary Körogla ýetirdiler. Ol bu habara örän begendi. Sebäbi onuň gapjygynda ýekeje-de teňňe ýokdy. Ol ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýigidine ýaraglanmagy eglenmezden buýurdy, özem ýaraglandy. Ol Gyrata münüp ýigitlerini kerweniň ýanyna alyp gitdi. Körogly:

— Janlarym! Ýigitlerim! Biziň jübülerimiz boş. Eger siz garry seýsi tutsaňyzam, gaýgylanmaň, alyň ony. Ýogsam biz aç galarys – diýdi. Olar hiç hili pirim ulanmazdan birden söwdagärleriň üstüne dökülip, kerwendäkileriň burunlaryny, gulaklaryny kesip, geýimlerini sypyryp, aýakýalaňaç, diňe bir tenini ýapar ýaly içki geýimde goýdular. Olaryň puluny, harytlaryny, tapan zatlaryny alyp Çamlybil galasyna bardylar.

Bu zatlar Hasan Paşaň gulagyna baryp ýetdi. Basym ony söwdagärleriň özlerem ýalaňaç we maýyp halda gelip tassykladylar.

— Eý Paşa, öýüň üstüňe ýykylsyn! Seniň ynandyrmalaryňa gulak asyp, seniň beren bäş ýüz tümeniň üstüne goşan pulumyzyň bary garakçylaryň eline düşdi!

Muny eşidip Paşanyň gaty gahary gelip, özünden gitdi. Ol käsäni şerapdan doldurdy-da, ony galdyryp:

— Kim derrew Çamlybile baryp, Köroglyny diri ýa-da öli meniň gaşyma getirjek bolsa şu käsäni alyp şerap içsin. Muny bitiren adam meniň döwletimi hem baýlygymy paýlaşyp, gyzym Dünýä Paşa öýlenjekdir – diýdi. Şol üýşmeleňde elli müň adamlyk taýpanyň baştutany Buly Paşa bardy. Ol köp wagtdan bäri Dünýä Paşa aşyk bolup ýören ekeni. Ol ýerinden turup diýdi:

— Paşa! Gurhandan ant iç, eger maňa gyzyňy bermekden boýun gaçyrsaň, sen hemme aýallaryň bilen aýrylyşarsyň, soň näçe ýaşasaňam aýala el degirmersiň. Maňa bolsa senden hiç zat, hatda goşunam gerek däl. Men öz taýpamdan on iki müň atly alaryn. Şolar bilen garakçylaryň hötdesinden gelerin we seniň ýanyňa olaryň serdary Köroglyny diri ýa-da öli alyp gelerin.

Paşa müftileriň we şaýatlaryň öňünde ant içdi.

Buly Paşa sözünde tapylýan adamdy. Wagt ýitirmän, ol gelip, Däli Baba ýaýlasynda düşledi. Garawullar Körogla: “Seniň öri meýdanyňda bir uly leşgergäh düşläp ýatyr” diýip, habar berdiler. Olaryň kimdigini bilmek üçin Körogly aşygyň geýiminde pyýadalap, ýetip geldi. Ol köp çadyrlarda saz çalyp, aýdym aýdyp geçdi. Ony eşidenleriň hersi oňa biraz teňňe berýärdi. Biri oňa: “Biz mundan köp saňa berip biljek däl. Emma Buly Paşaň çadyryna baryp saz çalyp aýdym aýdyp bereňde, onuň jomartlyk bilen töleýşini görersiň. Ol baý, Körogla garşy ýörişem ol öz hasabyna gurady” – diýdi. Buly Paşa täze geleniň zehinli sazandadygyny eşidip, ony öz ýanyna getirmegi buýurdy.

Körogly baştutanyň çadyryna girip, yhlas bilen egilip salam berdi.

— Sen nireden gelýärsiň, aşyk?

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Men adatça Köroglynyň ýanynda aýdym aýdýaryn. Her gezekde-de ol maňa bir uly halta kümüş teňňe berýär. Emma şu gezek men bilmeýärin, ol garyp düşüpmi nämemi, ýa-da meniň sazym oňa ýaran däldir, ol maňa bir halta mis teňňe berdi. Men öýkeläp, onuň ýanyndan gaýtdym. Ýolda siziň düşelgäňizi görüp sowuldym. Mundan beýläk pyýada ýöremez ýaly Paşa maňa bir at berse, gowy bolardy. Men oňa alkyş okardym.

— Aşyk, "Garakçy Körogly ajaýyp gazal aýdýar" diýip maňa aýtdylar. Onuň aýdymlaryndan bilýäniň bolsa, men diňlärdim.

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Men ol aýdymlardan köp bilýärin.

Buly Paşaň rugsady bilen ol otyryp, dutaryny düzüp, aýdym aýdyp başlady.

***Sen duýdurman geldiň, Buly Paşa.***
***Emma men saňa sapak bererin!***
***Sen näme üçin meniň janym almaga geldiň?***
***Men saňa sapak bererin?***

Buly Patyşa aýtdy:

— Aşyk, men ömrümde Köroglyny görmedim. Ol nireden meniň adymy, hyýalymy bilýär?

— Goý jenap uzak ýaşasyn! Geçen agşam ondan öz gulagym bilen eşidenlerimi sözme-söz gaýtalaýaryn.

Eger saňa ýarasa men aýdaýyn. Eger-de ýaramasa, bir söz diýseň, men duraryn.

— Ýok, ýok! Dowam etdir. Men göreýin onuň nähili biderek zatdygyny, aýdyber.

Körogly içinden pikir edip: “Men seresapsyzlyk bilen erbet ýagdaýa düşdüm. Näçe çalt çyksam, şonça-da gowy. Onuň gaharyny getirsem, ol meni, belki, çykaryp goýberer” diýdi. Ol aýdymyny dowam etdirdi.

***Men saňa kimdigimi görkezerin.***

***Men seniň ejeň gözýaşyny sile döndererin!***

***Häzir bol, ýogsam Alla bardyr, men seni öldürjekdirin.***

***Men saňa öwrederin, Buly Paşa, öwrederin!***

— Aşyk, garakçy Körogly gaty arkaýyn bolup ýaramaz gazallar düzýär. Meniň janymy nyşana alar ýaly men näme edipdirin ol bezzada?

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Sen maňa Köroglynyň namalaryny aýtmagy buýurdyň. Menem saňa boýun boldum. Indi men boldum we gidýärin.

— Aýdyber! Ol hudaýsyz goşgulary sen düzmänsiň, sende günä ýok. Aýdyber.

Körogly aýdyberdi.

***Men saňa diýýärin, men seniň gözleriňi garga ýaly çokaryn.***

***Olaryň çukurjyklaryny gyzyl gana dolduraryn!***

***Gassap ýaly men saňa soýaryn!***

***Buly Paşa, men seni öwrederin! Öwrederin!***

Özüni bilmän Paşa ýerinden böküp turdy.

Köroglynyň atbakarlarynyň arasynda bir wagt Gambar we Muhammet atly iki dogan bardy. Olar Körogla köp wagtlap gulluk etdiler. Bir gün Körogly teblehanalary aýlanyp ýörkä atlaryň julunda çaň-tozan görüp, gaty gahary geldi. Ol Gambaryň ýüzüne şeýle bir gaty urdy welin, ol şol ýerde jan berdi. Onuň dogany Muhammet gaçyp gidip, Buly Paşaň gullugyna durdy. Şu wagt ol hojaýynyň çadyrynyň ýanyndan geçip barýarka, Köroglynyň sesini eşitdi. Usullyk bilen çadyryň ýanyna gelip, jyklap seretdi we ony şol bada tanady. Körogly edil şol wagt soňky iki setiri: "Gassap soýan ýaly men seni soýaryn! Men seni öwrederin, Buly Paşa öwrederin" diýip aýdyp durdy. Türkleriň barysy edil awçynyň öňündäki togdary ýaly boýunlaryny uzadyp, Köroglyny diňläp durdular. Muhammet ýuwaşjadan çadyra girip, Paşaň bosagada ýatan şypbyklaryny alyp hojaýynyň öňünde goýdy. Hyzmatkäriň şeýle hereketi Türkiýede aýtmak üçin bir gizlin gürrüň bardygyny aňladýar. Paşa muňa düşünip, çadyrdan çykdy.

— Näme boldy – diýip, ol sorady.

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Sen näme üçin goşun ýygnap, bu leşgergähi gurýarsyň? Sen nirä we näme maksat bilen barýarsyň?

— Çamlybile, Köroglyny tutmak üçin.

— Bu ýasama aşygyň kimdigini bilýäňizmi? Bu nejis Köroglynyň özüdir!

— Sen gyzdyryp samraýarmyň, atasy ýananyň ogly. Körogly ýolbarsyň ýüregini iýipmi, bu ýere ýeke gelip, meniň çadyrymda oturar ýaly?

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Seniň hyzmatkäriň ýalan sözlemeýär. Bu Köroglудyr. Köp ýyllap men onuň atbakary boldum. Siz ony bilmeýärsiňiz. Ol müň hiläniň ussadydyr.

— Bes et, biderek gürrüňi! Bu mümkin däl!

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Men ýalňyşmaýaryn. Bilmek üçin men Köroglynyň häsetlerinden birini aýdaýyn. Eger biri birden "Sen tussag!" diýip gygyrsa, ol böküp ýerinden turup, bir elini beýleki eliniň üstünde goýýandyr. Synap gör. Eger ol şeýtmese, sen meni öldüräý.

Paşa hamala hiç hili möhüm zat aýdylmadyk ýaly çadyra gelip girdi. Ýerine geçip oturyp aýdym aýtmagy buýurdy. Körogly gazal aýtdy.

***Ýol ogly men, ýolda durýaryn!***
***Men batyr ýigitleriň hyzmatkäridirin!***
***Hakykatdan-da bilgin, men Köroglydyryn!***
***Men saňa öwrederin, Buly Paşa, öwrederin.***

Paşa:

— Sen tussag! – diýip, gygyryp goýberdi. Körogly ýerinden tarsa turup, gol gowşuryp durdy. Paşa ony tutmagy buýurdy. Olar oňa sag tarapdan topuldylar, ol çep eli bilen urdy, şeýdip ol bir hatar esgeri ýere serdi. Olar oňa çepden topuldylar, ol sag eli bilen urdy. Ýer maslykdan ýaňa durşuna orulan desse ýaly bolup

durdy. Ahyr soňy köpräk goşun çagyryp, getirip ony basyp daňdylar.

Paşa:

— Men bu ýere şu deýýusy tutmak niýeti bilen geldim. Çadyrlary derrew düýrüň, Ystambyla gaýdaly.

Olar çadyrlaryny göterip, gelen ýoly bilen gidiberdiler. Körogly kelleýalaňaç, aýakýalaňaç, boýny zynjyrly osmanlylaryň öňünde sürülip gitdi. Şu kyn ýagdaý bilen sekiz gün geçdi. Her gün gije Köroglyny Paşaň çadyrynyň öňünde demir gazyga daňýardylar. Onuň bar iýmiti Paşaň tabagyndan alnyp zyňylan, gemrilen süňklerdi. Beýle kemsidiji ýagdaý tussagyň ýüregine düşüp, ol Paşa garap:

— Näme üçin maňa beýle azap çekdirýärsiňiz? Men mundan beýläk seniň minnetiňi çekmerin. Gowusy meni derrew öldür – diýdi. Belli wagt geçensoň, Köroglyny öňki ýaly çadyryň girelgesinde boýnundan zynjyrlap goýdular. Paşa agşamlyk nahar wagty gemrilen süňki tussagyň ýüzüne zyňdy. Süňk onuň kellesini ýaralap, gan akdyrdy. Körogly: Buýruň meniň elimi az wagtlyk çözsünler. Meniň ýadyma bir aýdym düşdi, men saňa aýdyp bereýin. Soň meni öldürtmäge buýrarsyň – diýdi. Paşa:

— Lolynyň ogly! Seniň elleriňi daňmak nähili kyn düşenini ýadyňdan çykypdyr. Indi sen boşatdyrjak bolýaň. Sen hapa iýýäň. Şeýle daňylgy durşuňa näçe isleseň uwlaber – diýdi.

Körogly gazal aýtdy:

***Sen öwünme, Buly Paşa.***

***Sen bilýärsiň meniň şa gaplaňdygymy.***
***Häzir bol! Men seniň ganyňy bulaşdyraryn.***
***Men ynanjymdan dändim. Men kapyrdyryn.***

Paşa:

— Sen maňa aýt, ganly güjük! Sen şu pursat elleriň daňylgy, boýnuň demir zynjyrly maňa näme edibiljek?

Körogly içinden: "Namart! Sen meniň ellerim daňylgyka batyr" diýdi. Ol aýdymyny dowam etdi:

— Eý duşman! Meniň tozana bulaşyp ýatanyma garama. Maňa şu gün bolan iş, saňa ertir bolar.

Soň ol söz bilen üstüni ýetirip diýdi:

— Paşa, maňa şu wagt seniň ganyňda ýuwunmaga Alla rugsat bermeýär. Emma wagty gelende men muny ederin.

Ol aýdymyny dowam etdi:

***Men meýdana dogry gelýärin.***
***Men murtuma kakyp, ony towlaýaryn.***
***Men polat çeýnäp göge tüýkürýärin.***
***Men diňe batyrlary mahabatlandyrýaryn.***
***Goşunyň men edil döşünden urýaryn.***
***Häzir bol Buly, men saňa diýýärin! Men taplanan gara demirdirin.***

Paşa:

— Belki, sen ol zatlary ýaşkaň edensiň. Ýöne şu wagt sen garradyň. Sen bu aýdýan sözleriňi indi edip bilmersiň – diýdi.

Körogly aýdymyny dowam etdi.

***Körogly diýer, men açdyryn.***
***Kime Soltanlar hyraç töleýärler.***

***Men ýüz esse garry bolsamam.***
***Men hemişe serdardyryn, jenap!***

Emma Körogly içinden: “Buly Paşa dogry aýdýar. “Men gaplaň, men kapyr, men demir, men seniň kelläňi keserin” diýen sözler maňa indi ýaraşmaýar. Gandally, boýny zynjyrly öwünmek maňa gelişmeýär. Gowusy, men Körogly däl diýmeli. Men özümiň Köroglydygymy inkär edeýin. Şeýdip, olar meniň sözüme goýun ýaly özümi daňdyryşymdan hem ynanarlar” diýip pikirlendi. Ondan soň ol pikirlerini jemläp, halas bolmagyň ýoluny agtardy. Ol:

— Paşa sen meni nirä alyp barýarsyň? Biçäre aşyga beýle azap bermeýärler. Men muňa çydadym we size hezil bermek üçin oýun etdim. Emma besdir. Indi maňa at sylagymy berip goýber – diýdi. Bullu Paşa:

— Bu pirimleriň ýol almaz – diýdi. Onda Körogly:

— Onda men biçäre näme etmeli? Men Körogly däldirin. Men ol garakçy Körogla sögeýin, menden size näme gerek? Onda uzyn murtly, sakgally her bir adam Körogly-da! Sen meni ertir Hasan Paşaň huzuryna eltersiň. Sen mende dil ýokdur öýdýäňmi? Men oňa: “Paşa! Men Buly Paşaň çadyryna biçäre aýalym we çagalarym iýer ýaly bir zatlar sorap bardym. Ol maňa Köroglynyň aýdymlaryny aýtmagy buýurdy. Bir salymdan onuň adamlary meniň üstüme dökülip zynjyrladylar. Näme üçindigini Alla bilsin” diýerin. Sen meni nähili Körogla meňzetdiň? – diýdi.

Buly Paşa oýa batdy. Ol öz içinden: “Bu, belki, dogrudyr. Men, mümkin, bu biçäre şeýtana nähak azar

berýändirin. Belki, ol Körogly däldir. Men hiç haçan Körogly bilen söweşip görmedim. Ony söweş meýdanynda ele salmadym. Körogly ýaly akylly ýigidiň beýdip, özüni aýan edip, meniň çadyryma gelip, seresapsyzlyk bilen ele düşmegi mümkinmi? Bir atbakar oglanyň sözüne gidip men muny nirä alyp barýaryn? Maňa hiç kim ynanmaz. Bar jikme-jiklikleri bilip Hasan Paşa meniň atamy otda ýakar" diýip oýlandy.

Paşa öz eden etmişine puşman edip, bolan waka barada gaýgylanyp başlady: "Kim bilýär, belki, ol atbakaryň aşykda köýüp ýatan ary bolandyr? Ystambylda men aýallaryň we çagalaryň gülküsine galaryn. Dünýä Paşa meniň batyrlygym, akylym hakda näme pikir eder?" diýip oýlanansoň, Paşa:

— Çagyryň bäri ol atbakar Muhammedi – diýip buýruk berdi. Ol gelip hojaýynyny gaharly ýagdaýda görüp aljyrady. Muny görüp, Paşa özüniň çakyny dogrudyr öýdüp, onuň kellesini kesdirdi. Indi atbakar ýokdy. Paşa:

— Aşyk, goý, atbakaryň öýi onuň meýdiniň üstüne ýumrulsyn! Mende günä ýok, meni bagyşla – diýdi. Onuň buýrugy bilen Köroglynyň daňylaryny çözdüler. Körogly içinden: "Indi men erkin dem alýaryn. Atbakardan özge meni bärde bilýän ýokdy" diýdi. Ol dutaryny eline alyp, şeýle mekirlik bilen ýalan sözledi welin, hatda Paşa gitdigiçe öz etmişine utanyberdi.

Goý, güýçli Alla Paşa uzak ömür bersin! Beýik Buly Paşa! Men Körogly däldirin.

Goý, Türkiýäniň Soltany özi öýüňe gelip, saňa merhemetler görkezsin. Buly Paşa!

Ýok, men Körogly däldirin”.

Paşa:

— Munuň bary deýýus Muhammediň ýalňyşy. Ystambylda bolan zatlary aýdyp, meni masgaralamagyn – diýdi. Körogly gazalyny dowam etdi:

***Goý Paşa uzak ýaşasyn!***

***Tilki Körogly boýnuny seniň syrtmagyňa goýmak üçin öz hininden çykmaz.***

***Onuň ýüz müň meniň ýaly hyzmatkäri bardyr.***

***Ol dünýäde iň mekir deýýusdyr.***

Ol garly depesi gökde gizlenip duran daglara seredip ýene-de gazal aýtdy:

***Iň gowy miweler diňe Erjistan[1] bagynda bitýändir.***

***Salawan dagynyň hasylsyz depeleri üstüne düşen ähli zady gara öwrüp barýandyr.***

***Köroglynyň meniň ýaly ýedi ýüz ýetmiş ýigidi bardyr.***

***Men Körogly däldirin. Men öňümde garly daglary görýärin.***

***Eý Alla! Meniň janym näme hakda pikirlenýär?***

Buly Paşa:

— Onda seniň hakyky adyň näme, aşyk? – diýip sorady. Bu gezek Körogly hekaýat aýtmady-da şeýle jogap berdi:

---

[1] Erjistan – Yspyhanyň golaýyndaky bir etrap.

— Sen meniň adymy şu namadan taparsyň – diýip, bir nama aýtdy:

***Uly daglaryň depesini gaplaýan ümürdir.***
***Gözleriň düýbünden akýan zat gandyr.***
***Sen meniň adymy bilmek isleýäňmi?***
***Meniň adym aşyk Röwşendir.***
***Ýok, Buly Paşa, men Körogly däldirin.***

Paşa diýdi:

— Tur, garyp aşygym. Geçen zat barada pikir etmede teblehana baryp, iň gowy aty saýlap al. Men saňa söz beripdim. Sözümde-de duraryn.

Körogly teblehana bardy. Ol atlaryň arasynda bir taý gördi. Ol taýyň, eger bilýän adamyň terbiýesini alanda, gowy at bolup ýetişjekdigi görnüp durdy. Ol gaýdyp gelip:

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Maňa şol taýy ber – diýdi.

— Ony al we meniň beren azarymyň baryny ýadyňdan çykar. Ol taýa mün-de git, Alla ýaryň bolsun.

Körogly içinden: "Eger men ol taýy münsem, şol bada onuň bilini döwerin. Türkler muny görüp, ýene meni Körogly diýer. Sebäbi başga hiç bir adamyň agramy taýyň bilini beýdip büküp bilmez. Gowusy, ony idip gitmekdir" diýip pikirlendi-de:

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Meniň el-aýagym uzak wagtlap daňylgy duransoň gurşup gidipdir. Şonuň üçin ilki ýöremeli, ondan soň ata münmeli – diýdi.

Ol taýy idip, Paşaň ýanyndan gitdi. Türk leşgergähi gözden ýitensoň, ol taýy boşadyp meýdana goýberip, özi Çamlybile gaýtdy.

Paşa ugruny üýtgedip, ýuwaşjadan menzilme-menzil gidiberdi. Körogly Çamlybile olardan öňräk baryp ýetdi. Ýigitleriň begenjini aýdyp diýer ýaly däldi. Olar onuň aýagyna ýykylyp, beýle uzak wagtlap ýitip gitmeginiň sebäbini soradylar. Ol hemme zady gürrüň berip, söweşe taýýarlanmagy buýurdy.

Buly Paşa ýaňy gelip, ýaýlada leşgergäh gurdurypdy. Ol wagt gijelikdi. Körogly eglenmän “Ganly gije” taýýarlady. Olar duşmanyň üstüne çozdular. Gaçyp bilenler gaçdy. Galanlary bolsa gylyçdan geçirildi. Käbirleri tussag edilip, zyndana zyňyldy.

Soňkularyň arasynda Buly Paşa-da bardy. Ol üç günläp garaňky zyndanda saklanyp, soň Köroglynyň huzuryna çagyryldy. Diwanhanada Körogly öňde, serkerdelere hem esgerlere baş bolup otyrdy. Buly Paşa onuň ýüzüne çiňerilip seretdi we ony Aşyk Röwşene meňzedip tanady.

— Nähili ýagdaýlar Buly Paşa?

— Eý jenap, Alladan seni ýalkamagyny dileg edýärin.

Şeýle diýip ol içigip aglady.

— Sen haramzada! Sen meniň başyma näçe azap getirdiň! Sekiz günläp boýnum zynjyrly seniň atyň öňünde ygladym. Her agşam men boýnum zynjyrly duramda, sen gemrilen süňkleri ýüzüme zyňýardyň.

Men aglamadym. Ýalbarmadym. Şu wagta çenli men saňa zat etmedim, seni gynamadym! – diýip Körogly dutaryny alyp bir gazal aýtdy:

Buly Paşa! Sen meni tussag eden günüň meniň bar gören görgimi ýadyňa sal.

Çagyr, kim saňa kömege gelerkä, göreli.

Sen meni tutan günüň näme bolupdy.

Hawa, men şa gaplaňy?

Asmanyň ýyldyzlary aýa boýun egýärler.

Garyplar beglere gulluk edýärler.

Men, serdarlaryň serdary, aýakýalaňaç daşlaryň üstünden ylgadym, derýalary geçdim.

Men tussagda bolan günlerim nämeler boldy?

Buly Paşa:

— Eý, jenap! Meniň öýe gaýdyp barasym gelmeýär. Meni öldürmegi buýur. Näme üçin diýsene? Men baş weziriň gyzy Dünýä Paşa aşyk boldum. Onuň atasy ilki razy bolmady. Soň meniň seni öli ýa-da diri eltip bermek şerti bilen meniň ol gyz bilen birikmegime razyçylyk berdi. Meniňki şowuna bolmady. Men söýgülimem, goşunymam ýitirdim. Men Ystambyla nähili ýüz bilen baraýyn? Beýle durmuşdan ölümem gowy – diýdi. Körogly Buly Paşaň ykbalyna nebsi agyryp, ony köşeşdirmek üçin bir gazal aýtdy.

***Men çuň deňizleri geçerin,***
***Men hanjarym bilen birnäçe kelleleri keserin,***
***Gorkma, Buly Paşa, men seni azat ederin.***
***Meniň tussagdaky günlerim nirede?***
***— Ýok, serdar Körogly, gowusy sen meni öldür.***

***— Näme üçin?***

***— Sebäbi men Dünýä Paşasyz ýaşap bilemok.***

Körogly aýdymyny dowam etdi:

***Meniň sözlerimi gowy belle,***
***Men bärde galaryn.***
***Men köp Paşalary tagtyndan agdararyn,***
***Hiç gorkma, men saňa Dünýä Paşany alyp bererin***
***Meniň tussagdaky günlerim nirede?***

Soň ol üstüni ýetirip:

— Gaýgylanma Buly Paşa. Men saňa Dünýä Paşany alyp bererin. Men öz goşunym bilen Ystambyla bararyn. Eger Hasan Paşa öz erkine saňa gyzyny bermäge razy bolmasa men ondan güýç bilen alaryn. Eger men sözümde durmasam, onda şu telpegi geýmäge mynasyp däldirin – diýdi.

## ON IKINJI BÖLÜM

Körogly Buly Paşa hormat-hezzetini eçildi. Ol oňa tapawutlyk nyşanyny, aýratyn otag berdi. Özi bilen bir saçakdan iýip-içmekden başga-da oňa sowarlyk pul eçildi. Bir gün toýda şerap içip otyrkalar Buly Paşa aglamaga başlady.

— Men saňa näme ýamanlyk etdim, bu gözýaşyň sebäbi näme? – diýip, Körogly sorady.

— Gaýgyly pikir ýadyma düşüp, aglaman durup bilmedim.

— O nähili pikir?

— Körogly beg, Dünýä Paşany nähili güýçli söýýänligimi eýýäm aýdypdym. Atasy maňa ýekeje şert bilen, seni Ystambyla öli ýa-da diri alyp barmak şerti bilen gyzyny bermäge söz beripdi. Indi men oňa näme diýmeli. Indi meniň ol gyza söz aýtmaga hiç hili hakym ýok. Meniň gözýaşymyň sebäbi şol.

Köroglynyň haýpy gelip, ýüregi eredi. Ol:

— Eger sen meni Ystambyla alyp barsaň, Hasan Paşa saňa gyzyny bermekden boýun gaçyryp bilmez. Sen aýt maňa, sen erkek adyna mynasypmy? – diýdi.

— Asylly serdar, men erkek adyna mynasypmy ýa dälmi, ony netije görkezer. Öwünmäge bu wagt ir.

Körogly Däli Mätere teblehanadan bir güýçli tulpary çykarmagy buýurdy.

— Sen meni Hasan Paşaň ýanyna nähili alyp barjak? Eger tussag görnüşinde diýseň, men şu taýda aýaklarymy gandalladaýyn.

— Ýok, serdar, gandal gerek däl.

Körogly öz hyzmatkärlerine:

Ol meni daňasy gelýär. Şonuň üçin siz meni daňyň – diýdi. Olar onuň aýagyna ýykylyp:

Hojaýyn, siz näme etjek bolýaňyz. Siz biraz pikir ediň. Siz özüňizi ganym duşmanlaryň eline berýäňiz – diýip ýalbardylar. Emma olaryň ýalbar-ýakarlary netije bermedi. Ol olara diňe alty aýdan gaýdyp gelmäge söz berdi. Öz tulparyna münüp, Buly Paşaň yzyna düşüp, Ystambyla gitdi. Ýolda Paşa onuň ýanyna gelip, entek hiç hili hyzmatkäriň hojaýynyna etmedik hormat-hezzetini etdi. Tä ol onuň minnetdarlygyna we berlenligine doly ynanýança hyzmatlaryny gaýgyrmady. Olar ýoluň ýarysyny geçensoňlar, Buly Paşa özleriniň Soltanyň ýurduna ýetendiklerini görüp, Körogla hiç ýerden kömek bolmajagyna göz ýetirdi. Soň ol biraz yza galyp, atyny bar güýjüne çapdyryp gelip, Köroglynyň kellesine gaty güýç bilen urdy. Körogly ýykyldy. Paşaň hemme gylyçdan sypan hyzmatkärleri biçäre Köroglynyň daşyny gurşap aldylar. Körogly sorady:

Buly Paşa, bu senmi? Ýagşylygy bilmez nejis! Bar eden hormat-hezzetim üçin berýän baýragyň şumy?

Paşa onuň üstünden güldi.

Seniň gowy hormatyň gursun! Sen ýene aşyk Röwşen bolup oýnamak isleýänsiň. Seniň ýagşylyklaryň dogrudanam, uly. Sen Hasan Paşaň puluny taladyň. Tas iň soňky esgere çenli meniň on iki müň adamlyk goşunymy gyrdyň. Bolduň, meniň başyma howandar!

Olar biçäre Köroglynyň elini daňyp, atyň öňüne salyp sürüp alyp gitdiler. Körogly tüýs ýürekden özüniň ynanjaňlygyna ökündi. Içinden pikir edip, ol: "Meniň rehimdarlygym düýbünden ýerliksiz bolupdyr. Men nähili samsyk bolupdyryn!" diýdi. Soň ol daşyndan:

— Buly Paşa! Çöz meniň ellerimi, men aýdym aýdaýyn – diýdi.

— Daňylgy durşuňa aýt, nejis ýalançy! Sen maňa ýadymdan çykmaz ýaly sapak berdiň.

— Görüň ýalançy kysmat meniň başyma nä günler getirdi.

— Şöhrat, buýsanç, masgaraçylyk, gynamaklyk, güýç-kuwwatymdan aýyrmak we ölmek.

Ol näme, begler, bu näme?

Meniň gulagyma dostlukly ses eşidilýär.

Takdyr meniň ýüzüme gowy çaldy we meni gapy-gapy elendirip goýdy.

Şeýdip Körogly aýdym aýtdy, Buly Paşa bolsa diňledi. Körogly Çamlybiliň hezillikleri hakda pikirlenýärdi. Şonuň üçin ol aýdymyny dowam etdi.

***Eý, begler! Duşmanlar meni tutup, güýç bilen saklaýarlar.***

***Olar meniň döşüme, kelläme ok sanjarlar.***

***Çamlybil, meniň ýurdum, meniň ýadyma düşýär, gözden ýaş akýar.***

***Men dünýäm talanyp, açlykdan surnugan Körogly.***

***Köp şalyklaryň paýtagtyndan hyraç alan Körogly men.***

***Men haçan kimden ýagşylyk gördüm?***

***Indi ýalançy kysmat aldady meni!***

Aýdym aýdyp gutaryp, Körogly ýoluny dowam etdi. Ystambyldan gelýän tatar çapary olaryň gapdalyndan geçip barýardy. Körogly yzyna seretdi. Çamlybili ýene görsem, diýen pikir onuň kellesine geldi. Hemme zat uzakda gözden ýitipdir. Diňe dagyň depeleri görünýärdi. Ol:

— Paşa! Dur bir salym, bir aýdym aýtmaga rugsat ber. Soň men ýene ýörärin – diýdi.

***Men uzakda garly daglary görýärin.***

***Meniň söýgülim olaryň aňyrsynda galdy.***

***Eý, meniň bägülim.***

***Sen şeýle ýokarda gülleýärsiň.***

***Meniň elim ýetmeýär seni ýolmaga.***

***Meniň narym beýik kenarda galdy. Bulynyň begleri meni tutdular.***

***Demir zynjyr meniň boýnumy büküýär. Meniň owadan söýgülilerim, hersi biri-birinden owadan.***

Buly Paşa:

— Munuň ajaýypdygyny. Seniň söýgülileriň basym has ýaşrak söýgülileriň gujagynda orun taparlar. Sen garakçy! Sen bütin dünýäni buladyň. Indi ýaş ýigit ýaly uludan demiň alyp otyrsyň – diýdi. Körogly içinden: "Entek seniň gelniňi masgaralamaga maňa Alla mümkinçilik berer. Men seniň bar wagşylyklaryň üçin ar alaryn" – diýdi.

Soň ol aýdymyny dowam etdi.

***Söýgülilerimiň haýsysy üçin men gaýgylanýaryn?***

***Azap yzly-yzyna urýar.***

***Sen nejisi gereksiz haşal ot ýaly orup taşlamadygyma gynanýaryn.***

***Gaýgy meniň ýüregimi gurşap aldy.***

Soň ol Öweziň hem-de "Bu sapara gitme" diýip, ýalbaran ýigitleriniň gözýaşlary ýadyna düşüp, ýene aýdym aýtdy:

***Eý, meniň baglarym!***

***Men gül ýygnaýardym.***

***Olardan çemen bogup, söýgülilerime sowgat ibererdim.***

***Ýolda duran dostlarym, aglap ýeke galdylar.***

***Körogly Allaga sygyn!***

***Birden bela-beter duşanda ol saňa galkan bolar.***

***Duşmanlar! Meniň gözümiň öňünde durmaň,***

***Gaty yzda galan Çamlybiliň soňky görnüşini gaplamaň.***

Olar menzilme-menzil ýol geçip, Ystambyla golaýladylar. Buly Paşa Hasan Paşanyň huzuryna: “Üstünlik meniň hemram boldy. Men Köroglyny diri tutdum we ony siziň huzuryňyza getirýärin” – diýip, iberen namasynyň tizräk baryp ýetmegini isleýärdi. Hat baryp ýetenden Hasan Paşa:

“Şäheriň erkek göbekli ýöräp bilýän ähli ýaşaýjylary, uludan kiçi hemmeler çykyp, ýeňijini garşylamaly” diýen buýruk berdi. Paýtagta köpçülikleýin girilýän güni sekiz adam Köroglynyň zynjyryndan tutup bardylar. Şeýdip, olar ony Hasan Paşanyň huzuryna getirdiler.

Köroglynyň äpet göwresi, onuň erkek görnüşi esli wagt Paşanyň ünsüni özüne çekdi. Onuň uzyn murty, kepje sakgaly, käkili hemmäni haýran galdyrdy. Şonuň üçin ol gözüni ýumup:

— Eý, Buly Paşa! Meniň ýanymdan aýyryň ony, ýogsam meniň ýüregim ýarylar – diýdi. Körogly içinden pikirlenip: “Men seniň telpegiňi agdararyn. Men seni has akylly adammykaň öýdüpdim” diýdi. Soň ol daşyndan:

— Hasan Paşa, gorkma men döw ýa-da şeýtan däldirin. Men seniň ýaly adam. Men çörek iýýän, suw içýän. Näme üçin sen menden gorkýaň, näme üçin menden gaçýaň? – diýdi. Soň ol içinden: “Bu adam diňe gorkak däl-de, sada hem ekeni. Hakykatdanam, ol meniň däli bolşum ýaly samsyk ekeni. Men indi özümden häzir bolup, Buly Paşany öwüp başlamaly” diýdi. Şonuň üçin ol daşyndan:

— Goý, Hasan Paşa uzak ýaşasyn! Siz näme üçin meniň nähili tutulandygym barada soramaýarsyňyz? Meniň elimi boşatmagy buýruň, men size ol barada aýdym edip aýdaýyn – diýdi.

— Hasan Paşa: Sen Buly Paşany şeýle gorkuzypsyň, şonuň üçin seniň gandalyňy aýyrmak akylsyzlyk bolar. Şeýle bolşuňa aýt – diýdi. Körogly eli daňylgy aýdym aýtdy.

***Uruş sazy ýaňlanýar.***

***Tüýdügiň sesi gulaga degýär.***

***Arap atlaryň buşukmaga wagty ýok.***

***Sansyz esgerler duşman kellelerini göwreden aýryp getirýärler.***

***Goç ýigidiň maňlaýyny ýara bezeýär.***

Hasan Paşa:

— Kim degirmene gidip, degirmen daşyny egnine alyp getirse, şol öwnüp biler. Meniň giýewim Buly Paşa Köroglyny bu ýere alyp gelip, has uly gudrat görkezdi. Meni gowy görýänler oňa gowy sowgatlar bermeli – diýdi.

Türk köşgüniň emeldarlary, beýik adamlary Buly Paşa şeýle köp gymmat bahaly zatlar iberdiler welin, hatda onuň özi şol zatlaryň aşagynda gömülip galjakdy. Ol üstünlikden begenip, başy aýlandy. Kör-ogly ol haýynyň begenjiniň özüniň gazallary bilenem baglanşyklydygyna düşünýärdi. Ol öz içinden pikirlenip: “Bu gidişi gowy. Men ýene Buly Paşany mahabatlandyrsam ol hemişe meniňkidir” diýdi. Ol ýene aýdym aýtdy:

***Ol meniň üçin gahryman.***

***Öňe çykyp agasynyň göz öňünde söweşer.***

***Ol gylyjyny syýrýar.***

***Ol galkany kellesiniň öňünde şeýle ussatlyk bilen tutýar, hatda segsen oky sowubilýär.***

Hasan Paşa ýene wezirine ýüzlenip:

— Görýäňmi, hatda Köroglynyň özi hem Buly Paşaň batyrlygyny öwýär. Kimde kim meni gowy görse, batyr ýeňijä ýene-de baýrak bermeli – diýdi. Şol ýerde duran emeldarlar keşmir şal-guşaklaryny, hanjarlaryny, gymmatbaha daşlar bilen bezelen gylyçlaryny çözüp, Buly Paşaň boýy bilen deň edip üýşürdiler.

Hasan Paşa:

— Meniň öz baýragym hökmünde, siziň hemmäňizi Buly Paşa bilen meniň gyzym Dünýä Paşaň toý süýjüligini datmaga çagyrýaryn – diýdi. Ol öz hyzmatkärlerini toýa taýýarlyk görmek üçin köşge iberdi.

Körogly gazal aýtdy.

***Söweş meýdany gumdan dolupdyr.***

***Ol tozan barha ýokary, tä dag depelerini ýapýança galýar.***

***Arap atlar öli ýigitleriň läşini süýräp barýarlar.***

***Kesilen kelleler çar tarapa togalanyp gidýär.***

***Gan çeşme bolup akýar.***

***Asmanda perişdeler haýran galýarlar.***

Şol ýerdäki türkleriň biri Köroglynyň böwrüne dürtüp, onuň gulagyna pyşyrdady.

— Eý, samsyk, Hasan Paşany öwüp bir zat aýt, onuň hyzmatkärini öweniň besdir – diýdi. Ol şeýle gaty dürtensoň, Köroglynyň böwri awap gitdi. Ol gahary gelip:

— Men Hasan Paşaň, Buly Paşaň hem seniň aýallaryňyzyň hemmesini masgaralaryn! – diýip, onuň ýüzüne şeýle bir urdy welin, bu urgudan onuň agzyndan dört dişi döküldi.

Muny gören Hasan Paşa gygyrdy:

— Ol däli näçe çalt öldürilse, şonça-da gowy!

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Men ýene biraz gazal aýdaýyn, soň meni nätseň şeýt.

— Aýt onda!

Diwanda gorkunç kazylar otyr.

Ýaramaz adamyň kellesiniň boýnundan aýrylyşyny men göreýin.

Batyr adamy men han, beg derejesine götererin.

Ölüm jülgesinde Buly näme, Paşa näme?

Hasan Paşa ony öldürmekligi buýurdy. Buly Paşa öz içinden pikir etdi. “Men ony güýç bilen ele salmadym. Men söweşde ýeňiji bolmadym. Ol öz erki bilen özüni meniň elime berdi. Onuň daýaw, ýolbars ýaly ýigitleri bar. Iru-giç olar ar üçin meniň janymy alarlar. Nirä gitsemem, olar meni tapar. Eger men janymy sebede salyp asmandan assamam, olar ýüp bilen sebedi çekip ýere düşürerler. Eger men jyna öwrülip, özümi ýeriň ýüreginde gizlesemem, olar meni gysaç bilen çekip çykararlar. Meniň üçin iň dogry ýol Hasan Paşany yryp, tussagy ýarym ýyl özüme ynanylar

ýaly etmekdir. Eger bir wagt onuň ýigitleri hojaýynyny sorap gelseler, men Köroglyny olara çykaryp bererin. Eger olar gelmeseler, men ony gorkman öldürip bilerin. Şu wagt men tizden tiz Dünýä Paşa öýlenmeli. Men Köroglyny Skutary zyndanyna ýerleşdirerin. Özümem aýalym bilen onuň golaýynda ýaşaryn. Meniň aýalym meniň nähili gaplaňdan, nähili ýolbarsdan üstün çykanlygyma, batyrlygyma buýsanar".

Buly Paşa şu pikirler bilen, şeýle diýdi:

— Goý, Paşa uzak ýaşasyn! Ol zaňňar azyndan ýarym million adamy gyrandyr. Ony şu wagt öldürmeklik, onuň janyna bizdenem beter hakly bolan pidalaryň ganyna elimizi bulamakdyr. Gowusy, ony Skutary zyndanyna taşlalyň, goý, ol şol ýerde aç – suwsuz ölsün.

Hasan Paşa:

— Berekella, meniň giýewim! Seni Alla ýalkasyn, batyrgaý söweşişiň ýaly akylly gürrüň hem aýdýarsyň. Äkidiň ony, Skutary zyndanyna oklaň.

Buly Paşa Köroglyny dabaraly görnüşde Skutara alyp gitdi. Ol ony ini dört metre golaý bolan, çuňlugyny Alla bilsin bir çuň çukura zyňdy.

Indi Dünýä Paşaň hyzmatkäriniň habaryny eşidiň. Köroglynyň çukura zyňlyşyny haremhananyň aýnasyndan gören hyzmatkärler muny tizräk bikelerine ýetirmäge howlukdylar. Dünýä Paşa:

— Siz matal aýdýaňyz. Siz meniň ýüregime täsir etjek bolmaň. Buly Paşa meniň adaglym bolsa-da, men dogrymy aýdaýyn, ol köplenç garry aýala meňzeýär.

Heý, şol Körogly ýaly batyr adamy ýeňip bilermi? Günüň bütin dünýäni ýagtyldyşy ýaly, Köroglynyň şöhraty ýer ýüzüne belli. Her bir adam onuň aýdymlaryny aýdýar, ýa-da onuň edermenligini gürrüň berýär. Şeýle edermen ýigidiň nalajedeýin Buly Paşa özüni tutdurmagy mümkinmi? – diýdi. Hyzmatkärler:

— Biz ony öz gözümiz bile görendigimize ant içýäris. Ony ol görnüp duran guýa zyňdylar diýdiler.

Ol mümkin däl! Men gidip öz gözüm bilen göreýin.

Dünýä Paşanyň kyrk hyzmatkäri bardy. Dünýä Paşa olary yzyna tirkäp, çukuryň gyrasyna baryp gygyrdy. Onuň sesi Köroglynyň gulagyna ýetdi. Emma onuň aýal sesi eşidilen wagtynda eşitmediksirän bolýan häsiýeti bardy. Şeýle-de bolsa, ol Paşaň gyzynyň ýakymly sesine çydap bilmedi. Jogap edip şeýle gaty ses bilen gygyrdy, edil guýudan tüpeň atylan ýaly boldy. Gorkan gyzlar bikesini ýeke taşlap gaçyp gitdiler. Gyz:

Şeýle ýolbarsam ýeňilermi? Nirä gaçyp barýaňyz gyzlar – diýdi. Olar gaýdyp gelip:

— Siz dogry aýdýaňyz, bikäm nalajedeýin Buly Paşa beýle arlap duran gaplaňy ýeňip bilmeli däl.

Dünýä Paşa ýene-de guýynyň üstüne eglip:

Beýdip özüňi bildirmän durmaga utanmaýarsyňmy? Bütin dünýäni adyň bilen gorkuzyp, özüňi aýaldan has gowşak Buly Paşa tutdurypsyň – diýdi.

Körogly:

— Aýrylyň guýunyň agzyndan, ýalta gyzjagazlar – diýdi.

Dünýä Paşa:

— Nämä gaharlanýarsyň ýigit? – diýdi. Körogly özi hem-de Buly Paşa barada jikme-jik gürrüň berdi. Bu hekaýaty eşidip, Paşaň gyzy tas özünden gidipdi. Ol:

— Jenap! Buly Paşa namartlyk bilen saňa dönüklik edipdir. Gaýgylanma, mundan beýläk ikimiz bile hereket ederis. Men seniň hemme buýruklaryňy berjaý etmäge taýýar. Men Dünýä Paşa – diýdi. Körogly:

— Maňa pyçgy getir, haýyş edýärin – diýdi.

Bikesiniň buýrugy boýunça gyzlar pyçgy getirip, çukura okladylar. Körogly bar zynjyrlaryny we gandallaryny pyçgylap aýyryp ugrady. Dünýä Paşa:

— Jenap, sen haýsy nygmatlary gowy görýärsiň? Men olary öz aşhanamda taýýarlamagy buýuraryn – diýdi. Körogly:

— Sen maňa ýeterlik nahar getirip bilmersiň.

— Sen ýaňra ýigit. Men baý emiriň gyzy, heý ýeterlik nahar getirdip bilmerinmi!

— Biz ony göreris. Maňa kagyz bilen syýa beriň. Ýadyňdan çykmaz ýaly hata ýazaýyn.

Gyzlar ýazar ýaly zat getirip, çukura okladylar. Köroglynyň sanawy şeýledi: “Günde meniň ertirlik naharyma ýigrimi gadak iň gowy et, on bäş gadak çörek, on bäş gadak çakyr we on bäş gadak şerap. Günortanky naharyma şol hilli etden on bäş gadak, şol çörekden on bäş gadak, ýedi ýarym gadak çakyr we on bäş gadak şerap. Agşamlyk nahara ýigrimi iki ýarym gadak enber ysly tüwüsinden taýýarlanylan palawyň üstüne tutuşlygyna bişen ýaş guzyny goýuň, ýigrimi iki

ýarym gadak şerap we on bäş gadak çakyr. Ondan başga et, süýjülikler we başga tagamlar näçe köp bolsa şonça gowy”.

Ýüp bilen sanawly haty çekip aldylar.

Paşaň gyzy naharyň sanawyny okap görüp, egnini gysyp, baş aşpezine günde belli wagtda degişli mukdarda çukura iberilip durmagyny buýurdy. Aşpez nahar sanawyna görä nygmatlary günde çukura iberip durdy.

Geliň, indi habary Köroglynyň nökerleriniň biri Isa Ballydan alalyň. Ol Kairden atasyndan ogurlanyp alnandy, ol Müsüriň Patyşasynyň ogludy. Körogly ony gowy görýärdi.

Çamlybilde bir gije Isa Bally ýatyrka düýş gördi. Düýşünde Körogly ganly deňizde ýüzüp ýördi. Isa Bally ukusyndan oýandy-da, içinden: “Biçäre agam! Ol öz islegi boýunça özüni Buly Paşaň eline tabşyryp, Ystambyla gitdi, gaýdybam gelenok, hat-da ýazanok. Onuň başyna bir bela gelen bolmaly. Ertir Gyrata münüp, şol şähere giderin” diýip, oýlandy-da ol irden turup teblehanada Däli Mätere:

— Gyraty eýerläň, Köroglynyň hemme sowutdyr ýaraglaryny bu ýere getiriň. Men ýaramaz düýş gördüm. Şonuň üçin bu zatlaryň hemmesini men oňa Ystambyla eltip bermeli – diýdi. Isa Bally asylly maşgaladandy. Körogly özi Çamlybilden bir ýere gidende, ony öz ýerine orunbasar belleýärdi. Däli Mäter onuň isleglerine garşy çykmady. Isa Bally öz içinden: «Men ýigitlere ýörişe bile gitmegi teklip etmeli. Eger

razy bolmasalar, özi bilen äkitmedi diýmäge olaryň haky bolmaz diýdi. Ol ýigitlere garap şeýle gazal aýtdy:

***Şu gün maňa bile gitmäge ýigit gerek.***

***Eger men ölsem, ol hem şol ýerde ölmeli.***

***Kim meniň bilen gider?***

Ol aýdym ýigitlere hiç hili täsir etmedi. Ol aýdymyny dowam etdi:

***Esger ýigit kuwwatly bolmaly.***

***Kim meniň yzyma düşse, meniň bilen ýöremeli, duşmany gylyçlamaly.***

***Bu ýeri goýup gitmek nähili gynançly.***

***Bu ýeriň kölleri ördekden* doly.**

***Çöllerde sansyz jeren bar.***

***Maşgalaňdan uzakda ölmek nähili gynançly.***

***Men gaýry ýurda gidýärin, kim meniň yzyma düşer?***

Hiç kimiň özüne üns bermeýändigini görüp, Isa Bally Köroglynyň ýaraglaryny dakynyp, Gyrata münüp gidiberdi. Haý diýmän ol Ystambyla geldi. Ol bir kerwensaraýda durup, ödebaşydan[1] sorady:

— Sen maňa eýelenmedik otaglaryň birini berip biljekmi? – diýdi-de onuň aýasyna bir altyn teňňe gysdyrdy. Her gün şonuň ýaly teňňe beriljek diýlensoň, ödebaşy gowy jaýlaryň birini oňa tabşyrdy.

Bir hepde geçdi, iki hepde geçdi. Isa Bally Köroglynyň ykbaly barasynda hiç bir zat bilip bilmedi.

---

[1] Ödebaşy – jaýlaryň hojaýyny.

Soň ol içinden özüne: “Men eger aşyga öwrülmesem, hiç zat bilmerin” diýdi. Ol hammama gidip ýuwundy, gowy pürsiýan köýnegini geýdi, eli dutarly şäher bazaryna gitdi.

Topar-topar türkler Isa Ballynyň sazyna we aýdymyna maýyl bolup, onuň daşyna üýşdüler. Entek agşam bolmanka onuň haltasy eýýäm puldan doldy. Şeýdip, ol her gün bazara gelýärdi we gazanç edip gaýdýardy.

Dünýä Paşaň haremhanasynyň baş aşpez adatça Körogla iýmit almak üçin bazara barardy. Ol Isa Ballynyň aýdymyny eşidip, aňkaryp aýdym diňläp durşuna öz ýumşuny ýadyndan çykarypdy. Tä giç agşama çenli onuň ýadyna ýumuş düşmedi. Soň ol çalt-çaltdan et, tüwi, ýag satyn aldy-da Skutara gaýdyp geldi.

Indi Dünýä Paşanyň işleri baradaky habara gulak asyň.

Her gün bir gezek ol Körogly bilen salamlaşmak üçin guýa gelýärdi. Ýokarda agzalan waka bolan güni ol hemişekisi ýaly gelipdi. Ol:

— Salam, ýigit — diýdi. Ertirden bäri hiç zat iýip-içmedik Körogly gahary gelip, onuň salamyny almady. Onuň bolşuna haýran galyp, gyz oňa ýene ýüzlendi. Körogly:

— Ýok bol, ýalançy. Git guýynyň ýanyndan gözüm görmesin – diýdi.

— Ýigit men saňa nämede borjumy ýerine ýetirmedim?

— Seniň garnyň dok, men bolsa açlyk çekýärin. Munuň ýaly ýagdaýda hatda läş hem iki gezek öler. Men ertirden bäri hiç zat iýmedim. Eger ýeterlik naharlamaga ýagdaýyň bolmasa, başda maňa näme üçin söz berdiň?

Bu gürrüň gidip durka, baş aşpez bazardan gaýdyp gelýärdi.

— Nejis, bu wagta çenli nirde kaňkap ýördüň? – diýip, bikesi gaharly sorady.

— Gyzlar, çybyklary getiriň.

Göz açyp ýumasy salymda onuň aýaklaryny asmana garadyp ýatyryp urgulary ýagdyryp başladylar.

— Bagyşlaň, bagyşlaň meni, merhemetli bikäm! – diýip, günäkär aşpez ýalbarýardy.

— Sen meniň bazarda görenimi gören bolsaň, öýe-de gaýdyp gelmezdiň.

— Has düşnükliräk edip aýtsana.

— Ýaňyrak Eýrandan gelen bir aşygy gördüm. Onuň sazy, aýdymlary, gürrüňi şeýle özüne çekýär welin, hatda bazardaky ähli adamlar topar-topar bolup, ony diňlemäge üýşdi, ýok, bütin şäher ony synlamaga üýşdi.

Dünýä Paşa günäkäri urmaklaryny bes etmegi buýurdy. Ýene-de bir gezek aşpeziň aşygyň zehini, owadan görnüşi hakdaky gürrüňini diňläp, gyz aşyk ýigide gaýybana aşyk boldy. Gyz aşygy haremhana getirmeklerini buýurdy.

Baş aşpez bazara gaýdyp bardy. Ol zordan aýdymçyny diňläp duran adamlaryň arasyndan geçip, oňa pyşyrdady:

— Aşyk, paşa seni şu agşam myhmançylyga çagyrýar. Aşyk Isa Bally özüni zor bilen öýüne äkidip barýan türküň elinden sypyp sorady:

— Seniň paşaň kim?

— Ol Paşaň gyzy Dünýä Paşa.

— Git, ýalançy! Sen meni aldajak bolýarsyň.

Ol nähilem bolsa, aşpeziň ynandyrmalaryna gulak goýdy. Sebäbi ol hojaýyny barada bir habar bilmegiň köýündedi. Ol:

— Skuraty bu ýerden uzakda bolsa, men atymy gözegçisiz goýup bilmeýärin – diýdi.

— Ony özüň bilen al. Bizde köp arpa, saman bar.

Şeýlelikde, ol Gyraty, ýarag-esbabyny we kerwensaraýdaky bar zatlaryny alyp, baş aşpeziň yzyna düşüp, Skurata geldi. Ol ýerde Isa Ballynyň birinji etmeli işi, at üçin bir ýaramly teblehana tapmalydy. Aty teblehanada goýup, oňa ýeterlik arpa we saman berip, ýolbelediň yzyna düşüp haremhana bardylar.

Dünýä Paşa oňa seredip nämäni gördi? Ol dünýäde deňi-taýy tapylmajak bir ýaş ýigidi gördi. Bu görnüşe begenjine ol Sagdydan we Hapyzdan yşky setirleri ýadyna saldy. Isa Bally Paşa gyzynyň huzuryna gelip, eglip salam berdi. Gyz hem oňa jogap edip şu setirleri aýtdy:

***— Hoş gelipsiň.***

***Seniň gelmegiň meniň üçin ýakymly.***

***Goý, müňlerçe eziz janlar seniň basan her gadamyňa gurban bolsun!***

***Seniň şekiliň meniň gözümde höwürtge gurýar.***

***Eý, golaýrak gel!***

***Men haýyş edýärin, golaýrak gel!***

***Sen öz öýüňe geldiň.***

Soň ol ýene-de:

— Pars ýigidi! Otur-da bize saz çalyp, aýdym aýdyp ber – diýdi. Isa Bally şa gyzynyň üýtgeşik owadanlygyna haýran galdy. Ony synlap, ýüz müň ýürek bilen söýüp, şeýle gazal aýtdy:

***Meniň göwün guşum seniň bagyňdaky bägüle şatlanýar.***

***Gül döşli owadan gyzlar seni haýran galyp synlaýarlar.***

***Gurbanlyk güni meniň janymy azat etdiň.***

***Ol diňe saňa wepaly bolar.***

***Perdäňi galdyr.***

***Goý, seniň ýüzüň aýy seni gabanýan gözelleriň gözlerini gamaşdyrsyn.***

***Goý, dogup gelýän gün doganyna ökünsin.***

***Seniň bakyşyň meniň ýüregimi gana bulady.***

***Goý, ol şeýdip ýaraly ýöribersin.***

***Sebäbi ol hakykatdanam saňa jandan aşyk boldy.***

Saz, goşgy we şerap gijäň ýaryna çenli söýgülilere hezil berdi. Isa Bally şeýle keýpi-sapaň arasynda Köroglyny ýatdan çykarman, şa gyzy ol hakda bir zat bilýämikä ýa-da bilmeýämikä diýip, şeýle gazal aýtdy:

***Meniň bir huşsuz hojaýynym bar.***

***Men bilmeýän ol bu ýerdemi ýa-da başga ýerde.***
***Söýgüli meniň janyma ot ýakdy.***
***Emma meniň däli hojaýynym niredekä?***
***Nirede sen, eý, saňsar?***

Dünýä Paşa myhmanynyň «hojaýyn” sözüni gaýtalanyny eşidip, öz içinden pikirlendi: “Alla berip, bu ýigit Köroglynyň ýaranlaryndan bolaýsady”. Ol:

— Kim seniň hojaýynyň? – diýip sorady.

— Meniň hojaýynymyň ady Körogly.

— Oňa näme boldy?

Bu ýerde ýaş ýigit başdan aýak Buly Paşaň ýörişiniň häsiýetinem, özüniň Ystambyla gelişiniň maksadynam gürrüň berdi. Şa gyzy Körogly barada bilýän zatlarynyň hemmesinem gürrüň bermek isledi. Emma ýigit birden öz hojaýynyna howlugar-da, özüni saz bilen gürrüňiň lezzetinden aýrar diýip, howatyrlanýardy. Isa aýdymyny dowam etdi:

***Ol hamala çuňňur deňze gark bolan ýaly gözümizden ýitip gitdi.***

***Ol öz hyzmatkärleriniň ýüregini gaýgydan doldurdy. Ony bir nejis zyndanda saklaýar.***

***Eý, agam, meniň samsyk agam!***

Dünýä Paşa Köroglynyň hekaýatyna düýbünden ynanmaýardy. Şu pursatdan peýdalanyp, ol Köroglynyň öz islegi boýunça özüni Ystambyla getirendiginiň hakykatlygyny biljek boldy. Isa soň şeýle gazal aýtdy:

Samsyk adam! Ol sahylyk bilen özüni duşmanyna tabşyrdy.

Ol meniň ýüregimi we kellämi gaýgydan doldurdy.

Meniň kemakyl agam duşmanyň gözünden begençli ganly ýaş çykardy.

Ýigitleriň gowusydy, bägül agajynyň şahasy ýaly süýjüdi.

Isa Ballyň hojaýyny, kem akyl agam!

Dünýä Paşa düşek ýazmagy buýurdy. Onuň hyzmatkäri üç bölek düşek getirdi. Ol birini jaýda ýazdy, ikinjisini bosagada ýazdy, üçünjisini bolsa howlynyň burçunda, eýwana ýazdy.

— Meniň eziz enekäm, biz nähili ýatmaly?

— Sen ol jaýda ýatarsyň. Menem gapylary gulplap bolamsoň, bosagaň golaýynda ýataryn.

Aşyk nirede ýatmaly?

— Eýwanda.

— Sen onuň ýadandygyny hem içgilidigini ýadyňdan çykarýarsyň. Açyk howada ýatyp, ol üşär, syrkawlar. Biçäre aşyk! Onuň ugruna seretjek hiç adam ýok. Oňa öz ýeriňi berip, özüň eýwana gidip ýataýsaň gowy bolardy.

— Meniň bikäm! Men hiç haçan olar ýaly zat etmerin. Siz ikiňizem köp içdiňiz. Ikiňizem ýaş. Agşam şeýtan oýun edermikä öýdüp gorkýan. Sen durmuşa çykaňda, toýdan soň bar günä meniň üstüme atylar.

Gaharlanan gyz hyzmatkär gyzlary çagyryp gödek enekäniň dabanyna gowy urup, ony howla düşeksiz zyňmagy buýurdy. Isa Bally özüni düşege taşlap, oturan ýerinde uklap galdy. Dünýä Paşa oýa ýatdy. Bir

wagt uly gykylyk turdy we galaň daşyndan Buly Paşaň sesi eşidildi. Her niçik-de bolsa, ol Hasan Paşaň gazabyndan gorkup, içeri girmäge milt etmedi.

Bu bolsa enekäň etmişleridi. Ol aşhananyň diwarynyň deşiginden köçä çykyp, bikesiniň adaglysy Buly Paşaň ýanyna ylgap bardy. Eneke bir ýerden gelen ýaş ýigit bilen gije bile goýmadygy bikesiniň özüne temmi berendigini aýtdy. Buly Paşa haremhananyň daşyny bäş ýüz adam bilen gurşap alyp, girmäge rugsat sorady. Dünýä Paşa gorkup, ýatan ýerinden böküp turup, Isa Ballyny şeýle aýdym bilen oýardy:

***Ol Ystambyldan Skutara geldi.***

***Pürsiýan oglan, tur-da gidäý, eglenme.***

***Seniň garşyňda bäş ýüz adam bardyr. Tur ýeriňden, Pürsiýan oglan.***

***Isa oýandy we Dünýä Paşadan bir gazal aýtmak üçin rugsat sorady.***

***Hawa, Pürsiýan oglan, Ystambyldan Skutara seni görmek üçin geldi.***

***Ol öler, emma bu ýerden gitmez.***

***Bäş ýüz garga bürgüde hiç zat edip bilmez.***

Dünýä Paşa gazal aýtdy:

***Daň atandan soň olar tüpeň atarlar.***

***Olar seniň elleriňi daňarlar.***

***Olar seni öldürerler we maňa jeza bererler.***

***Eý Pürsiýan oglan, tur-da gidäý indi.***

Isa Bally jogap berdi:

***Men çuňňur deňzi ýüzüp geçerin.***

***Men duşmanlarymdan ar alaryn.***

***Men ýa-da ölerin, ýa-da gan üçin gan bererin.***

***Pürsiýan oglan öler, emma gitmez bu ýerden.***

Dünýä Paşa şeýle aýdym aýtdy:

***Iki söýgüliniň eziz janlaryny gämä salan ýaly edip, bir ýere goşup çuňňur deňze çümeris.***

***Tur ýeriňden, ýör gideli.***

***Men seniň hojaýynyňy azat eýläýin.***

***Tur indi, ýör Pürsiýan oglan.***

***Indi eglenme mundan beýläk.***

Isa Bally jogap edip, şeýle aýdym aýtdy:

***Eý, meniň Skutara gelendäki bagtly günüm, geçen günüň gymmatyny men indi bilýän.***

***Alla biler, munuň meniň ýeke-täk maksadymdygyny.***

***Pürsiýan oglan öler, emma yza çekilmez".***

Dünýä Paşa oňa şeýle jogap berdi:

***Ýok diýme meniň söýgülim!***

***Eglenmän git indi.***

***Eger kysmat meni saňa niýetlän bolsa, men seniňki bolaryn.***

***Emma sen Dünýä Paşaň ýalbaryşy ýaly et.***

***Tur-da git Pürsiýan oglan. Eglenme mundan beýläk.***

Isa Bally şeýle aýdym aýtdy:

***Isa Bally diýer men ýaman düýş gördüm.***

***Meniň ädimlerimi Alla gorasyn.***

***Men ýa duşmanyň kellesini alaryn, ýa-da öz kellämi onuň gylyjynyň aşagyna goýaryn.***

***Pürsiýan oglan öler, emma yza çekilmez.***

Isa Bally aýdymyny aýdyp gutarandan soň, Dünýä Paşa oňa ýalbarmaga başlady:

— Meniň Isa Ballym, tur indi, ýör gideli. Men saňa Köroglyny gowşuraýyn, ony al-da gaç. Buly Paşa Skutary galasynyň daşyny bäş ýüz esger bilen gurşap aldy. Seniň bäri gelmegiňiň sebäbiniň Köroglyny boşatmakdygyny men bilýärin – diýdi. Isa:

— Eý, meniň söýgülim, Köroglyny boşadyp berseň biz şeýle bir ýuwaşlyk bilen gideris welin, hatda yzymyzda tozanam goýmarys – diýdi.

Şondan soň ikisem guýa tarap gitdiler. Isa Bally pyşyrdap: — Gulak as maňa, Dünýä Paşa! Men Köroglynyň namysjaňlygyny bilýärin. Eger men ony azat etmek üçin geldim diýsem, ol ýekeje sözem jogap bermez we guýudan ýokary çykarmagyma hiç razy bolmaz. Şonuň üçin gowusy, sen ondan çukurdan çykmagyny haýyş etmeli. Näme jogap berjegini biz göreris – diýdi.

Körogly eýýäm uklapdy. Olar ony oýarmak üçin birnäçe gezek gygyrmaly boldular.

— Şa gyzy, bu seniň süýji sesiňmi? Eger sen merhemet edip, meniň ýanyma gelen bolsaň, batyrgaýja bök aşak. Men seni elim bilen howada tutup alaryn. Men seni ýere gaçmaga goýmaryn.

— Eý, ýok, meniň jenabym, men özümi aşak taşlap bilmerin. Seniň ýeke özüň üçin hem bu çukur dardyr. Ýöne sen razy bolup, ýokary çykarmaga rugsat ber. Sen Çamlybile gidersiň.

Körogly öýkeläp diýdi:

Git, ýok bol! Körogly aýala özüni guýdan çykardypdyr diýip hiç haçan özüniň üstünden güldürmez.

Isa Bally onuň adyny tutup gygyrdy. Körogly tanyş sesi eşidip, tas özünden gidipdi.

— Bu senmi, meniň eziz Isa Ballym? Sen meni alyp gitmäge geldiňmi?

— Hawa.

— Kim saňa meni alyp gitmegi sorady, bezzat diýsäni! Git, ýok bol!

— Jenap, maňa gaharyň gelmesin.

— Maňa şu ýeri hem ýagşy. Dünýä Paşaň sahylygy bilen men bärde hiç zada mätäç däl. Mende köp şerap, arak we beýleki zerur zatlar bar. Men beg ýaly ýaşaýaryn.

— Eý meniň hojaýynym! Buly Paşa galanyň daşyny aldy. Ertir olar ikimizi tutar. Iň erbet ýeri, olar Dünýä Paşanyň – biziň hossarymyzyň janyny alar. Men aýtsam, ölümden gorkmaýaryn. Men bu iş üçin ölmäge taýýar. Emma biçäre gyza näme bolar? Ol saňa şeýle yhlas bilen hyzmat edipdir.

Körogly:

— Men gaty semredim, siz meni iki bolup hem guýudan çykaryp bilmersiňiz – diýdi.

— Geliň synanşaly. Ýüp getiriň bäri.

Bikeleriniň buýrugy boýunça hemme hyzmatkär gyzlar ýygnandylar. Kyrk el bilen göterilýän ýüp birnäçe gezek şatyrdap ses etdi. Isa Bally, hatda Dünýä Paşa-da kömekleşmeli boldular. Sebäbi şeýle sahylyk

bilen bakylan Körogly öküz ýaly semräpdir. Ilki onuň äpet kellesini, soňra onuň guýynyň gyrasyna ýapyşan ullakan tirseklerini görüp, olar gaty begendiler. Isa hojaýynynyň elini ogşady. Olar derrew Gyraty we onuň sowut-ýaraglaryny getirdiler. Onuň sowudyny Köroglynyň semräp giden göwresine zordan geýdirdiler.

Körogly:

— Dünýä Paşa, sen biziň bilen gitmeli. Sen meniň gyzym, men seni Buly Paşa bermerin” diýdi.

Dünýä Paşa şatlyk bilen sapara taýýarlandy. Iki haltany özüniň iň gymmatly şaý-sepleri bilen doldurdy. Ol teblehanasyndan iki sany iň gowy aty getirmegi buýurdy. Birini özi üçin, beýlekisini Isa Bally üçin.

Olar atlaryna atlanyp, galanyň derwezesine tarap ýörediler, emma ol ýapykdy. Körogly serdesse bilen bir urup, gulplary döwdi. Ol ilki Isa Ballyny, soň Dünýä Paşany galadan çykaryp, şeýle diýdi:

— Bir salym durup, meniň näme etjegim görüň. Men ol nejis Buly Paşadan arymy alaýyn hem oňa meniň şu ýerde barlygymy aýdym bilen habar bereýin.

Şeýle diýip, ol aýdym aýdyp başaldy:

***Eý agalar, söweş güni gelende namardyň kellesi agyrýar we ol syrkawlan bolýar.***

***Atyň titreýşi onuň gulagyny şaňladýar.***

***Ol bu dagdan ol daga gaçýar.***

Buly Paşa tutuş jany bilen titreýärdi. Ol öz içinden pikir edip, haremhanada ýatan ýaş ýigidiň Köroglynyň

ýigitleriniň biridigini anyk bildi. Aýdym ýene-de ýaňlandy we tutuş galanyň içinde eşidildi.

***Eý, ýigit! Nejis namarda golaýlaşma.***

***Ýamanyň garasy ýokar.***

***Ýok bolsun onuň hojaýyny we soltany.***

***Bezzat özüni ýeňiji hasap edýär we gynsyz pyçak ýaly samsyk boýnuny uzadýar.***

Körogly Buly Paşaň görünmejegine göz ýetirenden soň öz içinden diýdi: “Namart, men seni hiniňden çekip çykararyn we seniň adaglyňy başga birine bererin”.

Soňra ol şeýle aýdym aýtdy:

***Körogly diýer, men şu gün duşmanymy kül ederin.***

***Men ol nejisden üstün çykaryn.***

***Goý, ol namart boýun bolandygynyň nyşany hökmünde boýnuna syrtmak atyp, ondan sallanyp duran ýüp bilen maňa garaşsyn.***

***Şu gün ol batyr adamlaryň ýeňýändigini görsün.***

Buly Paşa mundan beýläk köpçüligiň ýigrenjine çydap bilmän, gylyjyny syryp, öňe ätdi-de adamlaryna gygyrdy:

— Düşüň yzyma. Geliň, garakçyny uralyň – diýip, ilkinji bolup topuldy.

Körogly taýagy bilen özüne gönükdirilen urgyny gaýtardy. Ol gylyjyny syryp, Buly Paşaň kellesinden urdy, urgy şeýle bir güýçli boldy welin, hatda gylyjyň ujy onuň döşünden we garnyndan geçip, ýere direldi. Körogly:

— Ine saňa, gylyç bilen nähili çapmalydygynyň sapagy – diýdi. Körogly pidasynyň kellesini kesip, ony Dünýä Paşanyň atynyň aýagynyň astyna zyňdy.

Bäri gelip Gyraty tut – diýip, Isa Ballyny çagyrdy. Şeýle diýip, ol galanyň diwarlarynyň üstüne münüp, sagyna we soluna gylyç oýnadyp başlady we duşmanlary elhenç gyrgyna saldy.

— Besdir, Körogly beg – diýip, şanyň gyzy gygyrdy.

— Meniň göwnüm üçin gaharyňy sakla. Gitmeli wagtymyz boldy.

Körogly onuň maslahatyny kabul etdi. Bu ýerde mundan beýläk durmak howpludy, sebäbi gyrgynçylyk hakyndaky habar şähere ýetjekdi. Şonuň üçin olar ugradylar we sag-aman Çamlybile baryp ýetdiler.

Däli Mäter bilen Öwez ýigitlere baş bolup, Körogly dagyny garşyladylar. Körogly olara Dünýä Paşa bilen salamlaşmagy buýurdy. Soň ol: “Aýallaryň hemmesi gyzy garşylasynlar we dabaraly ýagdaýda Çamlybil bilen tanyşdyrsynlar” diýdi. Dünýä Paşa derwezeden geçip, keşmir şallary düşelen haremhana girdi. Dünýä Paşanyň Körogla eden ähli hyzmatlary üçin ýigrimi günläp toý-sadakalar berildi. Indiki ýigrimi gün Dünýä Paşa bilen Isa Ballynyň toýy tutuldy. Şeýdip söýgüliler myrat-maksatlaryna ýetdiler.

Şu hekaýany satyn alan, şeýle hem okan ýa-da gürrüň edip beren adamlary Alla ýalkasyn!

## ON ÜÇÜNJI BÖLÜM

Köroglynyň işleri we aýdymdyr, namalary şol wagt Eýranda höküm sürýän Şaapbas II gulagyna ýygy-ýygydan gelip ýetýärdi. Ol hökümdar Köroglyny birnäçe gezek ýanyna çagyryp, oňa ähli goşunlarynyň baş serkerdeliligine teklip etdi. Bilşimiz ýaly, Körogly ölüp barýan atasynyň öňünde Eýranyň şasyna garşy ýarag götermejegine ant içipdi. Ol öz sözünde durdy. Emma Körogly şanyň ähli tekliplerini we çakylyklaryny kabul etmedi. Onuň tekepbirligi şanyň göwnüne degdi. Günlerde bir gün şa märekede Köroglynyň kellesini köşge getiren adamy ýokarda agzalan wezipä bellejekdigine söz berdi.

Indi Çamlybilde näme bolandygyny eşidiň. Bir gün irden adatça Köroglynyň ýanyna gelýän dellek onuň öňünde aýna goýdy. Körogly aýnadan özüniň ýüzüne seredip, sakgalynyň we murtunyň çalaranyny gördi we ýüregi gaýgydan dolup, uludan demini aldy. Şol ýerde duran Isa Bally bilen Öwez:

— Hojaýyn, sen näme üçin uludan demiňi alýaň? – diýdiler.

— Men neneň uludan demimi almaýyn? Serediň, meniň ýekeje-de gara saçym ýok. Meniň kelläm gabryň öňünde egilýär. Meniň sowuk ýüregim indi dünýäniň hezilliklerine begenmeýär. Meniň bitmedik ýeke iki sany arzuwym bar: Birinjisi, Mekgä zyýarat etmek we ikinjisi bolsa, aýallarymyň biriniň çagasynyň bolanyny görmek.

Körogly ähli hyzmatkärlerini we ýigitlerini bir ýere üýşürdi. Ol Öwezi özüniň mirasdüşeri diýip yglan etdi. Ol:

— Men garradym. Men dirikäm gylyjymy gynyndan çykarmajagyma siziň öňüňizde Alla söz berýärin – diýdi. Ol özüniň söýgüli gylyjyny olaryň eline berip, gaýdyp ony syrmaz ýaly gynyň iki tarapyndan çüýlemägi buýurdy. Bu zatlary ýerine ýetirenden soň, ol şeýle diýdi:

— Men hiç haçan jenabyň ýa-da patyşanyň öňünde ne boýun egipdim, ne-de olara gulluk etmek isläpdim. Eýranyň şasy meni birnäçe gezek köşgüne çagyrdy, emma men barmadym. Şu wagt men öz islegim boýunça patyşany däl-de, Allany hormatlamaga arzuw edýärin. Şu wagt Eýranda höküm sürýän Apbas II Sefewiler nesilşalygyndandyr. Men onuň Yspyhandaky köşgüne baryp, onda az wagt bolamsoň, Mekgä geçip giderin. Alla ýalkasa gaýdyp gelerin. Asuda ýerde dünýäniň galmagalyndan uzaklykda ölümime garaşaryn. Alla zikir edip geçen ömrümde eden günälerimi geçmegini dilärin.

Öwez:

— Sen, elbetde, şöhratyňa we baýlygyňa laýyklykda, nökerleriň bilen gidersiň. Biziň haýsymyz seniň bilen gitmeli? – diýdi.

— Hiç haýsyňyz. Men Gyrata münüp, ýeke özüm giderin.

Hoşlaşyk güni gaýgyly boldy. Aýallar haremhanada aglaşýardylar, erkekler köçede. Körogly hemmeler bilen hoşlaşdy. Emma ol gylyjy bilen hoşlaşyp bilmedi. Onuň gylyjy çüýlenen we gynyndan çykarylmaly däl hem bolsa, gapdalynda durýardy.

Körogly uly ýoldan gitmän, daglara tarap öwrülip, olaryň hemmesine-de degip geçdi we uludan demini aldy. Körogly atyny saklap özi bilen gelýän ýedi ýüz ýetmiş ýedi ýigidine ýüzlenip:

— Meniň ýüregim doldy, men size aýdym aýdyp bereýin:

***Bahar gelýär, daglarda gar ereýär.***

***Meniň doganym daglar, meniň öňümde perdesini galdyrýar.***

***Ine, meniň gana boýalan Müsür gylyjym.***

***Eý meniň daglarym!***

***Meniň söweşlerimden soň, siziň kükregiňizde gezemde men nähili bagtlydym!***

***Siziň gaýalaryňyz arasynda gizlenip, tä agyr kerwenler siziň üstüňize çykýança garaşyp bukuda ýatýardym.***

***Eý meniň daglarym!***

***Siz hiç haçan meniň syrym paş etmediňiz.***

***Minnetdar size, minnetdar.***

Körogly hemme ýigitleri bilen goşulyp aglaşdy. Biraz dynjyny alansoň, ol aýdymyny dowam etdi.

Öwez bilen Çamlybile baryp düşemsoň men gyzyl şerap içdim.

***Şerap çeşme bolup akdy.***

***Eý meniň daglarym!***

***Dünýäniň pöwrizesini, dürüni, altynyny, kümşüni we laglyny galkan bilen ölçedim.***

***Oljalary men üstüňden geçirdim.***

***Men soltanyň galasyny Skutaryny ýumurdym.***

***Ol siziň ýaly beýikdi, daglar!***

***Sag boluň, ajaýyp daglar! Men goýunlaryň guzularyny alardym.***

***Emma şu gün men siziň möjekleriňizi gyraryn we olar ýaly uwlaryn.***

Ýigitler:

— Eý biziň hojaýynymyz! Sen bütin ömrüň dowamynda lezzet käsesini düýbüne çenli içmän goýbermezdiň, indi uludan dem alşyň näme? – diýdiler.

Körogly aýdym aýtdy:

***Körogly diýer, men bu dünýäge gelip men.***

***Geçen günlerimiň gymmatyn bilip, men.***

***Dogan günüm men ölüp men.***

***Meniň diňe iki doganym bar: gylyjym hem atym.***

***Siz daglar meniň aýal doganlarym.***

Olar ýene ýöräp Gazly köle geldiler. Şol ýerde Körogly ýigitleri bilen hoşlaşyp, olara agzybir, dostlukda ýaşamaklaryny maslahat berip:

— Belki, men sizi indi görmerin. Pelek hemişe keçdir, ol hiç kime wepaly dost bolmaz – diýdi. Soňra ol şeýle gazal aýtdy:

***Öz-özüme gaty ynamym bardyr.***

***Bize taý geljek ýokdur.***

***Biri-biriňe kömekleşmekde, dostlukda yza galmaň.***

***Gaharlanman, hakykaty aýdyň we jogapkärçiligiň çäklerini bozmaň.***

***Dogruçyl adamyň gurbany bolaýyn.***

***Namartlaryň bar nesillerine ölüm bolsun.***

***Goý, hiç bir adam beýlekiniň zadyny almasyn. Men, asylly adamyň gurbany bolaýyn! Goý, namardy Alla näletlesin.***

***Eý, adam! Eger hiç kim seniň harydyňy satyn almasa, goş ýazdyrma.***

***Maňa Körogly diýýärler.***

***Meniň ýaşym ýüze ýetdi.***

***Öwrengin menden, däli adam, sen hiç haçan duşmandan gaçyjy bolma.***

Körogly aýdyp boldy. Hemmeler köp, gözýaş dökdüler. Ol her haýsysynyň gözünden ogşady.

— Bir ýyl garaşyň – diýip, Yspyhana tarap ýeke özi gitdi.

Indi habary Şaapbas II alaly. Onuň Körogla nähili teklipler edendigini, şanyň oňa gaharlanýandygyny, soň onuň märekede näme diýendigini siz eşidipdiňiz. Emma onuň iki adamy özlerini erbet alyp barandyklary üçin köşkden kowandygyny siz bilmeýärsiňiz. Olaryň atlary Almaz han bilen Bähram handy.

Az wagtdan Körogly agşamlyk Yspyhan bilen Kaşanyň aralygyndaky kiçijik Kuhruta şäherine geldi. Hälki ady agzalan iki sany köşk adamsy, töwerekde aw awlap ýörkäler uzakdan bir çal sakgally atlyny gördüler. Garrylyk Köroglynyň ýüzünden güýjüň we görmegeýligiň alamatlaryny ýok edip bilmändi. Olaryň ünsüni özüne has çeken zat atdy. Almaz han Körogla golaý baryp, sorady: "Alla seni nireden alyp gelýär, ýolagçy? Nirä barýarsyň?" Sorag baş eglip berildi. Körogly jogabyna baş egip, şeýle diýdi:

Men Çamlybilden Yspyhana şa boýun egýändigimi bildirmäge barýaryn.

— Haýsy tireden bolarsyň, aga?

— Men türkmeniň teke tiresinden, meniň adym Körogludyr.

Almaz han ol meşhur ady eşidip gorkdy. Ol:

— Jenap, şa sizi köp gezek köşge çagyrypdy, siz bolsa hemişe boýun gaçyrýardyňyz. Häzir sen ol ýere ýeke, garry halyň, agaran sakgalyň bilen barýarsyň – diýdi.

— Bu dünýäde her bir zadyň soňy bardyr. Men indi gan dökmezlige ant içdim. Gylyjymy gynyna çüýläp goýdum. Ömrümiň galan günlerini asudalykda we Alla zikr edip geçirjek bolýaryn. Men geçen ömrümdäki günälerimi geçmegini Alladan dilemäge Mekgä gidip barýaryn.

— Jenap, siz maňa we meniň ýoldaşyma ýagşylyk edip, biziň bilen agşamlyk edinseňiz, gowy bolardy – diýip, Almaz han içinden şeýle pikir etdi: "Şa gaýtadan

ýagşy görünmek üçin bu gaty gowy mümkinçilik. Biz ony öldürip, kellesini Yspyhana alyp bararys. Şonda şa köpçüligiň öňünde beren sözünde durmaly. Ol meni ýa baş serkerde bellemeli, ýa-da köşkde ikimiziňem ornumyzy dikeltmeli”.

Körogly olaryň çakylygyny kabul etdi we olar bilen agşam bile bolmaga razyçylyk berdi. Bähram han we Almaz han oňa salyhatlylyk we dostluk alamatlaryny görkezdiler. Agşamlyk nahardan soň üç bölek düşek getirdiler we olaryň gowularyny myhmana ýazdylar. Körogly uzak ýol geçip gelensoň, ýatandan derrew uka gitdi.

Iki deýýus hanyň eden birinji hereketi olar teblehana gidip, Gyratyň dört aýagynyň damarlaryny kesdiler. Soň olar hemme hyzmatkärlerini ýaraglandyryp ýigrimi – otuz bolup, Körogla topuldylar. Şeýle ýagdaýda Körogly oýanyp, ol ýorganyny beýläk taşlap turup ýumrugy bilen üstüne çozanlaryň arasyndan geçip, teblehana bardy. Ol ýerde Körogly wepaly atynyň dört aýagynyň damarlary kesilip, ganyna bulaşyp ýatanyny gördi. Ol iki eli bilen kellesini tutup, çaga ýaly aglady.

Ondan soň Körogly üstüne hüjüm edenler öwrülip gygyrdy:

— Namartlar, geliň golaýrak. Siz meniň Gyratymy öldürdiňiz, ine, meniň kükregim, uruň! Indi men özümi gorajak däl, alyň janymy. Gyratsyz maňa bu dünýäniň geregi ýok. Ýöne ölmezden öň maňa bir aýdym aýtmaga rugsat ediň:

***— Eý durnuksyz kysmat!***

***Seniň namartlygyňy men dünýä ýaýaýynmy?***

***Sen soňuna çenli hiç kime wepa bermediň.***

***Seniň iň soňky sylagyň ölüm.***

***Sen tiken ýaly ýeriň ýüzünde ýaýrap barýan dikmeleri goýduň.***

***Ýehudy Ýusuba "Sen gul bolmaly" diýip aýtmadymy?***

***Ýaramaz haryt hökmünde sen ony satmadyňmy?***

***Her bir hökümdary neýlediň?***

***Dünýäniň her bir hökümdaryny neýlediň?***

***Hany döwlere we perilere hökümi ýörän Süleýman?***

***Şalaryň şasy, ikinji Rüstem Keýkowus bije atyşyp ölümden utulmadymy?***

Soň ol Almaz hana öwrülip:

Sen diňe bir deýýus däl-de, sen onuň üstesine samsyk ekeniň.

Eger şanyň merhemetini isleýän bolsaň, meniň ara düşmegimi soraýmaly ekeniň.

Şonda sen näme isleýän bolsaň alardyň.

Indi Gyrat ölensoň, sen janymy gutarsaňam, men kabul etmerin.

Gel, men iň soňky gezek aýdym aýdýaryn.

***Hakyky esger ýigit janyny söweş meýdanynda berýändir.***

***Şonda onuň şanyna tüpeňler gümmürdeýär.***

***Eý, ölüm! Kime sen rehim etdiň?***

***Adamlaryň iň hilegäri Baba Emir senden gaçjak bolup synanyşdy.***

***Bukuda ýatan ýerinden sen onuň üstüne böküp tutmadyňmy?***

***Köroglynyň ýüregi senden gorkmaýar.***

***Onuň başyna düşeni Alla-da makuldyr.***

***Ýedi asmandaky Allanyň tagtynyň diregi Hasan bilen Hüseýine seniň haýpyň geldimi? Ýok?***

***Sen olary Kerbelada heläk etdiň.***

Körogly aýdymyny aýdyp gutaryp, ölüminiň aýadyny okap, hiç hili garşylyk görkezmän, özüni ganhorlaryň eline berdi. Almaz han we Bähram han onuň kellesini göwresinden aýyrdylar. Kelläniň derisini sypyrdylar, derä saman dykyp bolansoň, ony duzladylar we “gymmat bahaly ýüküni” alyp, Yspyhana ugradylar.

“Köroglynyň kellesini alyp geldiler” diýip habar eşdilensoň, şa mejlis çagyrdy. Köroglynyň kellesini altyn tabakda getirdiler we tagtyň öňünde goýdular. Ondan gan damjasy syçrap, şanyň etegine damdy. Muny görüp, şa öz içinden pikirlendi: Bu gan nähak dökülen bolmaly. Şa:

— Siz Köroglyny nädip öldürdiňiz? – diýip sorady. Almaz han:

— Goý, şa uzak ýaşasyn! Biz Çamlybile gidip, onuň kellesini siziň merhemetli aýagyňyzyň tozuna taşlarys diýip ony öldürdik.

— Siz ýalan sözleýärsiňiz! – diýip, şa gaharly gygyrdy. Ony galasynda öldürmek üçin sizde ýeterlik batyrlyk ýok. Garawullar, olary zyndana oklaň!

Iki hany gandal salyp, zynjyrlap, zyndana okladylar.

Köroglynyň ölümini anyklamak üçin Çamlybile şanyň permany bilen çapar iberildi. Toparyň bäş sany esasy adamlary

– Öwez, Däli Ahmet, Isa Bally, Demirçi ogly we Kimçi ogly çapar bilen Yspyhana köşge geldiler. Şa olary mylakatly kabul etdi we olaryň hojaýyny hakdaky gürrüňlerini sabyrly diňledi. Hakykatyň üsti açyldy. Hasratdan ýaňa olar özlerini ýere okladylar. Olaryň gözýaşyny, agysyny görüp Yspyhanyň ýaşaýjylarynyň hemmesi aglaşdylar. Şa Almaz hany we Bähram hany ýigitlere bermegi buýurdy. Ýigitler ar alyp, derrew olary bölek-bölek edip çapyşdyrdylar. Mundan başga-da şa kiçijik Kuhrut şäherini ol ýerde aýylganç ölüm bolandygynyň hatyrasyna hemme salgytlardan boşatdy. Şäheriň ýaşaýjylary şanyň permanyna minnetdarlyk bildirip, Köroglynyň ruhuna Alladan dilegler etdiler.

Şanyň buýrugy boýunça Köroglynyň kellesi onuň göwresi bilen birikdirilip, uly hormatlar bilen jaýlanyldy. Şu wagtlaram görüp bolýan owadan gümmez guruldy. Öweze hormat nyşany berlip, ony şanyň permany bilen Çamlybiliň dolandyryjysy edip bellediler.

Şeýdip Köroglynyň hekaýaty tamam bolýar. Körogly, aşygyň gürrüň berşi ýaly, baýrak bereni mahabatlap özüniň ýa-da başga biriniň düzen gazallaryny aýtmagy hiç haçan ýadyndan çykarmaýar. Ol durmuşa, kysmata zeýrenýär, akylly we mylaýym bolmagy maslahat berýär. Ahyrsoňy, ol size sahylyk

bilen aşygyň boş jübüsine altyn ýagdyrarsyňyz diýen umyt bilen, Nuh atanyň bir müň dokuz ýüz togsan dokuz ýaşyny arzuw edýär.